TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

S. K. DURDYÝEW, A. G. AŞYRMYRADOWA

# JEMGYÝETÇILIK EKOLOGIÝASY WE ILATYŇ GEOGRAFIÝASY

**Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw kitaby**

*Türkmenistanyň Bilim minisrligi tarapyndan hödürlenildi*

AŞGABAT 2010

**S. K. Durdyýew., Ş. G. Aşyrmyradowa. Jemgyýetçilik ekologiýasy we ilatyň geografiýasy. – A.:** *TDNG,* 2010. 186 sah.

Syn ýazanlar:
**S.K.Weýsow** – Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi Milli institutynyň bölüm müdiri, geografiýa ylymlarynyň kandidaty.
**G.Hamraýew** – Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň gidrometeorologiýa kafedrasynyň müdüri, geografiýa ylymlarynyň kandidaty.

Okuw kitabynda adam bilen tebigatyň arasyndaky özara gatnaşyklaryň kanunalaýyklyklaryny öwrenýän ylym – jemgyýetçilik ekologiýasy we ilatyň geografiýasy, onuň mazmuny, wezipeleri, barlag usullary barada giňişleýin düşünje berilýär. Onda ekologiỳa bilimi we terbiỳesi baradaky düşünjeler aỳratyn orun tutỳarlar.

Okuw kitaby Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary, orta mekdepleriň mugallymlary we ýokary synp okuwçylary, Watanymyzyň gözel tebigatyny söýüjiler we ony goraýyjylar üçin niýetlenendir.

# S Ö Z B A Ş Y

Tebigat bilen adamyň arasynda dürli görnüşdäki gatnaşyklar we baglanyşyklar bar. Şol gatnaşyklar we baglanyşyklar adama tebigy we jemgyýetçilik ýaşaýyjysy hökmünde ýaşamaga mümkinçilik berýär. Emma bu gatnaşyklarda we baglanyşyklarda adamyň ýaşaýyşyna howp salýan üýtgeşmeler, özgerişler bolup geçýärler. Hut şu sebäpli-de, adamlar uzak taryhy döwrüň dowamynda belli bir derejede özleriniň ýaşamaklarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen özüni gurşap alýan tebigat bilen ylalaşykda ýaşamaga çalyşýar. Bu ylalaşykly gatnaşygy üpjün etmek bolsa jemgyýetiň taryhy ösüşiniň derejesi hem ondaky sosial gatnaşyklar bilen kesgitlenýär.

Täze Galkynyş eýýamynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurt baştutanlygynda amala aşyrylýan özgertmeleriň oňun täsiri bilen, Türkmenistan döwleti günsaýyn ösýär. Jemgyýetimiziň ruhy-ahlak gymmatlyklary kämilleşýär we mäkämleşýär. Ýurdymyzda durmuşa geçirilýän özgertmeleriň iň möhüm ugry hem adamlaryň jan saglygy, sagdyn durmuşy barada alada bolup durýar. Milli Lidermiziň "Döwlet adam üçindir" diýen şygarynyň esasy aňlatmalarynyň biri hökmünde bolsa döwlet tarapyndan jemgyýetiň sagdynlygyny, ilatyň saglygyny üpjün etmekde geçirilýän düýpli özgertmeleriň toplumyny görkezmek bolar. Bu parasatly özgertmeler adamlaryň tebigat bilen arasyndaky gatnaşyklarynyň sazlaşykly, sylanyşykly bolmalydygyny salgy berýär. Tebigat bilen adamyň arasyndaky sazlaşykly gatnaşyklary üpjün etmek biziň döwrümizde juda möhüm. Çünki, adamzadyň üçünji müňýyllyga gadam basmagy bilen biziň ýaşaýan dünýämiziň keşbi tanalmaz ýaly derejede özgerdi we özgerýär. Biziň planetamyza edilýän antropogen

täsirler häzirki wagtda geologik hadysalar bilen deňeşdirilýär. Bu täsirler käbir ýagdaýlarda we jähtlerde hat-da geologik hadysalardan hem aňry geçýärler.

Adamzat bilimleriniň bütin taryhynyň dowamynda ylymlar daş-töwerekdäki hakykata akyl ýetirmegi we ony özgertmegi adamyň talaplarynyň funksiýasy hökmünde garap geldiler. Jemgyýetçilik ekologiýasynyň ylym hökmünde peýda bolmagy we ösmegi hem adamlaryň gündelik amaly talaplarynyň netijesinde hasyl boldy. Tebigy, jemgyýetçilik we tehniki ylymlaryň çatryklarynda soňky 10-15 ýylyň dowamynda dörän integratiw ylym bolan jemgyýetçilik ekologiýasy ylmy güýçli depginler bilen ösýär. Bu ylym adamyň, jemgyýetiň we tebigatyň arasyndaky özara gatnaşyklaryň ähli taraplaryny öz içine alýar. Jemgyýetçilik ekologiýasy ylmy diňe bir akyl ýetirmegiň täze pudagy (oblasty) hökmünde ýüze çykarmak bilen çäklenmän, eýsemde bolsa ol adamlaryň dünýägaraýyşlaryndaky kesgitli bir özgerişlere, olaryň ýaşaýan dünýäsindäki gatnaşyklara itergi berýär.

Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin niýetlenen şu okuw kitaby “Jemgyýetçilik ekologiýasy we ilatyň geografiýasy” okuw dersinden türkmen dilinde ýazylan ilkinji kitapdyr. Onda şu dersiň okuw maksatnamasyna laýyklykda, jemgyýetçilik ekologiýasynyň gysgaça mazmuny we onuň amaly jähtleri açylyp görkezilýär. Kitapda jemgyýetçilik ekologiýasynyň tebigy-ylmy esasy hökmünde adamyň ekologiýasy baradaky bilimlere, maglumatlara uly orun berildi.

Okuw kitaby ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryna, jemgyýetçilik ekologiýasyny we ilatyň geografiýasyny öwrenýän, onuň wajyp meseleleri bilen gyzyklanýan giň okyjylar köpçüligine niýetlenýär.

# I Bap

# EKOLOGIÝANYŇ ÖWRENÝÄN MESELELERI (PREDMETI) WE ONUŇ WEZIPELERI

## 1.1 . Ekologiýanyň ylym hökmündäki kesgitlemesi, onuň gysgaça taryhy we wezipeleri

Umumy ekologiýanyň esasy ugurlaryny, prinsiplerini, öwrenýän meselelerini we çözýän wezipelerini bilmezden, jemgyýetçilik ekologiýasy barada çuňňur bilimleri almak mümkin däldir.

**“Ekologiýa”** adalgasy iki sany grek sözlerinden – “oýkos” (öý, ýaşaýyş ýeri) we “logos” (ylym, taglymat) – sözlerinden gelip çykan. Bilimleriň beýleki ähli ugurlary ýaly ekologiýa hem adamzat taryhynyň bütin dowamynda üznüksiz suratda, emma deň bolmadyk derejede ösüp, kämilleşip geldi. Gippokratyň, Aristoteliň we beýleki gadymy grek akyldarlarynyň işleriniň mese-mälim ekologik gönükmesi, ugry bar. Emma grekler şol wagtlar “ekologiýa” adalgasyny ulanmandyrlar.

Bu adalga ylmyň taryhynda ýaňy diýen ýaly peýda boldy we ol ilkinji bolup nemes biology – ewolýusionisti Ernst Gekkel tarapyndan 1866-njy ýylda ylma girizildi. Şu döwre çenli XVIII-XIX asyryň “biologik Dikeldiş” döwrüniň beýik alymlary “ekologiýa” sözüni ulanman hem bu ylma uly goşant goşmagy başardylar. Meselem, XVIII asyryň başlarynda ilkinji mikroskoplary oýlap tapan hökmünde giňden mälim bolan Anton wan Lewenguk organizmleriň iýmit zynjyrlaryny we olaryň sanlarynyň sazlanyşyny öwrenmekde ilkinjileriň biri hasaplanýar. Iňlis botanigi Riçard Berdliniň işleri bilen tanyş bolanyňda bu alymyň biologik önümlilik hakda takyk düşünjesiniň bolandygyny bilmek bolýar. Şu meseleleri

öwrenmek häzirki zaman ekologiýa ylmynda möhüm ugry eýeleýär.

Ekologiýanyň ösütşi tebigaty öwrenmekden we ony ýazyp beýan etmekden başlanýar. Bu döwür fransuz alymy Žan Anri Faber tarapyndan ýazylan “Entomologik ýatlamalar” atly meşhur işiniň peýda bolan döwri (1870-1879) hasaplanýar. Şunuň bilen birlikde hem ekologiýanyň şu ösüşi aýry-aýry görnüşleriň ýaşaýan sredasyny öwrenmekden, olaryň özara gatnaşyklaryny bilmekden, simbioza akyl ýetirmekden başlanýar. Munuň özi ekologiýanyň ösüşiniň **birinji döwrüdir (fazasydyr).**

Ekologiýanyň ösüşiniň **ikinji döwründe (fazasynda)** funksional birleşme hökmünde ekosistemalary öwrenmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Munuň özi ekosistemany doly ýazyp beýan etmäge mümkinçilik berýär.

Ekologiýanyň ösüşiniň **üçünji döwründe fazasynda** ekosistemalaryň arasyndaky özara täsiri öwrenmeklik başlanýar.

Biosferany öwrenmek – ekologiýanyň ösüşinde dördünji döwür (faza) hasaplanýar. Biosfera ähli janly organizmleriň we adamyň ýaşaýan gurşawy hasaplanýar. Ol Ỳer planetasynda ähli ekosistemalaryň bütewiligi hasaplanýar. Bu ýerde ähli ekosistemalar özara baglanyşyklydyrlar. Biosferada iýmit arkaly materiýanyň aýlanyşygy bolup geçýär. Biosferada ýaşaýan janly organizmleriň her biri beýlekisini iýýär we her bir organizm hem iýilýän diýip, aýytmak mümkin. Sözüň asyl manysynda biosfera janly tebigatyň açyk ulgamy (sistemasy) hökmünde kabul edilýär.

Ekologiýa özüniň ösüşiniň **bäşinji döwründe (fazasynda)** bioferada adamyň tutýan ornuny öwrenýär. Bu döwür käbir ýagdaýlarda tamamlanan ewolýusion sikl hasaplanýar. Ekologiýa biosferada adamyň tutýan ornuny öwrenmek bilen, adamyň biosfera bolan özboluşly gatnaşygynydan, garaýyşlaryndan ugur almalydyr. Munuň özi

adamyň tebigy-jemgyýetçilik ýaşaýyjysy hökmündäki şahsyýetinden gelip çykýar.

Ekologiýa hemmeler tarapyndan ykrar edilen özbaşdak ylym hökmünde 1900-njy ýylyň töwereklerinde peýda boldy (Ý.Odum). Emma onuň "ekologiýa" ady welin umumy leksikona diňe soňky 10-15 ýylyň dowamynda ornaşdy.

E.Gekkel ekologiýa diýip tebigatyň ykdysadyýetine degişli bolan bilimleriň toplumyna düşünipdir. Munuň özi haýwanyň özüni gurşap alýan tebigy gurşaw (organiki we organiki däl) bilen özara gatnaşyklarynyň baglanyşyklarynyň bütin toplumyny aňladýar. Şunda ilkinji nobatda, haýwanyň beýleki haýwanlar we ylalaşyksyz (gapma-garşylykly) gatnaşyklaryna düşünilýär.

Häzirki zaman düşünilişinde ekologiýa-munuň özi janly organizmleriň aýry-aýry görnüşleriniň, olaryň tutuş populýasiýalarynyň ýaşaýan tebigy gurşawynyň şertleri bilen özara gatanşyklary baradaky ylymdyr.

Häzirki zaman ekologiýanyň mazmunyny iň gowusy janly organizmleriň gurluş derejesinden ugur alyp kesgitlemek mümkin. Şol gurluş derejesi özboluşly "biologik spektri" aňladýar (1-nji surat).

Tebigy toparlanmalar, populýasiýa, organizm, syna, öýjük we gen – bular ýaşaýyşyň esasy gurluş derejeleri hasaplanýarlar. Ýokarky 1-nji suratda olar ierarhiýa tertipde – iri sistemalardan başlap maýda sistemalara çenli tertipde ýerleşdirilen. Ierarhiýa – bu "basgançakly hatarda ýerleşmek" diýmegi aňladýar. Her bir basgançakda ýa-da derejede daşky fiziki gurşaw bilen özara täsirleşme netijesinde özboluşly funksional sistemalar peýda bolýarlar.

Janly organizmleriň gurluş derejelerine laýyklykda, ekologiýa ylmyny iki topara ýa-da ugra (şaha) bölýärler: **autekologiýa we sinekologiýa.**

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Biotik komponentler (goşmak) | Genler | Öýjükler | Synalar Organizmler | Populýasiýalar | Tebigy toparlanmalar |
| Abiotik komponentler | Madda | | | | Energiýa |
| Biosistemalar | Genetiki ulgamlar | Öýjük ulgamlary | Organizmleriň ulgamlary | Populýasion ulgamlar | Ekoulgamlar (ekosistemalar) |

**1-nji surat.** Janly tebigatyň gurluş derejeleri.
*Ekologiýa şu spektoryň sag tarapynda ýerleşýän bölegini, ýagny organizmlerden başlap ekosistemalara çenli gurluş derejelerini öwrenýär (Ю.Одум, 1976 boýunça).*

Autekologiýa aýratyn organizmiň daşky gurşaw bilen şahsy (indiwidual) gatnaşyklaryny, onuň ýaýraýyşyny we özüni alyp baryşyny we ş.m. öwrenýär. Autekologiýa organizm sistemanyň beýleki komponentlerinden nähili üzňeleşse-de, ony şol sistemadan daşarda (aut – daşynda diýmegi aňladýar) öwrenýär. Şeýlelikde, autekologiýa aýry osobyň (wekiliň) daşky gurşaw bilen özara täsirini öwrenýär. Kähalatlarda autekologiýa birneme giňişleýin garaýarlar we onuň wezipesine bir görnüşe degişli bolan osoblaryň aýry-aýry toparlaryny öwrenmegi hem goşýarlar.

Emma şunuň ýaly öwrenmek ol ýa-da beýleki bir görnuşiň biologik aýratynlyklaryna düşünmek, onuň daşky gurşawyň üýtgeýän şertinde özüni alyp baryşyny we sanyny çaklamak (prognozirlemek) üçin mümkinçilik bermeýär.

Organizmleriň toparlaryny olaryň dialektiki bütewiliginde we özara baglanyşygynda kompleksleýin, hemmetaraplaýyn öwrenmek bilen sineko-logiýa meşgullanýar.

Mundan başga-da, ekologiýa anyk obýekte we öwrenilýän gurşawa (sreda) baglylykda hem birnäçe ugurlara (şahalara) bölünýär. Häzirki zaman ekologiýanyň bölümlere bölünişi baradaky maglumatlary 2-nji suratda beýan edýäris.

Häzirki zaman ekologiýanyň esasy wezipelerini şu aşakdaky ýaly kesgitlemek mümkin:

- ýaşaýyşyň guralyşynyň kanunalaýyklaryny öwrenmek, şol sanda antropogen täsirleriň tebigy ulgamlara we bütin biosfera edýän täsirini öwrenmek;
- biologik baýlyklary rejeli (rasional) peýdalanmagyň ylmy esasyny döretmek, adamyň hojalyk işiniň täsirinde tebigatyň özgermesini çaklamak (prognozirlemek), biosferada bolup geçýän hadysalary dolandyrmak, adamyň ýaşaýan gurşawyny (sredasyny) gorap saklamak;
- populýasiýalaryň sanyny sazlamak;
- agrosenagat toplumynda himiki serişdeleriň ulanylyşyny minimuma çenli azaltmagy üpjün edýän çäreleriň ulgamyny döretmek;
- bozulan tebigy ulgamlary gaýtadan dikeltmek, şol sanda ulanylyşdan galan oba hojalyk ýerlerini rekultiwasiýa etmek, öri meýdanlary dikeltmek, arryklan topraklaryň hasyl berijiligini gowulandyrmak, suw howdanlaryň we beýleki ekoulgamlaryň önümliligini artdyrmak;
- biosferanyň etalon meýdanlaryny gorap saklamak (konserwasiýa);
- howply tebigy ýüze çykmalaryň we tehniki kompleksleriň heläkçilikleri (awariýalary) netijesinde adamlaryň ýitgisiniň we olaryň saglyk derejesiniň ýaramazlaşmagynyň öňüni almagyň, olary öňünden duýdurmagyň ýollaryny gözlemek;

- ekologik aň-düşünjäni, ekologiýa medeniýeti terbiýelemek.

Ekologiýanyň barlaýan, öwrenýän obýekti ekologik ulgam ýa-da **ekosistema,** şeýle hem **biogeosenozlar** hasaplanýarlar. Olaryň her birine gysgaça düşünip geçeliň.

## 1. 2. Ekosistema. Biogeosenoz. Biogeosenozyň gurluşy (strukturasy)

Ekosistema – ekologiýada esasy funksional birlik hasaplanýar. Çünki onuň düzümine janly organizmler hem, jansyz gurşaw hem degişli bolup, olar bir-birlerine täsir edýärler.

Ekologiýanyň birnäçe bölümleri bolup, olar 2-nji suratda görkezilen. "Ekosistema" adalgasy ilkinji gezek 1935-nji ýylda iňlis ekology A.Tensli tarapyndan hödürlenýär. Emma ekosistema baradaky düşünje welin has ir peýda bolýar. janly organizmleriň we olaryň ýaşaýan gurşawlarynyň bütewiligi (şeýle hem adam bilen tebigatyňda bütewiligi) baradaky ýatlamalary taryhyň has irki ýazuw ýadygärliklerinden tapmak mümkin. Emma diňe XIX asyryň ahyrynda ekosistema baradaky anyk kesgitlemeler dürli dillerdäki ekologik edebiýatlarda peýda bolup başlady. Meselem, 1877-nji ýylda nemes alymy Karl Mýobius içinde ustrisalar bolan bankadaky organizmleriň toplumyny atlandyrmak maksady bilen "biosenoz" düşünjesini ulanýar. Görnükli rus alymy W.W. Dokuçaýew (1846-1903) we onuň zehinli okuwçylarynyň biri, tokaý ekologiýasy ugrundan ýöriteleşen hünärmen G.F. Morozow "biosenoz" baradaky düşünjä aýratyn ähmiýet berýärler.

Janly organizmleriň tebigy toparlanmalaryny aňlatmak maksady bilen W.N. Sukaçew tarapyndan "biogeosenoz" adalgasy hödürlenýär. Bu adalga hemmeleriň ykrar etmegine eýe boldy. Onuň ady üç sany grek sözlerinden gelip çykan:

“bios” – ýaşaýaýyş, “geo” - Ỳer, “senoz” – toparlanma diýmegi aňladýar.




**2-nji surat.** Häzirki zaman ekologiýanyň bölümlere (ugurlara) bölünişi.

“Ekosistema” we “biogeosenoz” düşünjeleri bir-birlerine ýakyn düşünjeler hasaplanýarlar. A.Tensliniň kesgitlemesine görä, ekoulgamlar – bular janly we jansyz komponentleriň ölçegsiz durnukly ulgamy bolup, olarda maddalaryň we energiýanyň daşky hem içki aýlanyşygy amala aşyrylýar. Şeýlelikde, ekosistema – munuň özi “biogeosenoz” düşünjesinden giň düşünjedir. Emma islendik ekosistemany biogeosenoz diýip hasap etmek nädogrydyr. Üstesine-de, biogeosenozlar – özüniň anyk araçäkleri, serhedi bolan diňe gury ýerdäki emele gelmelerdir.

**Ekosistemalaryň gurluşy (strukturasy).** Has giňden ykrar edilen gurluşlaryň hataryna **trofik gurluş** (grekçe “trophos” – iýmit diýmek) degişli bolup, oňa laýyklykda ekosistemalary iki sany bölege (ýarusa) bölmek mümkin:

**1. Ỳokarky bölek ýa-da awtotrof (özi iýmitlenýän**) ýarus. Oňa başgaça “ýaşyl guşak” hem diýilýär. Bu bölegiň düzümine ösümlikler we olaryň hlorofill saklaýan bölekleri girýärler. Mälim bolşy ýaly, hlorofilde ýagtylyk energiýasynyň toplanmasy (fiksasiýasy) bolup geçýär, sada organiki däl birleşmeleriň ulanylmasy we çylşyrymly organiki birleşmeleriň bolsa toplanmasy amala aşyrylýar.

**2. Aşaky geterotrof (beýlekiler bilen iýmitlenýän) ýarus.** Gör-nükli ekolog Ỳ. Odumyň bellemegine görä, bu ýarus topraklaryň we çökündileriň, dargaýan we çüýreýän maddalaryň, kökleriň we ş.m. “mele guşagy” diýip atlandyrylýar. Bu ýarusda çylşyrymly birleşmeleriň peýdalanylmasy, transformasiýasy we dargamasy agdyklyk edýär.

Biologik nukdaý nazardan ekosistemada şu aşakdaky ýaly düzüm bölekleri (komponentleri) bölmek mümkin:

- Organiki däl maddalar (C, $CO_2$, $H_2O$ we başgalar). Olaryň aýlanyşygy bolup geçýär;

- Ekosistemanyň biotik we abiotik böleklerini özara baglanyşdyrýan organiki birleşmeler (beloklar, uglewodlar, gumus maddalary we ş.m.);
- Düzümine klimatik kadalary (režimi) we beýleki fiziki täsirleri birleşdirýän suw, howa we substrat sredalary;
- produsentleri, awtotrof organizmler, esasan hem sada organiki däl maddalardan iýmiti öndürmäge ukyply bolan ýaşyl ösümlikler;
- Makrokonsumentler ýa-da fitofaglar (grekçe "phagos" - iýiji) – geterotrof organizmler, esasan hem beýleki organizmler ýa-da organiki maddalaryň bölejikleri bilen iýmitlenýän haýwanlar;
- Mikrokonsumentler, saprotroflar (grekçe "sapros" - çüýrük), destruktorlar – geterotrof organizmler, esasan hem bakteriýalar we kömelekler.

## 1. 3. Ekologik täsirler (faktorlar) we olaryň görnüşleri

Ekosistemanyň ähli elementleri biotik we abiotik gelip çykyşly täsirlere hemişe sezewar bolýarlar. Bu hadysalar gurşawyň kesgitli bir şertlerinde bolup geçýär.

Ekologik nukdaý nazardan seredeniň-de gurşaw (sreda) – munuň özi organizmiň hemişe gös-göni ýa-da gytaklaýyn özara gatnaşykda bolýan tebigy bedenleri we hadysalary hasaplanýar. Organizmi gurşap alýan gurşaw (sreda) ägirt köpdürliligi bilen häsiýetlendirilýär.

**Ekologik faktor – munuň özi janly organizmlere iň bolmanda olaryň hususy ösüşiniň bir fazasynyň dowamynda gös-göni ýa-da gytaklaýyn täsir etmäge ukyply bolan gurşawyň islendik şertidir.**

Gurşawyň ekologik faktorlaryny adatça 3 topara bölýärler: 1) jansyz tebigatyň faktorlary (**abiotik faktorlar**), 2)

janly tebigatyň faktorlary (**biotik faktorlar**), 3) adam faktorlary (**antropogen faktorlar**).

**Abiotik faktorlar** – bular janly organizmlere gös-göni ýa-da gytaklaýyn täsir edýän ähli jansyz tebigatyň faktorlarydyr. Olara temperatura, ýagtylyk, radioaktiw şöhlelenme, basyş, howanyň çyglylygy, suwuň duz düzümi, şemal, akym, topragyň himiki düzümi, ýerleriň relýefi degişlidirler.

**Biotiki faktorlar** – janly-jandarlaryň bir-birleri bilen özara täsirleriniň ähli görnüşleridir. Her bir organizm hemişe özünde beýlekileriň gös-göni ýa-da gytaklaýyn täsirlerini duýýar, öz görnüşiniň wekilleri hem-de beýleki görnüşler – ösümlikler, haýwanlar, mikroorganizmler bilen gatnaşykda, baglanyşykda bolýar, olara baglydyr we onuň özi-de olara täsir edýär.

**Antropogen täsir** – bular tebigatyň özgermegine getirýän adamzat jemgyýetiniň işjeňliginiň ähli görnüşleridir.

# II B a p

# JEMGYÝETÇILIK EKOLOGIÝANYŇ ÖWRENÝÄN MESELELERI (PREDMETY) WE ONUŇ WEZIPELERI

## 2. 1. Jemgyýetçilik ekologiýasy nämäni öwrenýär?

Adamzadyň üçünji müň ýyllyga gadam basmagy bilen onuň töweregini gurşap alýan tebigat tanalmaz ýaly özgerýär. Çünki adamzat tebigata özüniň güýçli täsirini ýetirýär. Şol täsirleriň jemine **antropogen täsirler** diýilýär (*Antropos* – adam). Antropogen täsirler häzirki wagtda biziň planetamyzda geologik prosesler bilen deňeşdirilýär. Käbir ýagdaýlarda antropogen täsirler geologik proseslerden hem güýçli duýulýar.

Jemgyýetçilik ekologiýasy bioekologiýanyň täsirinde emele gelen ylym bolup, ol “adamyň ekologiýasy” ylymyndan gelip çykandyr. “Adamyň ekologiýasy” diýen adalga ilkinji gezek 1921-nji ýylda amerikaly alymlar R. Park we E. Býorjess tarapyndan ulanylýar. Bu adalga soňra R. Parkyň we onuň işlerini dowam edirijileriň (sosiologlaryň Çikago mekdebiniň) işlerinde anyklaşdyryldy. Adamyň ekologiýasy ilki başda lukmançylygyň bir bölümi hökmünde garaldy. Adamyň ekologiýasy – adam bilen tebigatyň arasyndaky özara gatnaşygy, baglanşygy öwrenýän ylymdyr. Jemgyýetçilik ekologiýasy bolsa adamyň, jemgyýetiň we tebigatyň arasyndaky özara gatnaşyklaryň täsirleriň bütin ulgamyny hem-de sosial geografiýanyň düşünjelerini öz içine alýar. **“Jemgyýetçilik ekologiýasy”** düşünjesine ilkinji gezek 1927-nji ýylda Raderik Mak Kenzil kesgitleme berdi. Jemgyýetçilik ekologiýasy diňe bir tebigy ylymlar bilen çäklenmän, ol jemgyýetçilik ylymlaryny hem öz içine alýar.

Häzirki zaman ylmynda jemgyýetçilik ekologiýasy babatyndaky ylmy barlaglary geçirmek XX asyryň 70-nji

ýyllaryna degişlidir. Jemgyýetçilik ekologiýasynyň maksady ýaşaýyş gurşawynyň tiz üýtgeýän şertlerinde adamyň ornuna baha bermegiň we ony umumylaşdyrmagyň esasynda, şol üýtgeşmeleriň adamy düýp mazmunyna gapma-garşy gelmez ýaly derejede aýdyňlaşdyrmakdan hem-de oňa düzedişler girizmekden ybaratdyr. Jemgyýetçilik ekologiýasynyň ylmy-barlag predmetiniň şunuň ýaly düşündirilmesi alymlaryň köp bölegi tarapyndan goldaw tapýar. Emma barlaglaryň obýekti bolan **adam-töwerekdäki gurşaw** mazmun taýdan güýçli çäklerde üýtgäp durýar. Ilki ýagdaýda jemgyýetçilik ekologiýasy biologik (fiziologik) ylym hökmünde göz öňüne getirýän we ol adamyň anyk tebigy-klimat şertlerine uýgunlaşmasyny (adaptasiýasyny) ýa-da Ýer togalagynyň dürli ekologik ulgamlarynda adamyň tutýan ornuny (onuň ekologik tekçesini) öwrenýär. Ikinji bir ýagdaýda bolsa jemgyýetçilik ekologiýasy ýa-da adamyň ekologiýasy tebigat bilen jemgyýetiň arasyndaky gatnaşyklar bilan baglanşykly bolan wajyp meseleleriň toplumyny öwrenýän ylmy hökmünde kabul edilýär.

Daşky gurşawyň elementleriň adama we tutuş ilata edýän täsirini öwrenmek üçin ulanylýan ekologik çemeleşme häzirki wagtda ähliumumy häsiýete eýe boldy we ol hakyky ylmy ugruň wezipesi hasaplanýar. Jemgyýetçilik ekologiýasy adamlaryň daşky gurşaw bilen özara täsirleriniň kanunalaýyklyklary hakdaky ylym hökmünde adamyň saglygyny goramaga we berkitmäge, onuň fiziki we psihiki mümkinçiliklerini kämilleşdirmäge ýardam etmekden ybaratdyr. Älem möçberli (global) we sebit ekologiýasynyň fundamental hem-de ylmy-tehniki wajyp meseleleri (problemalary) jemgyýetçilik ekologiýasynyň töwereginde jemlenendir.

Jemgyýetçilik ekologiýasyna özbaşdak, aýratyn bir sosialogik ylmy hökmünde garaýarlar. Onuň predmeti adam bilen onuň daşyny gurşap alýan tebigy gurşawyň arasyndaky

özboluşly gatnaşyklar hasaplanýar. Jemgyýetçilik ekologiýasy daşky gurşawy tebigy we jemgyýetçilik faktorlaryň toplumy hökmünde garamak bilen adama onuň edýän täsirini öwrenýär.

Jemgyýetçilik ekologiýasy diňe bir ösmedik tehnologiýasy bolan gurşawyň adama edýän täsirini öwrenmek bilen çäklenmeýär. Ol urbanizirleşen häzirki zaman jemgyýetini, ondaky jemgyýetçilik gatnaşyklaryny, dürli industrial ýurtlarda dowam edýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryň dürli tiplerini hem öwrenýär.

Jemgyýetçilik ekologiýasynyň adamyň özüni gurşap alýan daş-töwerekdäki gurşawy bilen gatnaşyklary baradaky ylym hökmünde kesgitlenmegi adamy we onuň daş-töweregini öwrenmäge, häzirki zaman jemgyýetinde we aýry-aýry ýurtlarda ýaşaýyşyň hiline ekologik faktorlaryň edýän täsirini öwrenmäge oňaýly täsir etdi. Ýaşaýyşyň hili köplenç halatlarda indiwidi, jemgyýeti we tebigy gurşawy baglanyşdyrýar gatnaşyklaryň toplumy hökmünde kesgitlenýär. Arassa baý we owadan tebigatsyz doly bahaly durmuş, ýaşaýyş ýokdur. Ýaşaýyşyň ýokarky derejesini adamyň ekosistemasynyň ýagdaýyny hem-de durmuş-ykdysady gatnaşyklary hasaba almazdan gazanmak mümkin däldir. Çünki bularyň ikisini-de adamyň hut özi emele getirýär we olarda özüni alyp baryşyny jemgyýetiň beýleki agzalary bilen baglanyşdyryp ýaşaýar.

Jemgyýetçilik ekologiýasynyň ýaraglandyrýan bilimleri diňe bir adamlaryň tebigy ýaşaýyş gurşawyny goramaga, gowulandyrmaga mümkinçilik bermän, eýsem olaryň jemgyýetçiliksredasyny hem gowulandyrmaga mümkinçilik bermelidir. Tebigy we jemgyýetçilik sredalarynyň elementleriniň arasynda pugta özara baglanşyk bar. Jemgyýetçilik sredasynyň ýagdaýyny hasaba almazdan tebigy gurşawy goramak we gowulandyrmak adamyň ýagdaýy üçin uly netije berip bilmez. Adama onuň tebigy ýa-da jemgyýetçilik sredasynyň hapalanmagynyň haýsy biriniň has köp zyýan ýetirýändigini aýytmak kyn. Şu sebäpli hem jemgyýetçilik

ekologiýasy bu sredalaryň ikisini hem umumylykda, ýagny “adamyň ýaşaýyşynyň çäkleri” hökmünde öwrenýär. Şunuň netijesinde bolsa tebigy we jemgyýetçilik sredalarynda ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak üçin teklipler taýýarlanylýar.

Jemgyýetçilik ekologiýasy özüniň öwrenýän meselelerini çözmek babatynda beýleki birnäçe ylymlar bilen hyzmatdaşlykda bolýar. Çünki adam bilen onuň töweregini guwşap alýan tebigy gurşaw diňe ýeke ylmyň öwrenýän predmeti bolup bilmez. Jemgyýetçilik ekologiýasy sosialogiýa, ykdysady ylymlar, durmuş syýasaty ylymlar, geografiýa, biologiýa, taryh ylymlary bilen pugta arabaglanyşyklydyr. Umuman, jemgyýetçilik ekologiýasy ylmy örän köp sanly ylymlar bilen utgaşyklykda, hyzmatdaşlykda bolmak bilen, ol öz öwrenýän meselelerini hemmetaraplaýyn barlaýar. Jemgyýetçilik ekologiýasynyň beýleki ylymlar bilen utgaşyklygyna G.A. Baçinskiniň çyzgydynda (shemasynda) göz ýetirmek mümkin. (3-nji surat).

## 2.2. Jemgyýetçilik ekologiýanyň esasy kanunlary

Islendik anyk ylmyň durmuşda ýaşamagynyň, dowam etmeginiň möhüm görkezijisi hem onuň logiki hazynasynda şol ylmyň özboluşlylygyny häsiýetlendirýän kanunlaryň we prinsipleriň bolmak şerti hasaplanýar.

Ylym tarapyndan açylan kanunalaýyklyklar onuň durmuşyň her bir sowallaryna jogap berip bilmek ukybyny aňladýar. Eýsemde bolsa, jemgyýet bilen tebigatyň özara gatnaşyklaryny şöhlelendirýän kanunlaryň haýsylary jemgyýetçilik ekologiýasy ylmynda bar? Olaryň iň möhümleriniň atlaryna we mazmunyna gysgaça garap geçeliň.

**1. Zähmet serişdeleriniň baýlygynyň ýaşaýyşyň serişdeleriniň tebigy baýlygyndan agdyklyk etmek kanuny.** Bu kanun rus alymy W.D. Komarow tarapyndan esaslandyrylýar. Onuň mazmuny şeýle: jemgyýet taryhy taýdan




1. Geoekologiýa
2. Tebigatdan peýdalanmagyň ykdysadyýeti
3. Ekologiýa.
4. Adamyň ekologiýasy.
5. Jemgyýetiň we tebigatyň özara gatnaşygynyň filosofik esaslary.
6. Jemgyýetçilik ekologik hukugy.
7. Inźenerçilik geologiýasy.

**3-nji surat . Jemjyỳetçilik ekologiỳasy – utgaşykly (integratiw) ylym**
(G.A. Baçinskiỳ boỳunça).

näçe ýokary derejede ösen bolsa zähmet gurallaryny ýasamak, ýokary öndürijilikli tehnologik ulgamlary gurmak hem-de ýaşaýyş işjeňliginiň iň ýokary derejedäki kämil serişdelerini döretmek üçin zerur bolan tokaýlary, topragy, suwy, minerallary, gazma baýlyklary peýdalanmak usullary ýokary ähmiýete eýe bolýar.

Bu kanunyň manysyndan şu zatlar gelip çykýar. Tebigy şertleriň nukdaýy nazaryndan önümçilik tebigatdan zähmet şertiniň köp dürli görnüşlerini bölüp alýan jemgyýetiň şertlerinde kämil, ösen ýagdaýynda bolýar.

**2. Tebigy gurşawyň ýagdaýynyň we jemgyýetiň ösüş häsiýetiniň bir-birlerine laýyk gelmek Kanuny.** Bu kanun görnükli sosioekolog E.W. Girusow tarapyndan esaslandyrylýar. Onuň mazmuny şundan ybarat. Ýagny, jemgyýetçilik önümçiliginiň usulynyň we ösüş tizliginiň tebigy gurşawyň ýagdaýynda özüniň anyk-taryhy çägi bar. Eger jemgyýet tebigata bolan gatnaşygyny, garaýyşyny üýtgetmän şol bir sreda şertlerinde saklasa, emma önümçiligiň depginini güýçlendirse, onda ol jemgyýet belli bir basgançakda ekologik durgunlylyk (krizis) ýagdaýyna düşýär. Krizisiň güýçlenmegi bolsa ýa-ha şol siwilizasiýanyň tamamlanmagy (ölmegi) bieln gutarýar ýa-da jemgyýetiň öndüriji güýçleriniň häsiýetiniň üýtgemegine getirýär.

Häzirki eýýamda adamzadyň kuwwatly geologik güýje öwrülýänligi sebäpli hem-de dünýä siwilizasiýasynyň tehnologik ösüşiniň öwrülişiksizligi zerarly, E.W. Girusowyň pikiriçe, hut jemgyýet tebigatyň gaýtadan dikelmek ukybyny üpjün etmek wezipesini öz üstüne almaly.

**3. Öýkumeniň tebigy-taryhy giňelmek kanuny.** Ol jemgyýetiň ösüşi (progresi) bilen onuň önümçilik, amaly işiniň serhetleriniň arasyndaky durnukly, düýpli, gaýtalanýan baglanyşygy häsiýetlendirýär. Adamzadyň ösüşiniň taryhy tejribesiniň görkezişi ýaly, oýkumenler (grekçe “oikumene” – ýaşaýaryn, mesgen tutýaryn, eýeleýärin diýmek) – guryýeriň adamlar ýaşaýan bölegi, üznüksiz suratda barha giňelýär. Oýkumenleri ilkinji gezek ýazyp beýan etmek gadymy grek

taryhçysy, geografy we filosofy Gekateý Miletskiniň (b.e. öňki V asyryň 6-1-nji çärýegi) işlerinde duş gelýär. Ol "oýkumenler" düşünjesi bilen Ýewropany, Kiçi we Alynky Aziýany, Hindistany we Demirgazyk Afrikany aňladypdyr.

Ilki-ilkiler derýalaryň kenar ýakalary we landşaftlar uruglaryň, taýpalaryň, obşinalaryň ýaşaýan ýerleri (sferasy) bolupdyr. Soňra kesgitli bir tebigy zolak taýpalaryň birleşmesiniň (soýuzynyň) we döwlet konglomeratlarynyň ýaşaýan ýerine öwrülýär. Ahyrynda bolsa kontinent we deňiz giňişlikleri milletleriň ýaşaýan oýkumenlerine öwrülýärler. Geokosmiki sreda häzirki zaman adamyň ýaşaýan ýeri boldy. Adamzadyň önümçilik güýçleriniň we material önümçiligiň formalarynyň ösdügiçe oýkumenleriň hem giňelmesiniň tebigy-taryhy meýili (tendensiýasy) duýulýar.

Häzirki zaman şertlerinde oýkumenleriň tebigy-taryhy giňelmek kanunynyň hereket etmeginiň dürli taraplaryny köp sanly ylymlar (ähliumumy taryh, geografiýa, syýasy ykdysadyýet we ş.m.) öwrenýärler. Şunuň bilen birlikde hem şu ugurdaky ylmy maglumatlaryň integrasiýasy diňe jemgyýetçilik ekologiýanyň çäklerinde mümkindir. Çünki, ýokarda atlary agzalan ylymlaryň hiç biri-de jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky özara gatnaşygyň ýagdaýyna dolulygyna häsiýetnama berip bilmeýär.

**4. Noosferanyň tolkun görnüşli ösmek meýili baradaky kanun.** Bu kanun görnükli rus alymy, akademik W.I. Wernadskiý tarapyndan açyldy we ol jemgyýetçilik ekologiýasynyň esasy kanuny hasaplanýar. 1940-njy ýylda W.I. Wernadskiý soňky müňýyllygyň dowamynda zähmetiň we ylmyň noosferany ösdürmek bilen özleriniň biosfera hem-de Ýeriň beýleki gabyklaryna edýän täsirini giňeldýändikleri we çuňlaşdyrýandyklary baradaky ideýany çap edýär.

W.I. Wernadskiý baý ylmy maglumatlary umumylaşdyrmak bilen adamzadyň medeni biogeohimiki energiýasynyň pajarlap ösýänligi barada netije çykarýar. Ol şeýle ýazýar: "5-7 müň ýylyň

çäklerinde ähli zat depgin bilen köpelýär, artýar, noosferanyň döremegi dyngysyz suratda dowam edýär”.

**5. “Barri Kommoneriň kanuny”.** Bu kanun görnükli amerikan ekology B.Kommoner tarapyndan esaslandyrylýar. Ol adam bilen tebigatyň arasyndaky özara gatnaşyklaryň düzgünini nakyllar (aforizmler) görnüşinde aşakdaky ýaly beýan edýär:

- **“Hemme zat ähli zatlar bilen baglanyşykly”.** Bu düzgün biosferada iňňän çylşyrymly gatnaşyklaryň bardygyny nygtaýar hem-de adamyň ekosistemanyň aýry-aýry böleklerine oýlanyşyksyz täsir etmekden el çekmäge çagyrýar.
- “**Ähli zat nirädir bir ýere gaýyp bolmaly”.** Bu düzgün material önümçiligiň galyndylaryna täzeçe garamaga mümkinçilik berýär. Ýerden maddalaryň ägirt köp mukdary gazylyp alyndy, olar täze birleşmelere özgerdildi we “ähli zat nirädir bir ýere gaýyp bolmaly” diýen fakt hasaba alynmazdan daşky gurşawa ýaýradyldy.
- **“Tebigat hemmeden oňat bilýär”.** Hakykatydan-da tebigy ekosis-temalar – iň oňat gurluşlar bolmak bilen, olar uzak ewolýusiýanyň dowamynda ägirt köp sanly nusgalaryň (wariantlaryň) arasyndan saýlanyp-seçilip alnan ajaýyp gurluşlardyr. Bu “kanun” tebigy ekosistemalar içgin öwrenmäge hem-de olary özleşdirmegiň mümkin bolan netijelerini hasaba almaga çagyrýar.
- **“Hiç bir zat mugtyna peşgeş berilmeýär”.** Bu düzgün ýokary üç düzgüni birleşdirýär, olary jemleýär. B.Kommoner şeýle ýazýar: “global ekosistema bir bütewi zat bolup, onuň çäklerinde hiç bir zady utup ýa-da ýitirip bolmaz hem-de hiç bir zat ähliumumy gowlanma serişdesi bolup bilmez; ondan adam zähmeti bilen näme alynan bolsa, olar hökman gaýtarylyp berilmelidir”.

Şeýlelikde, jemgyýetçilik ekologiýanyň kanunlary adamyň özgerdiji işiniň we maddalaryň, energiýanyň, informasiýanyň tebigy aýlanyşygynyň döredýän maddy-energetik, informasion akymlarynyň ylalaşyklarynyň derejesini şöhlelendirýär. Jemgyýet diňe şeýle kanunlara daýanyp ekologik we durmuş-ykdysady özara

baglanyşygyň meselelerini çözüp biler.

## 2.3. Dünýäde we Türkmenistanda jemgyýetçilik ekologiýasynyň wajyp meseleleriniň öwrenilişi

Adamzadyň tebigata ýetirýän täsiriniň has güçlenýän häzirki zamanasynda dünýäde we Türkmenistanda jemgyýetçilik ekologiýasyny öwrenmäge bolan gyzyklanma barha artýar.

Türkmenistanda jemgyýetçilik ekologiýasy babatyndaky alnyp barylýan ylmy barlaglaryň esasy ugurlary Türkmenistanyň Prezidentiniň "Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriň 2020- nji ýyla çenli Baş ugry" milli Maksatnamasynda anyk kesgitlendi. Bu möhüm resminamada Türkmenistany geljekki döwürde bazar ykdysadyýeti we netijeli halkara hyzmatdaşlygy esasynda ilatyň ýokary derejeli ýaşaýyş üpjünçiligi bolan, ykdysady taýdan ösen döwleti göz öňünde tutýan döwlete öwürmek maksat edinilýär. Şu maksada ýetmek üçin ileri tutulýan ugurlaryň dördüsi kesgitlenildi: **ykdysady howpsuzlyk, azyk howpsuzlygy, durmuş howpsuzlygy, ekologiýa howpsuzlygy.** Bu ileri tutulýan ugurlaryň içinde **ekologiýa howpsuzlygynyň** kesgitlenmegi milli Lidermiziň parasatly baştutanlygynda ýudumyzyň ekologiýa abadançylygyny üpjün etmeklige iňňän möhüm ähmiýet berilýänliginden habar berýär.

Ekologiýa howpsuzlygy şu möhüm çäreleri göz öňünde tutýar:

- ýurduň industrial taýdan ösdürilmeginiň daş-töweregi goramak işleri bilen itgaşdyrylmagyny;
- Aral deňziniň zolagyna girýän sebitlerde ekologiýa heläkçiliginiň öňüniň alynmagyny;
- içilýän suwuň ýokary hilli bolmagynyň üpjün edilmegini;

- oba hojalyk önümçiliginde adam bedeni zyýanly maddalary ulanmagyň kadalarynyň pugta barjaý edilmegini,

topragyň şorlanmagynyň we arryklamagynyň garşysyna göreşmegi, zyýanly zatlaryň howa göýberilmeginiň azaldylmagyny.

Ekologik howpsuzlyk, suwdan netijeli peýdalanmak, çölleşmegiň öňüni almak, häzirki zaman ylmynyň we tejribeleriniň gazananlaryny, azyk howpsuzlygy hem-de ilatyň ösmegi ýaly wajyp meselelere gönükdirmek üçünji müňýyllygyň global wezipeleriniň birine öwrülýär. Bu babatda häzir bütin dünýäde tagallalary we tejribeleri birikdirmek möhümdir.

## 2.4. Jemgyỳetçilik ekologiỳanyň barlag usullary (metodlary)

Jemgyỳetçilik ekologiỳanyň barlag usullaryny kesgitlemekde has çylşyrymly ỳagdaỳ döreỳär. Çünki jemgyỳetçilik ekologiỳasy tebigy we ynsançylyk (gumanitar) ylymlaryň arasyndaky geçiş ỳagdaỳyny eỳeleỳän ylym hasaplanỳar. Şonuň üçin hem jemgyỳetçilik ekologiỳasy hem tebigy, hem ynsançylyk ylymlaryň barlag usullaryny peỳdalanmaly bolỳar.

Jemgyỳetçilik ekologiỳanyň taryhy bilen içgin tanyşanyňda onuň ilkinji basgançagynda esasan, **gözegçilik usuly** ulanylypdyr. Jemgyỳetçilik ekologiỳanyň ösüş taryhynyň ikinji basgançagynda ilkinji orna **nusgalaşdyrmak usuly (modelleşdirmek)** çykỳar. Nusgalaşdyrmak – munuň özi dünỳäni uzak möhletleỳin we hemme taraplaỳyn (kompleksleỳin) görmekdir. Häzirki zaman düşünilişinde nusgalaşdyrmak – bu dünỳäni görmegiň we özgertmegiň uniwersal usulydyr. Umuman, her bir adam özüniň durmuş tejribesiniň we bilimleriniň esasynda hakykatyň kesgitli bir nusgasyny (modelini) gurỳar. Soňraky tejribe we bilim şol nusgany tassyklaỳar ỳa-da onuň üỳtgedilmegine we takyklanmagyna ỳardam edỳär. Nusga – otnositel çylşyrymly ulgamyň çaklamalarynyň tertipleşdirilen toplumydyr. Ol goralyp geçilỳän wajyp meselä ulanarlykly bolan toplanylan tejribeleri we düşünjeleri saỳlap almak ỳoly arkaly tükeniksiz dürli görnüşdäki

dünỳäniň käbir çylşyrymly jähtlerine düşünmäge edilỳän synanyşykdyr.

**“Ösüşiň çäkleri”** diỳip atlandyrylỳän garaỳyşyň tarapdarlary älem möçberli (global) nusgalaşdyrmany şu aşakdaky ỳaly görnüşde ỳazyp beỳan edỳärler. Ilki başda üỳtgäp durmalaryň aralygyndaky möhüm sebäpli baglanyşyklaryň sanawy düzülỳär hem-de öwrülişikli gatnaşyklaryň strukturasy bellenỳär. Soňra edebiỳat çeşmeleri bilen tanyşmak hem-de şol barlag bilen baglanyşykly oblastlarda işleỳän hünärmenler-demograflar, ykdysatçylar, ykdysatçylar, agronomlar, geologlar, ekologlar we beỳlekiler bilen maslahatlaşmak (konsultasiỳalar) gidỳär. Bu basgançakda esasy maksat derejeleriň aralaryndaky esasy özara baglanyşyklary şöhlelendirỳän umumy strukturany tapmakdan ybaratdyr.

Nusgalar hökmünde hakykat ỳüzünde bar bolan ulgamlar hem peỳdalanmak mümkin. Meselem, agrosenozlar biosenozyň eksperimental nusgasy hökmünde garalyp bilner. Umumy görnüşde adamyň tebigaty ozgertmek bilen baglanyşykly bolan ähli işi hem nusgalaşdyrmakdyr.

## 2. 5. Jemgyỳetçilik ekologiỳanyň wezipeleri

Jemgyỳetçilik ekologiỳanyň maksady adam bilen tebigatyň arasyndaky özara gatnaşyklaryň ewolỳusiỳasynyň nazaryỳetini (teoriỳasyny), tebigy gurşawy özgertmegiň logikasyny we metodologiỳasyny döretmekden ybaratdyr. Jemgyỳetçilik ekologiỳasynyň wezipesi adam bilen tebigatyň, ynsançylyk (gumanitar) we tebigy ylmy bilimleriň arasyndaky üzňeligi aỳdyňlaşdyrmakdan we ony ỳeňip geçmäge kömek bermekden ybarat.

Jemgyỳetçilik ekologiỳasy tebigat bilen jemgyỳetiň arasyndaky özara gatnaşyklaryň kanunalaỳyklyklaryny ỳüze çykarỳar. Şol kanunalaỳyklar edil fiziki kanunalaỳyklar ỳaly düỳpli (fundamental) hasaplanỳarlar. Emma jemgyỳetçilik ekologiỳanyň

öwrenỳän meseleleri örän çylşyrymlydyr. Ỳagny şol meseleleriň düzümine hil taỳdan tapawutlanỳan üç sany ulgam – jansyz we janly tebigat hem-de adamzat jemgyỳete girỳärler. Bu ylmyň onçakly uzak bolmadyk taryhynyň barlygy sebäpli, häzirki wagtda jemgyỳetçilik ekologiỳasy empiriki ylym hasaplanỳar. Onuň kanunlary hem umuman, aforizmler ỳaly tassyklama häsiỳetine eỳedir (meselem, Kommoneriň "kanuny" ỳaly).

Kanun düşünjesi metodologlaryň köpüsi tarapyndan sebäpli-netijeli baglanyşyk hökmündäki manyda düşündirilişini dürlüligiň çäklendirilmesi hökmünde kibernetika ylmy beỳan edỳär. Ol adam işiniň düỳpli (fundamental) çäklendirilmesini ỳüze çykarỳar. Hut şu sebäpli-de, ol jemgyỳetçilik ekologiỳa has ỳakyn gelỳär.

Sosial-ekologik kanunalaỳyklyklaryň aňladylyş usulynyň biri-de olary sosiologiỳadan we ekologiỳadan geçirmek bolup durỳar. Meselem, jemgyỳetçilik ekologiỳanyň esasy kanuny hökmünde önümçilik güỳçleriniň önümçilik gatnaşyklary bilen laỳyk gelmek kanuny hödürlenỳar. Ol syỳasy ykdysadyỳetiň kanunlarynyň biriniň modifikasyỳasy hasaplanỳar.

Köp sanly ylmy barlagçylaryň pikirine görä, jemgyýetçilik ekologiýasynyň iň möhüm wezipeleriniň biri-de, jemgyýet bilen tebigat arasyndaky sazlaşygy üpjün etmekden, tebigy antropogen düzüm bölekler (komponentler) bilen utgaşykly sazlaşýan hem-de adamlaryň sanitariýa – gigiýena, gözellik (estetiki) we material gymmatlyklaryny kanagatlandyrýan sosial-ekologik ulgamlarda täze tebigy medenileşdirilen ýaşaýyş gurşawyny döretmekden we oňa ýardam bermekden ybaratdyr.

## III B a p

# ADAMZADYŇ ÖSÜŞINIŇ DÜRLI DÖWÜRLERDE JEMGYÝET BILEN TEBIGATYŇ ARASYNDAKY ÖZARA GATNAŞYKLAR

### 3. 1. Jemgyýetiň tebigat bilen özara gatnaşygynyň ewolýusiýasy we onuň döwürleri

Jemgyýetçilik ekologiýasy ylmyna bagyşlanan edebiýatlarda jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky özara gatnaşygyň, olaryň döwürleri barada dürli pikirler bar. Şol pikirlerde awtorlaryň bir topary jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky gatnaşyklaryň taryhy ösüş döwrüni (ewolýusiýasyny) dört, kä biri bolsa üç döwre bölýärler. Emma alymlaryň köpüsi şu aşakdaky ýaly bäş sany döwre bölmegi makul hasaplar:

**Birinji döwür.** Bu döwür adamzat jemgyýetiniň öşüş taryhynyň ilki durmuş-obşina gurluş döwrüne gabat gelýär. Bu döwür gadymy adamyň esasan tebigatda aw awlamak we balyk tutmak maksatlary üçin ulanýan serişdereleriniň, gurallarynyň örän ýönekeý bolmagy bilen häsiýetlendirilýär. Şu döwürde adamlar tebigatyň baýlyklaryna paýhassyz çemeleşipdirler.

**Ikinji döwür.** Adamzat jemgyýetçiligiň gul-eýeçilik jemgyýetçilik ykdysady formasyna gabat gelýär. Bu döwür adama önümçilik serişdesine we tebigy baýlyklaryna şahsy eýeçiligiň bolanlygy bilen häsiýetlenýär. Şu döwürde bir neme soňra zähmet gurallaryň metaldan ýasalan görnüşleri ösüp başlaýar we olary ulanmagyň giňelişýändigi mese-mälim duýulýar. Metaldan ýasalan şol gurallaryň kömegi bilen adamzat daşky tebigy gurşawy bilen has ysnyşyk gatnaşyga girýär hem-de özüniň talaplaryny kanagatlandyrýar.

**Ǘçünji döwür.** Bu döwür adamzat jemgyýetçiligiň feodalçylyk jemgyýetçilik-ykdysady formasyna laýyk gelýär. Onda jemgyýetçiligiň tebigata edýän täsiriniň formalary ikinji döwürden

onçakly tapawutlandyrýar. Emma bu döwrüň arasynda düýpli tapawutlyk bar. Şol tapawutlyk şundan ybarat: bu döwürde gulçylygyň kreposnoý daýhançylyk bilen çalyşmagy, önümçilik güýçleriň ösmegi, tebigata akyl ýetirmek we ony özgertmegiň üçin giň mümkinçilik açylýar.

**Dördünji döwür.** Bu döwür jemgyýetçilik bilen arasyndaky gatnaşyklaryň özara täsiriniň barha güýçlenýändigini görkezýär. Şu sebäpli hem dördünji döwür iki sany basgançaga bölünýär.

*Birinji basgançak.* Ol maşyn önümçiligiň döremegi ylmyň we tehnikanyň güýçli depginler bilen ösmegi. Häzirki zaman siwilizasiýasynyň ösüşi dürli formasynyň döremegi bilen baglanyşykly.

Ylmyň we tehnikanyň ösmegi adamzat jemgyýetçiligiň tebigata getirýän täsiriniň mümkinçiligiň şeýle bir ýokarlandyrýar, şunda görnükli alym W.I. Wernandskiý aýdyşy ýaly: “Adam kuwwatly geologik güýje öwürilýär”.

*Ikinji basgançak.* Bu basgançak adamzat jemgyýetçiligiň tebigata edýän täsiri has hem güýçlenýär, çüňki önümçilikde kuwwatly tehnikalar ulanyp başlanýar. Önümçilikde bäsleşik (konkurensiýa) we edelekdilik (anarhiýa), tebigy baýlyklara wagşy çemeleşmek bolup geçýär. Şeýlelik ekologik heläkçiligiň (krizis) howpy barha ýakynlaşýar.

**Bäşinji döwür.** Bu döwürde adamzat bilen tebigatyň arasyndaky gatnaşygy bir neme düşünşmek ýagdaýy emele gelýär. Bu döwür hem öz gezeginde iki sany basgançakdan durýar.

*Birinji basgançak.* Adam bilen tebigatyň arasyndaky gatnaşyga yzygiderli sazlaşyk onçakly duýulmaýar.

*Ikinji basgançak.* Jemgyýetçilikde täze ekologik pikirlenme düşünjesi peýda bolýar. Onda umumy adamzat bähbiti üçin tebigaty gorap saklamagyň ähli umumy zerurçylygy ýüze çykýar. Akademik W.I. Wernandskiý kesgitlemesine görä bu basgançak noosferanyň döremeginiň we ösmeginiň döwridir. Başgaça aýdylanda noosfera älem möçberindäki tebigaty paýhasly

özgertmegiň sferasydyr.

## 3. 2. Adamzadyň ekologiỳa aragatnaşyklarynyň ösüş taryhy. Gadymy gominidler

Adamyň iň gadymy kowumlary – **gominidler** mundan 5-8 mln ỳyl ozal peỳda bolupdyrlar. Bu ỳagdaỳ günortada (ähtimal, Günorta Afrikada) bolup geçipdir. Şu sebäpli-de, häzirki wagtda mälim bolan gominidleriň ilkinjileri **awstralopitekler** (latynça australis- günorta) diỳen ady alypdyrlar. Olaryň arasyndan 2-3 mln ỳyl mundan ozal **adam** urugy (Homo) bölünip aỳrylỳar. Onuň wekilleri bolan **iň gadymy adamlar,** şol sanda **başarjaň adam** (Homo habilis) we **dik ỳöreỳän adam** (Homo erectus) hasaplanỳarlar. Dik ỳöreỳän adama **pitekantroplary** we **sinantroplary** (300 müň – 2 mln ỳyl mundan ozal) hem degişli edỳärler. Şol bir wagtyň özünde hem (40-50 mln ỳyl mundan ozal) **häzirki zaman adamlaryň** gös-göni kowumlary hasaplanỳan **kromanỳonlylar** peỳda bolỳarlar. Olaryň hemmesi bir bütewi görnüşi – **Paỳhasly adamy** (Homo sapiens) emele getirỳärler. Käbir alymlar neondartallylary we häzirki zaman adamlary kromanỳonlylar bilen birlikde has ỳakyn garyndaşlar – şu görnüşiň bir aşaky görnüşi hasaplanỳarlar (4-nji surat).

Adamzadyň möhüm ekologik aỳratynlyklarynyň biri hem haỳwanlaryň beỳleki ähli görnüşleri bilen deňeşdireniňde onuň, ỳagny adamyň ỳaşaỳyş gurşawyna az derejede baglylygy hasaplanỳar. Ỳaşaỳyş gurşawyna bolan has köp babatlardaky **garaşsyzlyk (emansipasiỳa)** adamyň peỳda bolan pursatyndan başlap, tä biziň günlerimize çenli onuň ekologiỳa gatnaşyklarynyň örän dürli görnüşleriniň häsiỳetiniň hemişe üỳtgäp durmagynyň hasabyna emele gelipdir. Şu sebäpli-de, adamyň tebigat bilen özara gatnaşyklarynyň neneňsi üỳtgeỳändiklerini, adamzadyň daşky tebigy gurşawa bolan has uly emansipasiỳasyny üpjün edỳän örän düỳpli üỳtgeşmeleriň haỳsy döwürlerde bolup geçendiklerini yzarlamak möhümdir.




4-nji surat. Gominidleriň kelleçanaklary: **A** — häzirkizaman şimpanze, **B–C** — afrika awstralopitegi (2,6–2,5 mln ýyl), **D–E** — paýhasly adam (1,9–1,8 mln ýyl), **F** — *Homo rudolfensis* (1,8 mln ýyl), **G** Dmanisi adamy (1,75 mln ýyl), **H** — *Homo ergaster* (1,75 mln ýyl), **I** — *Homo heidelbergensis* (300–125 mü ň ýyl), **J–L** — neandertallar (70–45 müň ýyl), **M** — кроманьонец (30 müň ýyl), **N** — häzirkizaman adam

Adamyň ekologiỳa aragatnaşyklarynyň, baglanyşygynyň ösüşiniň taryhy döwürleriniň esasylaryny yzarlalyň. Çünki, munuň özi adamzadyň ekologiỳa gatnaşyklarynyň häsiỳetine we ỳagdaỳyna aỳdyň göz ỳetirmäge, bu babatda gelejegi aỳdyňlaşdyrmaga mümkinçilik berỳär.

**2 mln ỳyl mundan ozal.** Ỳer ỳüzünde ilkinji peỳda bolan gominidler uzak wagtyň dowamynda beỳleki maỳmynlardan (primatlardan) ekologiỳa taỳdan düỳpli (prinsipial) suratda tapawutlanmandyrlar. Emma ilkinji adamlaryň peỳda bolmazlaryndan ozal awstralopitekler mundan takmynan 3 mln ỳyl ozal möhüm ekologik başarnyklary gazanypdyrlar. Şeỳle

başarnyklaryň hataryna sadaja gurallar hökmünde haỳwanlaryň süňklerini, dürli daşlary ulanmak ỳaly başarnyklar degişlidirler. Ilkinji adamlar 2 mln ỳyl mundan ozal düỳpli suratda aỳgytly ädimleri ädipdirler. ỳagny olar daşdan, süňklerden we agaçdan ỳönekeỳje **zähmet gurallaryny** we **aw serişdelerini** ỳasamagy öwrenipdirler. Ỳer ỳüzündäki şol ilkinji ussatlar – başarjaňlar örän jüpüne düşen ada – **başarjaň adam** adyna eỳe bolupdyrlar.

Olaryň ornuna gelen neandertallylar dürli görnüşdäki zähmet we aw gurallarynyň örän dürli görnüşlerini has ussatlyk bilen ỳasapdyrlar.

Möhüm ähmiỳete eỳe bolan şunuň ỳaly ekologiỳa gazanmalar, gürrüňsiz suratda, gominidleriň iỳmit (trofik) we bäsdeşlik (konkurent) baglanyşyk-larynyň, gatnaşyklarynyň däp bolan deňagramlylygyny üỳtgetdiler. “Ỳaragla-nan” sarp edijiler we bäsdeşler aỳdyň suratda utuşda boldular. Zähmet we aw gurallaryny ulanmak bilen awçylar öz awlarynyň tebigy gorag ỳagdaỳlaryna az derejede bagly bolỳarlar. Şeỳle ỳagdaỳlara ylgawyň tizligi, seresaplyk, haỳwanlaryň deri örtüginiň pugtalygy, ösümlikleriň iỳilỳan bölekleriniň gizlinligi we ş.m. degişlidirler.

Ilkinji ỳasalan gurallaryň diňe bir aw awlamak üçin däl-de, eỳsem pugta derisi bolan haỳwanlaryň läşini böleklere bölüşdirmek üçin hem ulanylan bolmaklary ähtimal diỳip, çak edilỳär. Haỳwan belogynyň hasabyna iỳmit rasionynyň hilini gowulandyrmak mümkinçiligi döreỳär. Munuň özi bolsa bir wagtyň özünde birnäçe maşgalany iỳmit bilen üpjün edỳänligi üçin möhümdir. Iri haỳwanlaryň läşleriniň bölüşilỳan ỳerleri we tutulan awlaryň paỳlaşylmagy eti peỳdalanyjylaryň toparlarynyň döreỳän özboluşly merkezleri bolup hyzmat edỳärler. Bu bolsa ilkinji adamlaryň özlerini alyp baryşlaryna **sosial gurama-çylygyň elementlerini** getirỳär. Aw awlamagyň netijeliliginiň ỳokarlanmagy mynasybetli ilkidurmuş adamlarda iỳmit gözläp tapmakdan boş wagt döreỳär. Şol boş wagt bolsa birek-birek bilen gatnaşyk etmäge sarp edilipdir.

Giçki gominidleriň we irki adamlaryň ekologiýa aragatnaşyklarynyň baglanyşyklarynyň üýtgemeginiň birinji basgançagy sadaja gurallaryň ulanylmagy bilen häsiýetlendirilýär. Netijede iýmit gorlary olara has elýeterli bolupdyrlar. Iýmit gorlarynyň kollektiwleýin gözlenip tapylmagy we sarp edilmegi bolsa bilelikde iýmitlenýän toparlaryň ilkibaşky sosial guramaçylygy üçin mümkinçilikler peýda bolýarlar.

**500 müň ýyl mundan ozal.** Iň gadymy adamlaryň ekologiýa ähmiýetli indiki gazananlary otdan peýdalanyp bilmek ukybyna eýe bolmaklary hasaplanýar. Takmynan ýarym million ýyl mundan ozal ýa-da mundan-da ir sinantroplar (olar dik ýöreýän adam görnüşine degişli) eýýäm ody yzygiderli suratda peýdalanypdyrlar. Olar üznüksiz, ýagny köp ýyllaryň dowamynda uruglarynyň, taýpalarynyň odyny öçürmän saklamagy başarypdyrlar.

Ýer ýüzünde ýaşaýyşyň ösüş taryhynda ilkinji gezek iýmitden başga-da **goşmaça energiýanyň** hemişelik çeşmesi peýda bolýar. Ýer togalagynyň demirgazyk ýarym togalagynda howanyň maýlama we buzlaşma hadysalary bir-birleri bilen gezekleşip gelýärler. Gominidler bolsa tropik Afrikadan aram zolaklara demirgazyga we gündogara işjeň ýagdaýda geçýärler, ýaýraýarlar. Adamyň klimata (ilkinji nobatda hem pes temperatura) we iri ýyrtyjylara bolan baglylygy, garaşlylygy düýpli suratda gowşaýar.

Ot bilen ýyladylýan ýaşaýyş mesgenleri (jaýlary) ýaşamak we birek-birek bilen gatnaşyk etmek üçin has-da özüne çekiji bolýar. Bolsa maglumatlary (informasiýalary) alyşmaga, **sosial gatnaşyklaryň** pugtalanmagyna ýardam edýär.

Ekologiýa babatda ilkidurmuş odunda (alawynda) agaçlaryň ýanmagy - ýeke görnüşiň, ýagny adamyň bütin planetanyň tebigatyna güýçli täsir etmegine bolan iň ilkinji we örän ähmiýetli äden ädimidir. Bu ädim gizlin energiýanyň çeşmeleriniň beýleki görnüşlerini, täze we has netijeli energiýa göterijileri gözlemäge tarap ädilen aýgytly ädimdir.

## 3. 3. Adamzadyň ekologiýa aragatnaşyklarynyň ösüş taryhy. Paýhasly adam

**50 müň ýyl mundan ozal.** Bu döwre paýhasly adamyň (Homo sapiens) peýda bolan wagty laýyk gelýär. Paýhasly adama kromanýonlylary we häzirki zaman adamlary degişli edýärler. Adamzadyň ekologiýa gatnaşyklarynyň kemala gelmeginiň şu döwri olaryň ösüşinde hil taýdan täze bir basgançak hasaplanýar. Çünki şu döwürde populýasiýanyň içindäki kommunikatiw gatnaşyklaryň prinsipial suratda täze bir görnuşi – **söz üsti sözleýiş** we onuň aňladylmagynyň hemrasy bolan **sowa (abstrakt) pikirlenme** döreýär. Sözleýişiň haçan dörändigini anyklamak mümkin däl, emma 30-40 müň ýyl mundan ozal sözleýiş ukyby kromanýonlylarda, biziň görnüşimiziň irki wekillerinde oňat ösüpdir. Sözleýişiň beýleki signallardan tapawudy onuň çäksiz informasion sygymynyň bolmagydyr. Sözleýişiň kömegi bilen kromanýonlylaryň ojaklarynyň töweregine ýygnanyşan taýpalar özleriniň hususy işleriniň tejribesi barada habarlaşyp bilipdirler, nobatdaky etmeli işleri, hereketleri (aw awlamagy, bir ýerden başga bir ýere göçmegi we ş.m.) meýilleşdirip bilipdirler. Çagalaryna we ýetginjeklere peýdaly başarnyklary öwredipdirler.

Adamzadyň ýene-de bir gylyk-häsiýetiniň **altpuizmiň** (latynça **alter** – özge diýmegi aňladýar) ýa-da beýleki, özge adamlar hakda alada etmegiň ösmegi hem oňaýly orun eýeläpdir. Tapdan düşen, emma baý durmuş tejribesi bolan garrylara bolan mähirli gatnaşyk, garaýyş nesillere şol adamlaryň toplan bilimlerini we başarnyklaryny öwretmäge mümkinçilik beripdir. Munuň özi bolsa çagalaryň we ýetginjekleriň biliminiň ýönekeý ulgamynyň emele gelmegine ýardam edipdir.

Bularyň ählisi ylalaşykly hereketleri üpjün edipdir, iýmit ýygnamagyň we aýratyn hem aw awlamagyň üstünlikli bolmagyna, ýagny iýmit (trofik) gatnaşyklaryň netijeliliginiň ýokarlanmagyna, şeýlelikde bolsa adamlaryň ýaşaýyjylaryna ýardam edýärler.

Kromanỳonlylaryň **şekillendiriş sungaty** – Fransiỳadaky we Ispaniỳa-daky gowaklaryň diwarlaryna çekilen haỳwanlaryň hakyky suratlary bütin dünỳä giňden mälimdir. Käbir “suratlar” üstünlikli aw awlamagyň düzgünlerine meňzeş bolan örän baỳ maglumatlary aw sahnasyna meňzeỳär. Kromanỳonlylar tarapyndan mundan 15-35 müň ỳyl ozal döredilen suratlary **habarlaryň (informasiỳalaryň) hasaba alnyp başlan eỳỳamy** hökmünde hasap etmek mümkin.

Şahsy we kollektiw tejribäni toplamak, umumylaşdyrmak we nesilden-nesle geçirmek ukybynyň peỳda bolmagy, maglumatlary hasaba almak, sözleỳişe eỳe bolmaklyk sosial nesle geçijilik arkaly adamlaryň ähli nesilleri bilen bilelikde peỳdaly hilleriň we başarnyklaryň genetiki däl täze görnüşleriniň esaslaryny goỳdylar. Şu mynasybetli diňe adama mahsus bolan umumy ekososial gatnaşyklaryň, maddy we ruhy gymmatlyklaryň ulgamy peỳda bolup başlady. Şeỳlelikde, adamzat medeniỳetiniň ösüşi başlandy.

**10 müň ỳyl mundan ozal.** Adamzadyň ekososial gatnaşyklary, baglanyşyklary üznüksiz suratda üỳtgäp durupdyr. Olaryň sosial tarapyny düzỳän bölekleri has-da agramly bolup başlaỳar.

Mundan 10-12 müň ỳyl ozal **oba hojalygynyň döremegi** adamyň daşky tebigy gurşawdan has-da garaşsyzlygyny gazanmak ỳolunda adamzadyň ösüşindäki aỳgytlaỳyjy ädim hasaplanỳar. Şol wagta çenli soňky buzluk eỳỳäm özünden soňra ösgün otly düzlükleri goỳup, demirgazyga tarap süỳşüpdir. Ösgün otlaryň arasynda häzirki medeni galla ekinleriň (bugdaỳ, arpa, dary we ş.m.) ỳabany kowumlary bolan görnüşler hem az bolmandyrlar. Adamlar bu ösümlikleriň dänelerini ỳygnapdyrlar we olary toplapdyrlar. Ösümlikleriň tohumlarynyň bir bölegi bolsa gögeripdir. Bu ỳagdaỳy adamlar aňyp, belläpdirler. Şeỳlelikde, tohumlaryň tötänleỳin ekilmegi olaryň maksatlaỳyn ösdürilip ỳetişdirilmegi bilen ornuny çalşyp başlaỳar. Şeỳdip, ekerançylyk döreỳär. Uzak taryhy döwrüň dowamynda adamzat nesli medeni

ösümlikleriň ençeme nusgalaryny (sortlaryny) döretmegi başardy. Häzirki wagtda adam tarapyndan ösdürilip ýetişdirilýän ösümlikleriň 2 müňden hem gowrak görnüşi mälim. Emma esasy oba hojalyk önümlerini bary-ýogy 20 görnüş ösümlik berýär. Olara bugdaý, arpa, şaly, mekgejöwen, dary, kartofel, kösükliler we ş.m. degişlidirler. Beýlekilerden soňrak, eýýäm täze döwürde tomatlar, gant şugundury, kofe ýaly ösümlikler medenileşdirildi. Medeni ösümlikleriň gelip çykan esasy merkezlerine şular degişlidirler: Ýakyn we Orta Gündogar (galla ekinleri, alma, wişnýa, üzüm we ş.m.), Günorta Amerika (kartofel, tomatlar, kauçuk geweýasy), Merkezi Amerika (mekgejöwen, kakao), Hindistan (hyýar, garpyz, kösükler, bananlar, apelsinler, limonlar, mango), Hytaý (çaý, şetdaly).

Türkmen topragyndan hem medeni ekinleriň birnäçe gymmatly görnüşleri umumy adamzat gymmatlyklaryna goşuldy. Bäş müň ýyl mundan ozal Änewiň düzlüginde ýetişdirilen ak bugdaýyň tohumy tapyldy.

Adamzat taryhynda ösümlikleriň medenileşdirilmegi bilen deň hatarda adam üçin peýdaly haýwanlary öýdekileşdirmek işleri hem geçirilipdir. Aşakdaky 1-nji tablisade adamzat tarapyndan eldekileşdirilen haýwanlaryň esasy görnüşleri, olaryň öýdekileşdirilen ilkinji merkezleri, öýdekileşdirilen wagty baradaky maglumatlary getirýäris.

Haýwanlary eldekileşdirmäge Ýer ýüzüniň dürli sebitlerinde we künjeklerinde ýaşaýan halklar özleriniň goşantlaryny goşdylar. Bu babatda türkmen halkynyň goşan saldamly goşandy barada hem nygtap geçmek gerek.

Adamzat tarapyndan ösümlikleriň medenileşdirilmegi, ýabany haýwanlaryň peýdaly görnüşleriniň eldekileşdirilmegi ýaly möhüm ähmiýetli netijeler göniden-göni adamzadyň ekososial baglanyşyklarynyň häsiýetine täsir edipdirler.

**Birinjiden,** ekerançylygyň peýda bolmagy adamlaryň **oturymly ýaşamagyna** getirdi. Munuň özi bolsa ilatyň ýerli toparlarynyň territorial gatnaşyklarynyň pugtalanmagyny döretdi.

Hemişelik obalar peỳda boldy, şäherler ösdiler. Adamlaryň obalarda we şäherlerde toplanmaklary öz gezeginde olaryň has köp sanlysynyň ylalaşykly hereketleriniň örän ỳokary derejesini aňlatdy. Şunuň netijesinde bolsa adamyň ỳerli populỳasiỳasynyň ỳaşaỳyş gurşawyna edỳän basyşy döredi, köpeldi, pugtalandy.

*1-nji tablisa*

**Öỳ haỳwanlary we olaryň gelip çykan merkezleri**

| Haỳwanlaryň görnüşleri | Ỳabany kowumlary | Öỳdekileşdirme giň ilkinji merkezi | Öỳdekileşdirilen wagty, müň ỳyl mundan ozal |
|---|---|---|---|
| Goỳunlar | Aziỳa muflony | Alynky Aziỳa | 10-9 |
| Geçiler | Burma şahly geçi | Alynky Aziỳa | 10-9 |
| Iri şahly mallar | Tur | Kiçi Aziỳa, Ỳewropa, Demirgazyk Afrika | 8-6 |
| Buỳwol | Ỳabany buỳwol | Günorta we Günorta-Gündogar Aziỳa | 7-5 |
| Doňuz | Ỳabany ỳeke-gapan | Alynky Aziỳa | 9-8 |
| At (gylỳal) | Tarpan | Ỳewraziỳa düzlükleri | 6-5 |
| Towşan | Ỳabany towşan | Ỳewropa | 3 |
| Towuklar | Bankiw towuklary | Günorta we Günorta-Gündogar Aziỳa | 6-5 |
| Hindi towugy | Ỳabany hindi towuk | Demirgazyk Meksika | 2 |
| Gaz | Çal gaz | Ỳewropa, Demirgazyk-Gündogar Afrika, Aziỳa | 5-4 |
| Ördek | Ỳabany ördek | Ỳewropa, Aziỳa (Hytaỳ) | 4-3 |

**Ikinjiden,** adamlaryň iýmit gatnaşyklary hil taýdan özgerdi. Adamlar taryhy taýdan gysga döwrüň dowamynda (3-5 müň ýylda) iýmite eýe bolmagyň ähli haýwanlara mahsus bolan ekologik formasyndan (ýygnamak we aw awlamak), onuň düýpden täze, sosial usulyna – **azyk önümlerini öndürmäge** geçdiler. Şunuň ýaly böküş käbir ýagdaýlarda **sosial ekologiýa rewolýusiýa** hökmünde garalýar. Goşmaça energiýanyň hasabyna oba hojalyk ekinleriň hasyllylygyny ýokarlandyrmak mümkinçiligi döredi. Şol goşmaça energiýa ilki başda muskul güýçleriniň (adamlaryň özleriniň we at, öküz ýaly haýwanlaryň) hasabyna gazanylan bolsa, ol soňra maşynlaryň, irigasiýa ulgamlaryň, himiki dökünleri ulanmagyň hasabyna gazanyldy. Şu energiýa goýumlary bolsa adamzadyň tebigy gelip çykyşly iýmit gorlarynyň bolçulygynyň tebigy üýtgäp durmasyna bolan otnositel garaşsyzlygyny üpjün etdiler. Iýmitiň möçberini köpeltmegiň kuwwatly mümkinçilikleri peýda boldy. Bu bolsa adamzadyň ýaşaýan gurşawynyň umumy ekologiýa sygymynyň ulalmagyna ýardam etdi.

## 3. 4. Adamzadyň ekologiýa aragatnaşyklarynyň ösüş taryhy. Häzirki döwür

Adamzadyň ösüşi tizleşdi. Populýasiýalaryň arasyndaky gatnaşyklar giňeldi. Yzygiderli ulag (transport) akymlarynyň (atly ýörişler, düýeli kerwenler, deňiz gämileri) dürli kontinentleriň, sebitleriň, çäkleriň wekilleriniň özara alyş-çalşygy tizleşdi. Demirýollaryň, awtomobil we howa ulaglarynyň peýda bolmaklary halklaryň hem-de adam tüýsleriniň garyşyp-gatyşmaklaryny has hem ýeňilleşdirdi. Genleriň alyş-çalşygynyň has-da ösmeginiň biologik netijesi şundan ybaratdyr. Ýagny, gelejekde aýry-aýry tüýsleriň (jynslaryň) aýrybaşgalaşan ewolýusiýasynyň mümkin däldigini aňladýar. Munuň özi bolsa Ýer ýüzünde adamyň dürli sistematik kategoriýalarynyň (meselem, özbaşdak aşaky görnüşleriniň) döremegini iş ýüzünde aradan aýyrýar. Şu sebäbe görä-de, adamyň täze tüýsleriniň döremekleri mümkin däldir.

Maglumatlaryň toplanmagynyň kuwwatly ỳardamçysy bolup ỳazuwyň (hatyň) mundan 4-5 müň ỳyl mundan ozal döremegi hyzmat etdi. Bu bolsa adamyň bütin görnüş populỳasiỳasynyň umumy gazananlary hökmünde **medeniỳetiň** ösüşiniň tizleşmegine getirdi.

Soňky 200-300 ỳylyň dowamynda gazylyp alynỳan ỳangyjyň ähli görnüşleriniň (kömür, nebit, gaz) özleşdirilmegi hem-de onda jemlenen (konserwirlenen) gün energiỳasynyň dürli görnüşli maşynlaryň we mehanizmleriň işleriniň kömegi arkaly boşadylmagy aỳratyn giň möçberde ỳaỳbaňlandy. **Senagat rewolỳusiỳasy** diỳip atlandyrylỳan bu hadysa adamyň öz ỳaşaỳan gurşawyna, Ỳeriň tebigatyna ozal görlüp-eşidilmedik derejedäki kuwwatly täsirini döretdi.

*Soňky müňỳyllygyň dowamynda adamzadyň ekososial gatnaşyklarynyň ösüşiniň häsiỳetli aỳratynlygy onuň tiz ösỳän sosial ỳagdaỳy hasaplanỳar. Häzirki wagtda ol adamzat bilen tebigatyň arasyndaky özara gatnaşyklarda gürrüňsiz suratda agdyklyk edỳär.*

Häzirki zaman adamlaryň ekososial gatnaşyklarynda sosial gatnaşyklar has köp agdyklyk edỳarler. Munuň tersine, ekologik gatnaşyklar bolsa juda azdyrlar. Bu ỳagdaỳ uly şäherlerde has hem ỳiti duỳulỳar. **Urbanizasiỳa** hadysasy diỳip atlandyrylỳan şäher ilatynyň paỳynyň artmak hadysasy biziň günlerimizde güỳçli depginler bilen bolup geçỳär. Bu ỳagdaỳ ösỳän ỳurtlarda has-da aỳdyň duỳulỳar. Şäherde adamyň ỳaşaỳan gurşawy iş ỳüzünde emeli ỳagdaỳda döredilendir. Köp gatly beton ymaratlar, asfalt bilen örtülen ỳerler, hereketlenmegiň mehaniki serişdeleri we ş.m. munuň aỳdyň mysallarydyr. Şäherlerdäki ỳaşyl gazonlar, köçeleriň gyralaryndaky we jaỳlaryň töwereklerindäki agaçlar, gyrymsylar, her dürli güller, seỳilgähler, suw çüwdürimleri we howuzlar – bular diňe daşyndan seredeniňde tebigy ekosis-temalary ỳadyňa salỳarlar. Olar aslynda welin, şäher gurşawynyň örän ujypsyzja bölejigidir. Ilatyň iňňän gür ỳerleşen şäherlerde (oba ỳerleri bilen deňeşdirilende müňlerçe esse ỳokary) hem-de ỳaşamagyň tebigy

çeşmelerinden üzňelikde bolmaklyk adamlaryň ýaşaýyşy üpjünçiliginiň emeli ulgamyny ulanmazdan mümkin däldir. Ol ulgam öz içine energiýany (elektrik energiýasyny we tebigy gazy) bermegi, ulanmak üçin ýaramly bolan (arassalanan, zyýansyzlandyrylan) suwy göniden-göni ýaşaýyş jaýlaryna eltmegi, doly ýa-da kem-käsleýin taýýar bolan azyklyk önümleri mümkin boldygyça sarp edijä ýakynlaşdyrmagy, taşlandylary (zir-zibilleri) doly suratda we öz wagtynda aýyrmagy alýar. Şunuň ýaly örän çylşyrymly ulgam adamlaryň dürli kollektiwleriniň ylalaşykly hereketleri we olaryň arasynda zähmetiň bölüşilmegi mynasybetli, tehniki serişdeleri ulanmak arkaly we düýpli energetik goýumlary sarp etmek bilen, ýagny **sosial özara gatnaşyklar** arkaly hereket edýär.

Şäherlerde adamlaryň, senagatyň we ulaglaryň ýokary derejedäki toplanmasy (konsentrasiýasy) gürrüňsiz suratda adamyň ýaşaýyş şertleriniň ýaramazlaşmasyny döredýär. Howanyň we suwuň hapalanmasy bolup geçýär, sesleriň fony ýokarlanýar, emeli himiki birleşmeleri (iýmit goşundylaryny, derman serişdelerini) sarp etmek artýar, stress ýükler we ýaşaýyşyň umumy depgini ýokarlanýar. Hat-da ýaşaýyş üçin zerur bolan kislorod hem ýokary derejede hapalanan howa gurşawy tarapyndan dartylýar. Bularyň barysy şäher ilatynyň saglyk ýagdaýyna ýaramaz täsir edýär.

Iri şäherleriň ösmek meýili (tendensiýasy) hem-de ýokarda atlary agzalan ýagdaýlaryň oňaýsyz netijelerine gelejekde hem garaşylýar. Muny şu aşakdaky mysallarda – dünýä boýunça şäherleriň sanynyň artmagynda, onda ýaşaýan ilatyň çurt-kesik köpelmeginde görmek mümkin. 1955-nji ýyla çenli dünýäde ilatynyň sany 10 mln adamdan geçýän diňe ýeke şäher – Nýu-Ýork bardy. Ondan soňra London (8 mln-dan gowrak), Tokio (7 mln), Pariž (5 mln-dan gowrak) we Moskwa (5 mln golaý) ýaly şäherler dowam edýärler. Dünýäniň iri şäherleriniň 15-den diňe 4-si (Şanhaý, Buenos-Aýres, Kalkutta we Pekin) ösýän ýurtlarda ýerleşýärdiler. Şol wagtlar şäherlerde dünýä ilatynyň jemi 30 %-e golaýy ýaşaýardy. 1995-nji ýylda ilaty 10 mln bolan şäherleriň

sany 14-den geçdi. Şunda ilkinji bäşligi Tokio (26 mln adam), Nỳu-Ỳork (16 mln-dan gowrak), Mehiko (16 mln), San-Paulu (14 mln golaỳ), Şanhaỳ (14 mln) ỳaly şäherler girỳärler. Dünỳäniň iň iri şäherleriniň 15-den eỳỳäm 10-sy (Mehiko, San-Paulu, Şanhaỳ, Bombeỳ, Pekin, Kalkutta, Buenos-Aỳres, Seul, Rio-de-Žaneỳro, Jakarta) ösỳän ỳurtlaryň çägindediler. Şäher ỳaşaỳyjylary dünỳä ilatynyň 45 %-ni düzỳärdiler.

2015-nji ỳyla çenli dünỳäniň 7 sany şäheriniň ỳaşaỳyjylarynyň sany 20 milliondan geçer diỳlip çak edilỳär. Şol şäherlere Tokio (30 mln golaỳ), Bombeỳ (27 mln-dan gowrak), Lagos (25 mln golaỳ), Şanhaỳ (24 mln), Jakarta (21 mln), San-Paulu we Karaçi (her birinde 20 mln) ỳaly şäherler girỳärler. Dünỳäniň iň iri şäherleriniň diňe 2-si (Tokio we Nỳü-Ỳork) senagat taỳdan ösen ỳurtlarda, galan 13-si bolsa ösỳän ỳurtlarda ỳerleşerler. Şäher ỳaşaỳyjylarynyň sany dünỳä ilatynyň 60 %-den hem geçerdiỳlip çak edilỳär.

Ỳokarda beỳan edilen maglumatlar ilkinji nobatda şäher gurşawynyň hapalanmagynyň ähli görnüşlerini azaltmagyň hem-de ilatyň ỳaşaỳyş üpjünçiligini kämilleşdirmegiň zerurdygyny duỳdurỳarlar. Ähli adamlar, şol sanda iň uly şäherleriň ỳaşaỳyjylary hem, özleriniň biologik talaplaryny doly kanagatlandyrmazdan kadaly ỳagdaỳda ỳaşap bilmezler. Munuň üçin olar özleriniň ekologiỳa aragatnaşyklaryny gorap saklamagy hem-de olary gaỳtadan dikeltmegi talap edỳärler. Şu babatda şäherleriň tebigy ekoulgamlarda bolmak mümkinçiliklerini giňeltmek, şäher gurşawyny ekologizasiỳalaşdyrmak aỳratyn möhümdir.

## 3. 5. Adamzadyň ekologiỳa aragatnaşyklarynyň ösüş taryhy. Gelejek

Adamzadyň sosial baglanyşyklarynyň ỳakyndaky we has uzak geljekdäki ösüşiniň perspektiwalary, adam üçin Ỳeriň **sosial-ekologik sygymynyň** mümkin bolan çäkleri şu günki günde iň bir

esasy we gaỳragoỳulmasyz **wajyp meseleleriň** biri hasaplanỳar. Sözüň doly manysynda bu mesele şeỳle goỳulỳar: “Ỳer planetasynda adam ỳaşarmy ỳa-da ỳok?”.

XX asyrda adamzadyň ekologiỳa aragatnaşyklarynyň özakymlaỳyn (stihiỳalaỳyn) ösmegi tebigat bilen örän çynlakaỳ näsazlyk (konflikt) häsiỳetine barha we barha ỳiti eỳe bolỳar. Şol näsazlyk, ỳitileşme häzir ỳetjek derejesine ỳetdi. Energetik kuwwatlylyk, daşky gurşawa täsir, basyş etmegiň barha ösmegi, iri sosial (jahan uruşlary) we ekologiỳa heläkçilikleri (katastrofalary) tebigaty dargadyjy möçberlere eỳe boldylar. Ykdysady ösüşiň şu günki gündäki käbir ugurlary we depginleri ekologik nukdaỳ nazardan köre-körlük bolup, XX asyryň ahyryna çenli toplanan energiỳa mümkinçilikleri (ilkinji nobatda hem ỳadro energiỳasy) eỳỳam Ỳeriň bütin ekosistemasyny, şol sanda ony dörediji, onuň eỳesi we “dolandyryjysy” bolan adamy hem ỳok etmäge ỳeterlikdir.

Häzirki zamanyň örän ajaỳyp alamatlarynyň ỳene biri-de informasion baglanyşyklaryň ähli zatlary öz içine alỳanlygy we onuň örän tiz täsir edỳänligi bolup durỳar. Häzir bolup geçỳän **informasion rewolỳusiỳanyň** ähmiỳeti iki hilidir. Onuň oňaỳsyz (otrisatel) netijeleri örän ỳokary tizlik bilen hereket edỳän tehnologiỳalaryň (meselem, atom energetikasyny, häzirki zaman raketa-ỳadro tehnikasyny, kosmiki apparatlary dolandyrỳan kompỳuter ulgamynyň) operatoryň-adamyň biologik reaksiỳasynyň gözegçilginden (kontrollygyndan) çykmak howpy bar. Informasion rewolỳusiỳanyň oňaỳly (pložitel) jähti ỳa-da aspekti bolsa adamyň umuman ylalaşykly hereketlerini üpjün etmek mümkinçiligidir. Munuň özi adam bilen tebigatyň ösüşini hem-de durnukly ỳaşaỳyşlaryny üpjün edỳän ekososial aragatnaşyklaryň bütindünỳä ulgamyny kemala getirmek arkaly adamzadyň bütin dünỳä möçberindäki ösüşiniň stratrgiỳasyny döretmäge mümkinçilik berỳär.

Dörän älem möçberli **ekologiỳa kynçylyklaryna (krizisine)** adamzadyň sosial jogaby barha güỳçli depgin bilen

ösỳän ähliumumy **tebigaty goramak hereketidir.** Adamzadyň durnukly ösüşiniň ỳeňil-ỳelpaỳ bolmadyk örän wajyp meselelerini dürli derejelerde – halkara, döwlet, ỳerli derejelerde çözmäge synanyşyk edỳärler. Dünỳäniň ähli ỳerinde tebigaty goramak işi bilen ỳörite meşgullanỳan döwlet organlary hereket edỳärler, kanunçylyk namalary (aktlary) kabul edilỳär. Müňlerçe sany ỳerli, milli, halkara jemgyỳetleri, hereketleri we gaỳry birleşmeleri hereket edỳärler. **Ekologiỳa bilimiň** ulgamy kemala gelỳär.

XX asyryň ekologiỳa babatyndaky wajyp meseleleri we howpy döretdi. Şol meseleleriň we howpyň paỳhasly çözgüdi XXI asyra gönigendir.

*Gelejekde adamzadyň ekososial aragatnaşyklarynyň ösüşiniň kesgitleỳiji alamatlary şulardan ybarat bolar: ekologiỳa babatyndaky kynçylyklaryň ähliumumy real howpy hem-de tebigaty goramak hereketleriniň giň gerimi we ähliumumy ekologiỳa bilimi mynasybetli abanỳan şol howpy togtatmagyň real mümkinçilikleri.*

Aşakdaky iki sany esasy ỳagdaỳlar adamzadyň ekososial aragatnaşyklarynyň ösüş taryhyny kesgitleỳärler:

- adamyň ỳaşaỳyş gurşawyna bolan barha ösỳän emansipasiỳasy;
- onuň barha ỳokarlanỳan energiỳa üpjünçiligi. Bu ỳagdaỳ bir görnüşiň – adamyň öz ỳaşaỳan gurşawyna, Ỳeriň biosferasyna edỳän basyşynyň has-da güỳçlenmegini döredỳär.

## IV B a p

# HÄZIRKI ZAMAN DÜNÝÄNIŇ ÄLEM MÖÇBERLI (GLOBAL) WAJYP MESELELERI

Älem möçberi wajyp meseleler – bular bütin adamzat nesliniň öňünde durýan we gaýrygoýulmasyz çözgüdi talap edýän iňňän möhüm meseleleriň toplumdyrlar. Bu meseleler adamzadyň häzirki we geljekki nesilleriniň abadan ýaşamaklaryna howp salýarlar. Älem möçberi meseleler XX asyryň ikinji ýarymynda dünýäniň mukdar taýdan agdyklyk edýän ylmy-tehniki ösüşiniň netijesinde dörän özgertmeler, üýtgeşmeler sebäpli dörediler.

Eýsem, häzirki zaman dünýäniň älem möçberi (global) wajyp meselelerine haýsy meseleleri degişli edýärler? Ol meseleler şulardan ybarat:

- Ekologiýa babatyndaky wajyp meseleler;
- Demografiýa babatyndaky wajyp meseleler;
- Azyk üpjünçiligi bilen baglanyşykly wajyp meseleler;
- Energetika we çig mal serişdeleri bilen baglanyşykly wajyp meseleler;
- Demilitarizasiýa bilen baglanyşykly wajyp meseleler.

Şu sanalyp geçilen wajyp meseleleriň her biriniň mazmunyna, olary neneňsi çözmegiň mümkinçiliklerine aýry-aýrylykda garap geçeliň.

## 4. 1. Ekologiýa babatyndaky wajyp meseleler

Dünýädäki häzirki zaman ekologik ýagdaý – munuň özi wajyp mesele däl-de, eýsem ol hakyky krizis hasaplanýar. Şu günki günüň ekologiýa krizisi “jemgyýetiň talaplary bilen biosferanyň çig-mal (resurs) – ekologik mümkinçilikleriň bir-birlerine düýpli suratda laýyk gelmezliginde” ýüze çykýar.

Adam bilen tebigatyň arasyndaky özara gatnaşyk hakdaky gadymdan wajyp mesele biziň günlerimizde täze, has gorkuly meselä öwrüldi. Jemgyýetiň ösmegi, onuň ykdysadyýeti (durmuş-ykdysady ösüşi) tebigy gurşawyň düýpli derejede özgermegine, üýtgemegine getirdi. Ýangyç we mineral çig mallaryň azalmak, biosferanyň hapalanmak we dargamak (degradirlenmek) meýline gözegçilik edilýär.

Sosioekosistemalarda üznüksiz suratda olaryň sosial we tebigy düzüm bölekleriniň (komponentleriniň) arasynda madda, energiýa we habar (informasiýa) alyş – çalşygy bolup geçýär. Eger-de şol alyş-çalyş maddalaryň tebigatdaky berkarar bolan aýlanyşygyny we tebigy energiýa akymlaryny bozmaýan bolsa, onda sosioekosistema hereketjeň (dinamiki) deňagramlylykda bolýar. Munuň özi sosioekosistemanyň kadaly ýagdaýy hasap edilýär. Eger-de, şu deňagramlylyk sosial düzüm bölekleriň ýa-da tebigy kataklizmleriň bir taraplaýyn ösmegi netijesinde bozulsa, onda sosioekosistema hereketjeň deňagramlylyk ýagdaýyndan çykýar hem-de ol özüniň durnuklylygyny ýitirýär. Munuň özi bolsa ekosistemalaryň dargamagyna we sosial krizisleriň döremegine getirýär.

“Ekologiýa babatyndaky wajyp meseleler” düşünjesi umumylaşdyrylan görnüşinde jemgyýet bilen tebigatyň madda, energiýa, habar baglanyşyklarynyň ulgamynda döreýän gapma-garşylyklar, şol gapma-garşylyklaryň adama we onuň ýaşäýýş şertlerine edýän täsiri görnüşlerinde häsiýetlendirilýär.

Ekologiýa babatyndaky wajyp meseleleriň esasyny şu aşakdaky iňňän möhüm meseleler durýarlar:

- Tebigatdan jemgyýetiň dowam etmegi we ösmegi üçin zerur bolan maddalaryň, energiýanyň, informasiýalaryň alynmasynyň kynlaşmagy;
- Daşky tebigy gurşawyň oňa ýat bolan maddalaryň, goşmaça energiýanyň önümçilik taşlandylary bilen hapalanmagy;
- Tebigatda informasion baglanyşyklaryň, gatnaşyklaryň bozulmagy, biologik dürlüligiň garyplaşmagy;

● Ilatyň saglyk ýagdaýynyň, ykdysadyýetiň pese düşmegi, ýaramazlaşmagy, sosial durnuklylygyň bozulmagy.

Häzirki wagtda ekologiýa babatyndaky wajyp meseleleriň şu aşakdaky ýaly ýüze çykmalaryna aýratyn üns berilýär.

● **Topragyň dargamagy, onuň hatardan çykarylmagy.** Eroziýa hadysasynyň netijesinde her ýylda oba hojalyk ekinleriniň ekilýän meýdanlarynyň topragynyň 26 milliard tonna barabar mukdary dargadylýar.

Ỳer baýlyklarynyň aýry-aýry idanyjylar tarapyndan aýawsyz peýdalanmagy topragyň hasyllygynyň peselmegini we onuň zaýalanmagyna getirýär.

Topragyň zaýalanmak hadysalary onlarça aýry-aýry ýerli we dürli tebigy zolaklara häsiýetli görnüşlerde ýüze çykyp bilýär. Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli institutynyň baha bermegine görä, ýurdumyzda 446 müň km$^2$ meýdanda (Türkmenistanyň çäkleriniň 91,4%-i) ýerler zaýalanmagyň dürli ýagdaýlardaky ýüze çykmalaryna sezewar bolýar.

Türkmenistanda ekologiýa ýagdaýynyň öwrenilmegi ýerleriň zaýalanmagynyň şu aşakdaky meseleleri tapawutlandyrmaga mümkinçilik berdi:

- suwarymly ekerançylygyň şertlerinde ikilenç şorlaşma;
- Aral deňziniň guramagy zerarly dörän toprak şorlaşmasy;
- Daglyk we dag öňi ýerlerde topragyň suwuň täsiri astynda iýilmegi (eroziýasy);
- Öri (ýaýla) maldarçylygynyň güýçli depginde alnyp barylýan ýerlerinde özüleriň tapdan düşmegi (digressiýasy);
- Topragyň agrohimikatlar, senagat we durmuş galyndylary bilen hasaplanmagy.

● **Floranyň we faunanyň köp görnüşleriniň Ỳer ýüzünden ýitip gitmekleri. (biologik dürlüliginiň azalmagy).** Alymlaryň maglumatlaryna görä, ỳakyn geljekdäki 20 ỳylyň

dowamynda häzirki wagtda Ỳer ỳüzünde ỳaşaỳan ösümlikleriň we haỳwanlaryň ähli görnüşleriniň 1/5 bölegininiň ỳitip gitmegi juda ähtimal.

Müňýyllyklaryň dowamynda adam täsiri bilen ösümlik we haýwanlaryň arasyndaky tebigy sazlaşygyň bozulmagy netijesinde, olaryň köp görnüşleri ýitip gitdi, bir näçeleri bolsa ýok bolmagyň öň ýanynda. Mysal üçin, diňe geçen ýüz ýylyň dowamynda Türkmenistanyň çäklerinden turan gaplaňy, gum gaplaňy we murgap daşdeşeni ýok boldy. Ýitip ýok bolup barýan görnüşleri gorap saklamak üçin Türkmenistanyň Gyzyl kitaplary çapdan çykdy (1985-nji ýylda-152, 1999-njy ýylda hem 261 görnüşi girizildi). Gyzyl kitabynyň 2-nji neşirine girizilen görnüşleriň sanynyň artmagyna, oňa oňurgasyz haýwanlaryň, kömelekleriň, lişaýnikleriň, paporotnikleriň, açyktohumlylaryň birnäçe görnüşleriniň alynmagy bilen baglydyr. Türkmenistanyň biodürlüligi - 19747 görnüşe golaý: 7064-e golaý ösümlik, 13 müňe golaý oňurgaly we oňurgasyz haýwanlary özünde jemleýär.

Biologik dürliligiň azaltmagynyň ençeme sebäpleri bar. Olaryň arasynda tebigy hem-de demografik sebäpleri unutmak bolmaz.

Ỳagyn-ỳagmyryň azlygy, şol zerarly suwuň ỳetmezçilik etmegi Türkmenistanyň howa şertleriniň aỳratynlyklarynyň biridir. Şunuň netijesinde tebigy şertlerde ösümlikler juda seỳrek bolỳarlar. Bulardan başga-da, ösümlikleriň adamlar tarapyndan dürli maksatlar (odun taỳyarlamak, mallaryň aşa köp bakylmagy we beỳlekiler) üçin ulanylmagy olaryň dikeldiş işlerini haỳalladỳarlar. Türkmenistanyň ösümlikleriň we haỳwanlaryň köp görnüşi üçin häsiỳetlidir. Tebigatda süỳrenjileriň köp sanly görnüşleri diňe çäklije ỳerlerde duş gelỳärler.

Haỳwanlaryň we ösümlikleriň ỳaşaỳan ỳerleriniň ahmallygy we adam tarapyndan goşmaça zor salynmagy şol görnüşleri ejizledỳär, şikese durumsyz edỳär.

Ilatyň san taỳdan ösüşiniň ỳokary derejesi, şeỳle hem onuň ykdysady ỳagdaỳynyň gowulaşmagy önümçilik bölegininiň, hususan-

da oba hojalyk böleginiň, şeỳle hem pudaklaryň düzüminiň (ỳollar, suw üpjünçiligi we beỳlekiler) ösdürilmegini talap eder. Bu bolsa tebigy ekoulgama zor salmany güỳçlendirer we öz nobatynda töwerekdäki gurşawy goramak üçin mümkin bolan ähli tagallalary etmegi talap eder.

Durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek maksady bilen öz biologik baỳlyklaryny aỳawly saklamaga ymtylỳan birnäçe ỳurtlarda hut biologik dürlüligiň häsiỳetnamasy döwletiň ekologiỳa syỳasatynyň esasyny düzỳär. Türkmenistan hem şeỳle ỳurtlara degişlidir. Türkmenistanyň Prezidentiniň yglan eden ekologiỳa syỳasaty birnäçe örän wajyp kanunçykaryjylyk kararlar bilen berkidilendir hem-de biziň ülkämiziň seỳrek duş gelỳän ösümlik we haỳwanat dünỳäsini mümkingadar saklamaga we tygşytly ulanmaga gönükdirilendir.

● **Klimatyň üỳtgemegi.** Alymlaryň we hünärmenleriň pikiriçe 2050-nji ỳyla çenli Ỳer ỳüzünde howanyň temperaturasynyň ortaça ỳyllyk görkezijisi 1,5 – 4,5 $^{0}$C – ä barabar bolar. Munuň özi daşky gurşawda möhüm ekologik meseleleriň döremegine getirer.

Türkmenistan 1995-nji ỳylda BMG-niň klimatyň üỳtgemesi hakyndaky Çäkli konwensiỳasynda gol çegdi. Şu Çäkli konwensiỳany ỳerine ỳetirmegiň çäklerinde ỳurdumyzda Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda belli bir işler amal edildi:

- klimatyň häzirki döwürde üỳtgeỳişine barlaglar geçirildi we atmosferada $SO_2$ ỳygnanmagynyň iki esse artjak döwri üçin öňünden kesgitleme düzüldi;
- klimatyň üỳtgemegi netijesinde oba hojalygynyň, maldarçylygyň, öri meỳdanlarynyň, suw gorlarynyň nä derejede ỳaramazlaşjakdygyna baha bermeklik berjaỳ edildi.
- adam tarapyndan döredilỳän zyňyndylaryň, howa göterilen gazlaryň yzyna serpikmeginiň milli ỳazgysy düzüldi.

Şu meseleleri üstünlikli çözmegiň anyk bir mysallary hökmünde Abadan şäherindäki döwlet elektrik bekediniň durkuny täzelemek boỳunça durmuşa geçirilen we amala aşyrylỳan tutumly işleri görkezmek mümkin. Bu ỳerde Merkezi Aziỳa sebitinde häzirlikçe birinji we ỳeke-täk bolan, kuwwaty 123 mwt "Jeneral elektrik" gaz turbinasy işe girizildi. Şonuň netijesinde $CO_2$ zyňyndylarynyň möçberi 30 % kemeldi.

● **Tebigy gurşawyň hapalanmagy.** Häzirki wagtda bütin dünỳä möç-berinde senagatda, oba hojalygynda, gündelik durmuşda himiki maddalaryň 70 müňe golaỳ dürli görnüşleri ulanylỳar. Şunça mukdardaky himiki maddalaryň üstüne ỳene-de ỳylda 500-den 1000-e çenli täze görnüşleri goşulỳar. Bu himiki maddalar daşky tebigy gurşawy belli bir derejede hapalaỳarlar.

Ỳeriň atmosferasyna adamyň işjeňligi netijesinde her ỳylda 156 mln. tonna kükürtli gaz, 60 mln. tonna azodyň oksidleri zyňylỳar. Senagat kärhanalarynyň ỳerleşỳän ỳerinde howa has hem güỳçli derejede hapalanỳar. Meselem, Tokioda her aỳda şäheriň her bir inedördil (kwadrat) meỳdanynyň üstüne 34 tonna, Nỳu-Ỳorkda bolsa 17 tonna mukdarda gurum (saža) düşỳär. 1990-njy ỳylda Mangitogorskide marten peçlerinde ỳylda 16 million tonna polat eredilỳär. Şunuň netijesinde atmosfera zyňylỳan zyňyndylaryň mukdary ỳylda 870 müň tonna ỳetỳär. Munuň özi ilatyň jan başyna ỳylda 20 tonna zyňyndynyň düşỳändigini aňladỳar. Bu zyňyndylaryň diňe ỳarysy süzgüçler (filtrler) arkaly geçipdirler we awuly maddalaryň diňe 1/3 bölegi süzgüçlerde çöküp galypdyrlar.

● **Atmosferanyň ỳokarky gatlaklarynda ozon gatlagynyň darga-magy.** Adam we beỳleki janly organizmler üçin howanyň **hlorftoruglerodlar** ỳa-da **freonlar** ($CFCl_3$, $CF_2Cl_2$) bilen hapalanmagynyň örän oňaỳsyz netijeleri bar. Bu maddalary sowadyjy enjamlarda, ỳarym geçirijileri öndürmekde we aerozol ballonjagazlarda ulanỳarlar. Freonlaryň daşky gurşawa bölünip çykmagy 20-50 km belentlikde ỳerleşỳän ỳuka ozon gatlagynda olaryň peỳda bolmaklaryna getirỳär. Bu gatlagyň galyňlygy örän ujypsyz: ekwatorda – 2 mm, kadaly şertlerde polỳuslarda bolsa 4

mm. Bu ỳerde ozonyň iň ỳokary (maksimal) konsentrasiỳasy beỳleki gazlaryň million böleginiň 8 bölegine deňdir. Ozon ekrany tolkun uzynlygy 290 km bolan bolan gaty ultramelewşe şöhlesini özüne sorup alỳar. Şu sebäpli-de, Ỳeriň üst ỳüzüne adam we ỳokary gurluşly haỳwanlar üçin peỳdaly, mikroorganizmler üçin bolsa ölüm howply bolan ultramelewşe şöhleleri gelip düşỳärler. Ultramelewşe şöhleleriň täsiri astynda freonlaryň dargamagy netijesinde hlor we ftor bölünip çykỳarlar. Olar hem ozon bilen özara täsirleşỳärler. Ozon gatlagynyň çürt-kesik azalmak (kiçelmek) howpy bar. Bu bolsa deri örtüginiň üstünde rak keselleriniň köpelmegine getirỳär. Häzirki wagtda Antraktidanyň, Awstraliỳanyň, Günorta Amerikanyň, Ýewraziỳanyň käbir ỳerleriniň çäkleriniň ỳokarsynda ozon gatlagynyň ỳukalmagyna, ozon deşikleriniň peỳda bolmagyna syn ediỳär.

Türkmenistan döwleti “Ozon gatlagyny goramak barada” Wena beỳannamasyna (protokolyna) hem-de ozon gatlagyna zyỳan ỳetirỳän maddalar boỳunça Monreal beỳannamasyna (protokolyna) 1993-nji ỳylda gol çekdi we olary tassyklady.

Ozony zaỳalanỳan serişdeleri kem-kemden dolanyşykdan çykarmak hem-de olary başga maddalar bilen çalşyrmak işleriniň ỳerine ỳetirilmegine gözegçiligi Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi amala aşyrỳar. Bu ugurda Konwensiỳalary ỳerine ỳetirmek boỳunça döwlet barlagçylar toparynyň ỳanynda döredilen işçi topary tarapyndan milli maksatnama işlenip taỳỳarlanyldy.

Häzirki wagtda Türkmenistan Monreal beỳannamasyna girizilen maddalary hem-de freony öndürmeỳär, düzümine gallonlar girỳän köpürjikleri we ot öçürijileri ulanmaỳar.

Ekologiỳa babatyndaky wajypmeseleleriň arasynda ỳerli (lokal), sebit we älem möçberli ỳüze çykỳan meseleleri tapawutlandyrỳarlar. Şu derejeleriň bütewiligi, umumylygy bolsa ekologiỳa babatyndaky meseleleriň esasy aỳratynlyklarynyň biridir. Ol biosferanyň bütewiligi, geosferada iňňän çylşyrymly baglanyşyklaryň bolmagy bilen kesgitlenỳär. Tebigy ulgamlara göniden-göni täsir etmek, olaryň durkuny özgertmek hem-de şol

ulgamlaryň hapalanmasy ỳerli (lokal) derejede (aỳry-aỳry ilatly mesgenlerde, senagat merkezlerinde) bolup geçỳärler. Emma şu derejede tebigy ulgamlara tehnogen täsirler togtamaỳarlar, olar älem möçberli masştablara çenli ỳaỳramaklaryny dowam edỳärler. Atmosferanyň ozon gatlagynyň zaỳalanmasy, Zeminiň radiasion fonynyň ỳokarlanmasy ỳaly hadysalar otnositel özbaşdak, älem möçberli häsiỳete eỳe boldylar. Bu hadysalar biziň planetamyzyň her bir nokadynda özüniň şöhlelenmesini tapỳar.

## 4. 2. Demografiỳa babatyndaky wajyp meseleler

Dünỳädäki ekologiỳa ỳagdaỳ köp babatlarda ilatyň sany bilen baglanyşyklydyr. Ỳer ỳüzünde adamlaryň sany näçe köp boldygyça, olar tebigaty has güỳçli derejede özleşdirỳärler, senagaty ösdürỳärler, oba hojalygy giňden ỳaỳbaňlanỳar. Netijede, biosfera edilỳän täsir, basyş näçe güỳçli bolsa, tebigy gurşawa edilỳän umumy täsir hem güỳçli bolỳar.

Ilat – munuň özi biziň planetamyzda ỳaşaỳan adamlaryň umumy jemidir. Adam urugynyň, nesliniň ỳaşamagy we dowam etmegi ilatyň üznüksiz suratda dikelip durỳan sany mynasybetli amala aşyrylỳar. Ilatyň sanynyň artmagy, köpelmegi ençeme sebäplere (faktorlara) baglydyr. Şol sebäpleri adatça mediko-biologik, durmuş-ykdysady we dünỳägaraỳyş-gymmatlyk ỳaly toparlara bölỳärler.

Ilat meselesini öwrenmäge bolan taryhy çemeleşmeler Ỳer ỳüzünde ilatyň umumy sanynyň gyşarnyksyz suratda artỳandygyny görkezỳär. Eger-de, gadymy (antik) döwürde ilatyň her ỳylky ösüşi 0,1 %-e golaỳ bolan bolsa, onda XX asyryň ikinji ỳarymynda bu görkeziji 2 %-e ỳetdi.

1750-nji ỳyldan bäri Ỳer ỳüzünde ilatyň umumy sany 7 esse, 1900-nji ỳyldan bäri 3 esse, 1950-nji ỳyldan bäri bolsa 2 esse artypdyr. BMG-niň seljerijileriniň (ekspertleriniň) çaklamalaryna görä, Ỳer ỳüzüniň ilatynyň umumy sany XXI asyryň başlarynda 6

milliarda barabar bolan bolsa, onda bu görkeziji XXI asyryň ortalarynda 9 milliarda barabar bolar.

Häzirki wagtda dünýä ilaty her sekuntda 3 adam artýar. Munuň özi her günde dünýä boýunça 250 müň çaganyň dünýä inýändigini aňladýar. Bu bolsa dünýäniň ilatynyň her ýylda 90-100 mln adam artýandygyndan habar berýär. Bu sanlar Günorta Ýewropanyň ýa-da Merkezi Aziýanyň ilatyna deňdir. 1990-njy ýyllarda ilatyň sany taryhda ozal görlüp-eşidilmedik derejede artdy.

Ýer ýüzünde ilatyň sanynyň şunuň ýaly güýçli depginler bilen artmagy **demografik rewolýusiýa** bilen baglanyşyklydyr. *Demografik rewolýusiýa – munuň özi ýokary derejedäki ölüm-ýitimiň we dogulyşyň deňagramlylygyna esaslanýan ilatyň däp bolan köpeliş usulyndan esasynda pes derejedäki ölüm-ýitimiň we dogulyşyň deňagramlylygy ýatýan has ösen (progressiw) usulyna geçmekdir.* Demografik rewolýusiýanyň habarçysy hökmünde umumy sosial, ykdysady we medeni özgermeler bilen şertlenýän ölüm-ýitimiň pes derejesi çykyş edýär. Şol özgermeler ylmyň, tehnikanyň we aýratyn-da medisinanyň ösmegi mynasybetli mümkin bolýar.

Ölüm-ýitimiň peselmegi dogulyşyň we ölüm-ýitimiň arasyndaky taryhy taýdan dowam edip gelýän deňagramlylygy bozup, dowam edýän dogulyşy peseltmegi göz öňünde tutýar. Demografik rewolýusiýanyň düýp mazmuny hem şundan ybaratdyr. Emma eýýam uzak wagtyň dowamynda otnositel pes derejedäki ölüm-ýitim ýokary derejedäki dogluş bilen utgaşýar. Munuň özi bolsa demografik partlama getirdi.

Häzirki wagtda medisinanyň gazanan üstünlikleri otnositel sada serişdeleriň kömegi arkaly çaga dogulyşyny sazlamaga mümkinçilik berýär. Emma bu usul çaga dogulyşy babatyndaky taryhy taýdan toplanylan däp bolup gelýän adatlar tarapyndan gysylyp çykarylýar. Şu babatda Aziýanyň, Afrikanyň we Latyn Amerikasynyň ösýän ýurtlaryndaky ýagdaý aýratyn howsala döredýär.

Iňlis ykdysatçysy Tomas Maltus (1766-1834) ilkinji bolup ilatyň sanynyň artdygy saỳyn oba hojalyk ekinlerini ekmek üçin ỳaramly ỳerleriň otnositel ỳetmezçilik etjekdigine, azyk önümleriniň bahalarynyň ỳokarlanjyk-dygyna, bu ỳagdaỳyň bolsa ahyrda ilatyň sanynyň artmagyny togtatjakdygyna üns berdi. Ikinji jahan urşundan soňra dünỳäniň ilatynyň sany bütin adamzat taryhynda ozal asla görlüp-eşidilmedik suratda artdy. Munuň özi bolsa Ỳeriň adamlary tebigy ätiỳaçlyklar (resurslar) bilen üpjün edip bilmek mümkinçiliklerine üns bermegi hünärmenlerden talap etdi. Häzirki wagtda ilatyň sanynyň artmagynyň pese düşmeginiň zerurlygy esaslandyryldy. Munuň özi ilkinji nobatda, biziň planetamyzyň esasy tebigy ätiỳaçlyklarynyň çäkliligi bilen baglanyşyklydyr.

## 4. 3. Azyk üpjünçiligi bilen baglanyşykly wajyp meseleler

XXI asyryň başynda ilaty azyk bilen üpjün etmek meselesiniň häzirki zamanyň älem möçberli mesele bolup durỳanlygy ilki göräỳmäge ony gereginden artyk ulaltmak ỳaly bolup görünmegi ähtimal. Emma bu durmuş hakykaty. Dünỳäde azyk önümçiligi ilatyň sanynyň köpelmeginden tiz ỳokarlanỳar. Dünỳäniň ähli statistiki maglumatlary planetamyzyň ỳaşaỳyjylarynyň umuman, azyk önümleri bilen oňat üpjün edilendiklerini görkezỳärler. Emma bu maglumatlar bütin dünỳä degişli maglumatlardyr. Şol bir wagtyň özünde bolsa Ỳer ỳüzüniň aỳry-aỳry sebitlerinde we ỳurtlarynda ỳagdaỳ öwerlikli däl. Munuň üstesine-de baỳ ỳurtlar hasaplanỳan günbataryň ỳurtlarynda köplenç azyk bilen baglanyşykly wajyp meseleler (problemalar) barada gürrüň edilỳär.

Dünỳäde azyk önümleri bilen baglanyşykly ỳagdaỳa baha bermek üçin Ỳer ỳüzüniň ilatynyň däne bilen iỳmitlenỳändigini aỳdyňlaşdyrmak zerur. Umuman, azyk önümleriň aşakdaky ỳaly 3 görnüşini tapwutlandyrỳarlar:

1. **Tebigy azyk önümleri.**
2. **Ösdürilip ỳetişdirilỳän azyk önümleri.**
3. **Senagat tarapyndan öndürilỳän azyk önümleri.**

Hojalygyň barha ösmegi bilen tebigy azyk önümleriň möçberi azalyp, senagat tarapyndan öndürilỳän azyk önümleriniň möçberi artỳar. Häzire çenli dünỳä ilatynyň esasy bölegi, ilkinji nobatda hem ösỳän ỳurtlaryň ilaty, tebigy we ösdürilip ỳetişdirilỳän azyk önümlerini sarp edỳärler.

Dünỳädäki azyk üpjünçiligi bilen baglanyşykly wajyp meseleler Ỳer ỳüzüniň dürli künjekleriniň dürli sebitlerinde birmeňzeş däldir. Iň bir köne jäht (aspekt) – azyk ỳetmezçiligi we hat-da açlyk hasaplanỳar. Azyk önümleriniň ỳetmezçilik etmegi adamzat taryhynda hemişe-de bolupdyr. Häzirki wagtda bu mesele XX asyryň 70-nji ỳyllarynyň birinji ỳarymynda aỳratyn hem ỳitileşdi. Şol wagtlar azyk üpjünçiligi meselesi ilkinji gezek wajyp mesele hökmünde atlandyryldy. Dogry, bu mesele şol wagtlar diňe ösỳän ỳurtlara degişlidi. Içki we daşky täsirleriň goşulyşmagy azyk üpjünçiligi meselesinde has dartgynly ỳagdaỳy döretdi. XX asyryň 70-nji ỳyllarynyň birinji ỳarymynda dünỳäniň ösỳän ỳurtlarynda azyk üpjünçiligi bilen baglanyşykly meseleleriň ỳitileşmesini aşakdaky 5-nji suratdan görmek mümkin:

Ösỳän dünỳäde esasy azyk önümi bolan dänäniň öndürilişiniň artyşy ilatyň sanynyň artyş depgininden güỳçli suratda yza galyp başlady. Meselem, 1950-1970-nji ỳyllar aralygynda bütin dünỳä boỳunça ilatyň her ỳylky artyşy 1,9 % bolan bolsa, onda dänäniň öndürilişiniň her ỳylky artyşy 3,1 %-e barabar boldy. Munuň özi ilatyň jan başyna düşỳän dänäniň öndürilişiniň 1,2 % bolandygyny aňladỳar. 1973-1986-njy ỳyllar aralygynda dünỳä ilatynyň her ỳyldaky artyşy 1,7 %-e deň boldy, dänäniň öndürilişiniň artyşy bolsa 2,1 %-e çenli pese düşdi. Bu bolsa öndürilỳän dänäniň jan başyna düşỳän mukdarynyň 0,4 %-e çenli azalandygyny aňladỳar.

XX asyryň 90-njy ỳyllarynda ösỳän ỳurtlaryň aglabasynda azyk üpjünçiligi bilen baglanyşykly mesele gowulanmady. Munuň

esasy sebäpleriniň biri-de durmuş-ykdysady sebäpler bolup durỳarlar. Ilatyň sanynyň artmagynyň saklanyp duran ỳokary depgini, dowam edỳän urbanizasiỳa hadysasy hem-de eksport edilỳän azyklyk ekinlere ugrukmaklyk azyk önümleri bilen üpjünçilik meselesini gowulandyrmaga mümkinçilik bermeỳärler.




**5-nji surat.** Dünỳäniň ösỳän ỳurtlarynda XX asyryň 70-nji ỳyllarynyň birinji ỳarymynda azyk üpjünçiligi bilen baglanyşykly meseleleriň ỳitileşmegi.

Ekerançylygyň däp bolan ulgamy azyk önümleriniň esasy bölegini öndürmäge mümkinçilik berýän hem bolsa, ol ilatyň şeýle köp mukdaryna niýetlenen däldir. Netijede, takmynan 1 mlrd adam açlyk çekýär ýa-da olaryň doýa garny doýmaýar. Bu ýagdaý ilkinji nobatda Günorta Aziýanyň we Afrikanyň ilatyna degişlidir. Bütin Ýer ýüzi boýunça açlykdan her ýylda 13-18 mln adam dünýäden ötýär. Munuň özi her minutda 20 adamyň şu ýagty jahan bilen baky hoşlaşýandyklaryny aňladýar.

Dünýäniň ösen ýurtlarynda azyk üpjünçiligi bilen baglanyşykly wajyp meseleler düýbünden başgaça mazmuna eýe. Bu ýurtlaryň ilatynyň aglaba bölegi azyk önümleriniň ýetmezçiliginden däl-de, onuň artykmaçlyk etmeginden ejir çekýär. Günbatarda sarp edilýän azyk önümleriniň ýokumlylygy (kaloriýalylygy) ylmy taýdan esaslandyrylan kadadan (normadan) 1/3 esse artykmaçlyk edýär. 1993-nji ýylyň maglumatlaryna görä, ABŞ-nyň ilatynyň 1/3 bölege golaýy bedeniň agramynyň artykmaçlyk etmeginden (semizlikden) ejir çekýär. Amerikalylar ýörite berhizlik (dietik) azyk önümlerine we “semizler üçin kurslara” her ýylda 33 mln dollar sarp edýärler. Şu meseleleri ösýän ýurtlardaky açlyk bilen deňeşdirip bolmasa-da, olar hem özboluşly wajyp meseleler hasaplanýarlar.

Türkmenistanyň mukaddes döwlet Garaşsyzlygyny gazanmagy bilen ýurtda azyk üpjünçiligi bilen baglanyşykly meseleleri çözmäge aýratyn üns berlip başlandy. Döwletimiziň azyk howpsyzlygyny üpjün etmek, ýurtda azyk bolçulygyny döretmek maksady bilen 2000-nji ýylyň 15-nji iýunynda “Azyk howpsyzlygy hakynda” Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Bu kanun ýurda durmuş-ykdysady özgertmeleriniň baş ugruna laýyklykda Türkmenistanyň azyk howpsyzlygyny üpjün etmegiň çygrynda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegiň esasy ugurlaryny kesgitleýär. Şeýle hem raýatlaryň sagdyn we talaba laýyk iýmite bolan hukuklaryny amala aşyrmagynyň hukuk esaslaryny belleýär. Kanunyň 1-nji maddasynda şeýle ýazylan: **“Türkmenistanyň azyk**

**howpsyzlygy – munuň özi döwletiň ykdysadyýetiniň ýagdaýy bolup, şunda durmuş taýdan möhüm azyk önümlerini we azyk çig malyny öndürmegiň zerur derejesi üpjün edilýär, şeýle hem işeňňir we sagdyn durmuş üçin zerur bolan mukdarda ähli ilat üçin azygyň elýeterliligi kepillendirilýär.**

**Şunda durmuş taýdan möhüm azyk önümleri diýip gurluşy we möçberleri boýunça Türkmenistanyň ilatynyň azyk rasionynyň esasy bolup durýan azyk önümlerine düşünilýär".**

Azyklyk ekinleriň arasynda Ak bugdaýa taý geljegi tapdyrmaz. Sebäbi onuň düzümindäki ýaşaýyş üçin iňňän zerur ýokumly maddalar, adamyň iýmite bolan talabyny 70%-e çenli üpjün edýär.

Elli asyr bäri halkymyzyň rysgal-döwletiniň egsilmez çeşmesi bolan gadymy türkmen topragy bu gün öz hak eýesiniň – Garaşsyzlyk zamanasynyň babadaýhan nesliniň yhlasyndan, alyn derinden ganyp, ak bugdaýyň, beýleki oba hojalyk ekinleriniň bol hasylyny eçilýär. Ýylyň-ýylyna ak bugdaýyň bol hasylyny öndürmek Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzda indi asylly däpleriň birine öwrüldi.

Müňlerçe ýyllaryň dowamynda toprakdan mähir alan türkmen halkymyz Ahalda, Balkan degresinde, Dehistanda, Maşat-Misserianda, Merwde, Köne-ürgençde, Etrek-Gürgende ak bugdaý ekip bol hasyl alypdyrlar we ýokary hilli ak bugdaýy Ýewropanyň, Aziýanyň bazarlarynda ýerläpdirler. Şeýlelik bilen türkmen ak bugdaýynyň şöhraty älem-jahana ýaýrapdyr.

Beýik Garaşsyzlygymyza eýe bolmagymyz bilen şöhratly ata-babalarymyzdan miras galan milli gymmatlyklarymyzyň we mukaddesliklerimiziň biri bolan ak bugdaýyň tohumy täzeden dikeldildi we saçaklarymyzyň bereketine, toýlarymyzyň bezegine öwrüldi.

"Azyk howpsyzlygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyny berjaý etme-giň çäklerinde ýurt Garaşsyzlygymyzyň ýyllary içinde maldarçylykda hem uly üstünlikler gazanyldy. Mallaryň baş sany

köpeldi. Maldarçylyk önümlerini gaỳtadan işlemek boỳunça ep-esli öňe gidişler gazanyldy.

Türkmenistanyň Azyk senagaty assosiasiýasynyň 2008-nji ýyldaky önümçilik görkezijileriň ösüş depgininiň 2007-nji ýyl bilen deňeşdirilende 1,8 esse ýokarlanandy.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumumyzda diňe bir azyk bolçulygyny döretmek bilen çäklenmän, bazardaky azyk harytlarynyň elýeterlidigine, adam organizmine zyýansyzdygyna, ekologiýa-sanitariýa taýdan arassalygyna, ulanyş wagtynyň çäginden geçmändigine, öndürilýän önümiň assortimentine (köp dürlüligine), onuň hiline, daşky bezegine, medeni-satuw derejesine ünsi güýçlendirmegi beýik Galkynyşlar eýamynyň talaby diýip nygtaýar.

Türkmenistanyň azyk howpsuzlygyny üpjün etmek çygrynda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegiň esasy ugurlarynyň kanynçylyk hukuk binýady Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda işlenilip taýarlanan we 2008-nji ýylda täzeden Kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynda öz beýanyny tapdy, şeýle hem raýatlaryň sagdyn we talaba laýyk iýmite bolan hukuklaryny amala aşyrmagyň hukuk esaslary “Azyk howsuzlygy hakynda”, “Iýmit önümleriniň hili we howpsuzlygy hakynda” Türkmenistanyň kanunlarynda kepillendirilendir, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgeleri we kadalarydyr, Türkmenistanyň halkara şertnamalarydyr, şeýle hem raýatlaryň azyga bolan talaplaryny kanagatlandyrmak hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça olaryň esasynda Kabul edilen beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarydyr.

### 4. 4. Energetika we çig mal serişdeleri bilen baglanyşykly bolan wajyp meseleler

Sözüň giň manysynda tebigy baỳlyklar (resurslar) diỳip, biziň daşymyzy gurşap alỳan ähli material dünỳä düşünmek mümkin. Iş ỳüzünde welin, “tebigy baỳlyklar” düşünjesi jemgyỳet

tarapyndan hakykat ỳüzünde peỳdalanmasy mümkin bolan maddalary we tebigatyň güỳçlerini öz içine alỳar.

Adatça tebigy baỳlyklar şu aşakdaky ỳaly toparlara bölỳärler (6-njy surat).

**Tükenỳän tebigy baỳlyklar** öz gezeginde gaỳtadan dikelmeỳän we dikelỳän baỳlyklara bölünỳärler. Dikelmeỳän tebigy baỳlyklara öz harçlanmak tizliginden ỳüzlerçe esse haỳal döreỳän ỳa-da dikelỳän baỳlyklar degişlidirler. Olaryň hataryna nebit, daş kömür, metal magdanlary, beỳleki köp sanly gazma baỳlyklar degişlidirler. Bu baỳlyklaryň tebigatdaky

äỳtiỳaçlyklary çäklidirler. Olary gorap saklamak çäreleri bu baỳlyklary örän tygşytly peỳdalanmakdan ybaratdyr.

Gaỳtadan dikelỳän tebigy baỳlyklara toprak, ösümlik we haỳwanat dünỳäsi, şeỳle hem köllerde we deňizlerde çökỳän glauber we nahar duzlary ỳaly mineral duzlar degişlidirler. Bu tebigy baỳlyklar üznüksiz suratda dikelỳärler. Emma olaryň gaỳtadan dikelmek tizligi dürlüçe bolỳar. Meselem, haỳwanlar birnäçe ỳylyň dowamynda, tokaỳlar – 60-80 ỳylda, hasyllylygyny ỳitiren toprak bolsa birnäçe müňỳyllyklaryň dowamynda gaỳtadan dikelỳärler.

**Tükenỳän tebigy baỳlyklara** suw, klimat, kosmos baỳlyklary degişlidirler. Ỳer togalagynda suwuň umumy äỳtiỳaçlyklary tükeniksiz hasaplanỳar. Onuň esasy bölegini Dünỳä ummanynyň duzly suwlary düzỳärler. Emma ol suwlar häzirlikçe adamzat tarapyndan az derejede peỳdalanỳar. Ỳer ỳüzüniň aỳry-aỳry künjeklerinde deňizleriň we ummanlaryň suwlary nebit, durmuş hyzmaty we senagat kärhanalarynyň taşlandylary, ekin meỳdanlaryna dökülỳän dökünler we awuly maddalar bilen hapalanỳarlar. Munuň özi bolsa deňizlerde we ummanlarda ỳaşaỳan ösümlikleriň hem-de haỳwanlaryň ỳaşaỳyş şertlerini ỳaramazlaşdyrỳar. Adam üçin zerur bolan süỳji suw tükenỳän tebigy baỳlyk hasaplanỳar. Süỳji suw bilen baglanyşykly bolan wajyp meseleler ỳylyň-ỳylyna ỳitileşỳär. Munuň özi derỳalaryň we kölleriň suwlarynyň azalmagy, ol suwlaryň ekerançylykda suwaryş

işlerinde we senagat maksatlary üçin ulanylmagy bilen baglanyşyklydyr.




**6-njy surat.** Tebigy baỳlyklar we olaryň görnüşleri.

Suw baỳlyklaryny tygşytly harçlamak we pugta gorap saklamak zerurdyr. Şu babatda Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistanda 1994-nji ýylyň 26-njy dekabyrynda “Suw damjasy – altyn dänesi” milli baỳramyň esaslandyrylmagynyň uly ähmiỳeti bar. Bu baỳram ỳurdumyzda her ỳylda uly baỳram hökmünde dabaraly bellenip geçilỳär.Häzirki täze Galkynyş we beýik

özgertmeler eýamynda bolsa bu baýramyň ähmiýeti has artdy. Hormatly Prezidentimiziň aýdyşy ýaly, indi bu baýram diňe bir ählihalk dabarasy hökmünde bellenilmän, eýsem, onda altyn dänesine deňelýän suwuň her damjasyny tygşytly ulanmagyň dünýä ülňelerine laýyk gelýän täze usullaryny durmuşa ornaşdyrmagyň ýollary barada çynlakaý maslahat edilýär.

**Klimat baỳlyklaryň** hataryna atmosfera howasy we ỳeliň energiỳasy degişlidirler. Olar hem tükenmeỳän tebigy baỳlyklar hasaplanỳarlar. Emma senagatyň we transportyň ösmegi bilen howa tüsseler, tozanlar we zäherli gazlar bilen güỳçli derejede hapalanỳar. Uly şäherlerde we iri senagat merkezlerinde howanyň hapalanmagy adamlaryň saglygy üçin howply bolup durỳar.

**Kosmiki baỳlyklara** gün radiasiỳasy, deňizleriň daşgynlarynyň we gaỳytgynlarynyň energiỳasy degişlidirler. Olar hem tükeniksizdirler. Emma şäherlerde we senagat merkezlerinde gün radiasiỳasy howanyň güỳçli derejede tozanlar we tüsseler bilen hapalanmagy netijesinde azalỳar. Munuň özi bolsa adamlaryň saglygyna ỳaramaz, oňaỳsyz täsir edyär.

Häzirki zaman dünỳäsinde wajyp meseleleriň biri hem energiỳa üpjünçiligi bilen baglanyşykly meselelerdir. Ỳanyjy gazma baỳlyklaryň gorlarynyň azalmagy, olary gazyp almagyň çylşyrymlaşmagy bilen baglanyşyklylykda, adamzady energiỳa bilen üpjün etmegiň zerurlygy hem ỳitileşỳär. Häzirki döwürde öndürilỳän energiỳanyň 60 göterimden hem gowragy nebiti, kömri we gazy ỳakmagyň hasabyna alynỳar. Şunuň bilen birlikde hem adamyň energiỳa bolan talaplary ỳylyň-ỳylyna ỳokarlanỳar. Jemgyỳetde ỳaşaỳyşyň ähli taraplary energiỳa bilen üpjünçiligiň derejesine pugta baglydyr. Beỳleki çeşmeleri ulanmak ỳoly arkaly jemgyỳetiň energiỳa bilan üpjünçiliginiň talaplaryny gysga wagtyň içinde kanagatlandyrmak ỳaly iňňän çylşyrymly ylmy-tehniki wezipe gelip çykỳar.

Bu ỳagdaỳy köp babatlarda XX ỳüzỳyllygyň ikinji ỳarymynda atom energetikasynyň ösmegi kesgitlendi. Emma atom elektrostansiỳalarynyň ulanylmagy (ekspulatasiỳasy) birnäçe wajyp

meseleleriň döremegine getirdi. Şol wajyp meseleler energetikanyň şu pudagyny mundan buỳana ösdürmezden ozal çözülmelidirler. Bu wajyp meseleler ilkinji nobatda, atom reaktorlarynyň howpsyz işlemekleri hem-de olaryň taşlandylarynyň kepillendirilen suratdaky gömülmegi (zyỳansyzlandyrylmagy) bilen baglanyşyklydyr.

Şeỳlelikde, gelejekki energiỳa talaplaryny kanagatlandyrmak üçin diňe bir nebite, kömre, ỳadro energiỳasyna bil baglamak bolmaz. Hünärmenler energiỳa üpjünçiligi bilen baglanyşykly wajyp wezipeleri çözmekde ilkinji nobatda, energiỳanyň ulanylyşynda netijeliligi çürt-kesik ỳokarlandyrmagy hem-de onuň gaỳtadan dikelỳän görnüşlerini özleşdirmegi tizleşdirmegi maslahat berỳärler. XXI asyrda diňe häzirki zaman tehnologiỳalaryň energiỳa sygymyny azaltmagyň hasabyna sarp ediljek energiỳanyň 25 göterimini üpjün etmek mümkin.

Energiỳanyň gaỳtadan dikelỳän çeşmelerini ulanmagyň häzirki zaman usullary köp dürlüdir. Olaryň arasynda ỳeliň we geotermal suwlaryň energiỳalary aỳratyn gyzyklanma döredỳär.

## 4. 5. Ỳaragsyzlanmak (demilitarizasiỳa) bilen baglanyşykly wajyp meseleler

Adam özüniň bütin taryhynyň dowamynda hemişe söweşip geldi. Şol söweşler öri meỳdanlary we aw üçin, täze koloniỳalar we söwda ỳollaryna gözegçilik etmek üçin, "ỳaşaỳyş giňişligi" üçin we elbetde, özüni we Watanyny goramak üçin bolupdy. Diňe soňky 5,5 müň ỳylyň dowamynda dünỳäde ululy-kiçili uruşlaryň 14,5 müňüsi bolup geçipdirler. Şol uruşlarda bolsa 3,6 mlrd adam wepat bolupdyr. Diňe iki sany jahan uruşlarynyň netijesinde açlykdan we kesellerden takmynan 70 mln adam wepat boldy, 50 mln adam hem maỳyp (inwalid) boldylar.

Adam uruşsyz, dawwa-jenjelsiz ỳaşap bilermi? Ỳaragsyzlanmak fenomenini düşündirỳän üç sany esasy garaỳyş bar. Olaryň birini **psihologik-biologik garaỳyş** diỳip atlandyrmak

mümkin. Onuň tarapdarlary ỳaragsyz-lanmagyň kökleriniň adamyň hut özündedigini (“onuň naturasyndadygyny”) nygtaỳarlar. Uruşlar Ỳer ỳüzünde onuň esasy sebäpkäri – adam ỳaşaỳarka hiç-haçan öz-özünden ỳitip gitmezler. Çünki, adamda uruşlara alyp barỳan üç sypat, ỳagdaỳ jemlenen. Olara bäsdeşlik ruhy, ynamsyzlyk etmek duỳgusy, şöhrata söỳgi degişlidirler. Hat-da nemes filosofy G.Gegel hem “uruş diňe bir baky bolman, eỳsem ol çuňňur ahlakydyr hem, ỳagny ol halklary çüỳremekden gorap saklaỳar” diỳip ỳazỳar.

Ikinji bir garaỳyşyň tarapdarlary günbataryň ösen döwletlerinde has köp. Olaryň esasy ündewleri: “Parahatçylyk isleỳärmiň, onda urşa taỳỳarlyk gör!” diỳen şygardyr. Olar döwlet özüni we öz raỳatlaryny gorap bilmäge ukyply bolmalydyr.

Ỳaragsyzlanmak jemgyỳetçilik durmuşynyň ähli sferalaryny – syỳasy, durmuş we ykdysady sferalaryny öz içine alỳar. Olardan ỳaragsyzlanmak ykdysadyỳete has güỳçli derejede oňaỳsyz (otrisatel) täsir edỳär.

XX asyryň 90-njy ỳyllarynyň ortalarynda dünỳäde her ỳylky harby maksatlar üçin çykdaỳyjylaryň möçberi 1 trln dollara barabar hasap edilỳärdi. Iri ösen döwletler harby maksatlar üçin has köp mukdardaky pul serişdelerini sarp edỳärler. Emma ỳaragsyzlanmak has köp zyỳany ol ỳurtlara däl-de, açlykdan, işsizlikden, milletara dawwalardan ejir çekỳän ösỳän ỳurtlara ỳetirỳär. Iň bir täsin ỳeri hem, harby maksatlar üçin sarp edilỳän çykdaỳjylar (Somali, Owganystan, Angola, Sudan, Zair) otnositel ỳokary. Maỳama döwletinde ỳurduň 1/3 bölegi harby maksatlar üçin gönükdirilỳär. XX asyryň 90-njy ỳyllarynyň ortalarynda Günorta Aziỳanyň ỳurtlary harby maksatlar üçin her ỳylda 19 mlrd dollar, afrika döwletleri bolsa 8 mlrd dollara golaỳ sarp etdiler.

Dünỳäniň iri ỳurtlarynyň ählisinde iş ỳüzünde kuwwatly **harby-senagat toplumy** (HST) kemala geldi. Ol toplum öz gezeginde üç sany esasy düzüm böleklerden durỳar: harby önümçilikden, ỳokary harby ỳolbaşçylykdan hem-de döwlet we ỳerli häkimet organlaryndan. Bu düzüm bölekleriň her biriniň öz

wezipeleri bar: harby ỳolbaşçylyk ỳaragsyzlanmagyň ündewçisi (ideology) bolup çykyş edỳär we ol harby önümiň sargytçysy bolỳar. Häkimetleriň ähli derejeleriniň ỳolbaşçylary şol sargytlary "öňe sürỳärler", harby ykdysadyỳet bolsa olary ỳerine ỳetirỳär.

## V Bap

# DURNUKLY ÖSÜŞIŇ WAJYP MESELELERI

### 5. 1. Durnukly ösüş näme?

Jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky özara gatnaşyk häzire çenli hem öz ugruna, özakymlaýyn (stihiýalaýyn) suratda bolup geçdi. Häzir bolsa tebigatyň gelejekki ykbaly baradaky meseläniň ähli jogapkärçiligini jemgyýetiň öz üstüne almalydygy baradaky zerurlyk hemmelere aýdyň boldy. Munuň üçin jemgyýetiň tebigata aňly-duşünjeli gatnaşygyny ýola goýmaly. Adamlar tebigatyň mümkinçiliklerini göz öňünde tutmazdan, biosferanyň baýlyklaryny häzirki we gelejekki nesilleriň bähbitleri üçin ulanmaly däldigine barha we barha çuňňur akyl ýetirýärler.

Şu günki günde Ỳerdäki ýaşaýyşyň ähli görnüşleriniň ykbaly gürrüňsiz suratda adamyň işiniň ýagdaýyna baglydyr. Jemgyýete özüniň gelejegini kesgitlemek zerur. Ekologik wajyp meseleler (problemalar) alternatiw jemgyýetçilik ösüşi ideýasyny öňe sürmäge esas bolup hyzmat etdiler. Çünki, bu ideýa sarp etmegiň häsiýetini, adamlaryň ýaşaýyş derejesini we onuň hilini, önümçiligi, tehnologiýany we ş.m. düýpgöter (radikal) özgertmegi göz öňünde tutýar.

1992-nji ýylda Rio-de-Žaneýroda BMG-niň daşky gurşaw we ösüş boýunça konferensiýasy boldy. Bu konferensiýada XXI asyrda ähli ýurtlaryň gelejekde ugur almaklary üçin gollanma hökmünde durnukly ösüş baradaky konsepsiýa kabul edildi.

**Durnukly ösüş** – munuň özi häzirki wagtda biosferanyň esasy görkezijilerine (parametrlerine) zyýan ýetirmezden adamzadyň talaplaryny kanagatlandyrmagy üpjün edýän hem-de

gelejekki nesilleriň öz talaplaryny kanagatlandyrmak ukyplaryny howp astyna goýmaýan ösüşdir.

“Jemgyýet - tebigat” ýaly älem möçberli (global) ulgamda durnukly ösüş dürli derejedäki sosioekosistemalardaky dinamiki deňagramlylygy üpjün etmegi aňladýar. Mälim bolşy ýaly, sosioekosistemanyň düzüm bölekleri (komponentleri) jemgyýet (sosial sistemalar) we tebigy gurşaw (eko- we geosistemalar) hasaplanýar. Sosioekosistemanyň dinamiki deňagramlylygy bu sistemalaryň ösüşi mahalynda olaryň arasynda hökmany suratda kesgitli bir gatnaşygy saklamagy göz öňünde tutýar.

Şu ýerden şeýle netije gelip çykýar: biziň planetamyzyň çäkli tebigy baýlyklarynyň mümkinçilikleri mahalynda sosioekosistemalaryň üznüksiz ösüşini üpjün etmek üçin jemgyýet tarapyndan tebigy gurşawyň ösüşiniň goldanylmagy, oňa hemmetaraplaýyn ýardam edilmegi zerur.

Şeýlelikde, durnukly ösüş konsepsiýasynyň esasy (baş) ideýasy özara baglanyşykly bolan durmuş-ykdysady we ekologik ösüş üçin amatly şert döretmekden, tebigy gurşawyň wajyp meselelerine durmuş-ykdysady hadysalar bilen bilelikde garamakdan ybaratdyr.

Sosioekosistemalaryň durnukly ösuşi köp nesilleriň ömrüniň dowamynda ýaşap bilmäge ukyply bolan jemgyýetiň mümkinçiliklerini kesgitlenýär.

Durnukly gelejegi üpjün etmek üçin dünýä ykdysadyýetini, demografik syýasaty üýtgetmek, adaty ýaşaýyş-durmuş keşbinden köp babatlarda el çekmeli bolar. Bu bölegiň ählisiniň ekologik rewolýusiýa bilen baglanyşdyrýarlar. Ekologik rewolýusiýa bolsa hakykatdan-da agrar we senagat rewolýusiýalary bilen bir hatarda, adamzat taryhynda has giň gerimli durmuş özgertmeleriniň biri hökmünde öz boýuna galýar.

Ilatyň sanynyň ozal görülip-eşidilmedik ýagdaýdaky ösmegine mümkinçilik beren agrar rewolýusiýadan tapawutlylykda, ekologik rewolýusiýanyň maksady Ỳer ýüzünde ilatyň sany bilen tebigy baýlyklaryň arasyndaky, durmuş-ykdysady

ösüş bilen ekologik ösuşiň arasyndaky deňagramlylygy dikeltmekden ybaratdyr.

Ekologik rewolýusiýa has güýçli depginler bilen gitmeli. Eger-de, agrar rewolýusiýa 10 müň ýyl mundan ozal başlan bolsa, senagat rewolýusiýasy bolsa (dürli görnüşlerde) indi iki ýüz ýyllap dowam edip gelýär. Ekologik rewolýusiýany amala aşyrmak üçin bolsa adamzada has gysga möhlet – bary-ýogy birnäçe onýyllyklar goýberilýär.

## 5. 2. "Türkmenistanyň durnukly ösüşi, Rio + 10" Milli syn, onuň mazmuny we maksady

Türkmenistanyň mukaddes döwlet Garaşsyzlygyny gazanmagy Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG-niň) daşky gurşaw we durnukly ösüş boýunça Rio-de Žaneýroda Maslahat geçiren döwrüne gabat geldi. Bu taryhy Maslahatda tämiz, ýokary hilli gurşawy we adamlaryň saglygy hem-de durmuş taýdan adalatly ykdysadyýet bilen üpjün etmek meseleleri boýunça ähli ýurtlaryň hyzmatdaşlygynyň zerurlygy baradaky kabul edilen kararlar Türkmenistanda aýratyn ýiti gyzyklanma döretdi.

Türkmenistan döwleti ýyl-ýyldan ykdysady kuwwatyny artdyryp, özüniň mundan beýläk hem durnukly ösüşi üçin esas döredýär. Baý tebigy, çig mal, önümçilik, zähmet gorlarynyň bolmagy, ykdysadyýetiň we ilkinji nobatda-da içerki önümiň jemi mukdarynyň ösüşiniň kepilidir. 2001-nji ýylda onuň ösüşi 20,5 % boldy, bu bolsa iň esasy görkeziji boýunça Türkmenistanyň dünýäde ilkinji orunlaryň birini eýelemegine mümkinçilik berdi.

Türkmenistan döwletimiz Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan daşky gurşawa, ony gorap saklamaga degişli kabul edilen dürli Halkara konwensiýalary, taslamalary we maksatnamalary durmuşa geçirmeklige yhlasly gatnaşýar. Biziň döwletimiz BMG-niň Maslahatynyň daşky gurşaw we durnukly ösüş boýunça kabul eden "XXI asyryň Gün tertibi" diýen Bütin

dünýä hereket meýilnamasy esasynda dünýä bileleşiginiň öňünde goýan wezipelerini çözmekde öz goşandyny goşýar.

Durnukly ösüş baradaky mesele barha uly ähmiýete, wajyplyga eýe bolýar. Çünki ol ykdysady, ekologik, durmuş we ruhy meseleleriň giň toplumyny öz içine alýar. Bu mesele diňe bir ykdysady däl, eýsem baş syýasy ýörelgäniň-de esasy maksadyna öwrülýär. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriň 2020-nji ýyla çenli Baş ugry" Milli maksatnama hem şuňa gönükdirilendir. Ol daşky gurşawy ygtybarly goramagy üpjün etmek bilen, ýurduň senagat taýdan ösüşine ugrukdyrylan birtopar çäreleri göz öňünde tutýar. Ykdysady, azyk, durmuş we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün edýän dört sany ileri tutulýan ugurlary bolsa kesgitledi.

"Türkmenistanyň durnukly ösüşi, Rio + 10". Milli syn ýurdumyzyň Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan taýýarlanyldy we ol aýratyn kitap görnüşinde 2002-nji ýylda neşir edildi. Ol girişden, üç sany bapdan, netijeden, salgylanylan edebiýatlaryň sanawyndan ybarat.

Milli synyň maksady "XXI asyryň Gün tertibiniň" çäreleriniň we tebigy gurşaw boýunça BMG-niň konwensiýalarynyň we maksatnamalarynyň, beýleki kararlarynyň geçen onýyllykda amal edilişiniň netijelerini jemlemekden ybarat. Synda ýurduň durnukly ösüşini üpjün etmek üçin we gelejekki döwürde onuň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemekden netijeli dolandyrmak we gowulaşdyrmak çärelerini bellemeklik öz beýanyny tapdy. Milli syn – ykdysadyýetiň, ekologiýanyň we durmuş ýagdaýynyň toplumynyň durnukly ösmeginiň sebäplerini we şertlerini kesgitlemeklige edilen ilkinji synanyşykdyr.

Milli synyň birinji baby **"Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň durnukly ösüşiniň ugurlary we gelejegi"** diýip atlandyrylýar. Onda ykdysadyýetiň kuwwatly we durnukly ösüşiň maýa goýum syýasaty; senagat; ykdysadyýete hyzmat edýän kömekçi, goşmaça pudaklaryň ösüşi; oba hojalygy, ýurduň azyk

howpsuzlygy; döwletiňki däl bölümiň ösüşi; daşary ykdysady gatnaşyklar; hemmetaraplaýynlaşma we durnukly ösüş ýaly bölümler bar.

**“Tebigy baýlyklary aýap saklamak we tygşytly ulanmak”** diýlip atlandyrylýan ilkinji bölüm Milli synda möçberi boýunça esasy orun tutýan, iň uly bap hasaplanýar. Ondaky tebigaty goraýyş çäreleriniň kanun çykaryjylyk esasy, daşky gurşawy goramagy barlamagyň we edara etmegiň tertip-düzgüni, atmosferany goramak, ýer baýlyklaryny tygşytly ulanmak, biodürlüligi goramak ýaly bölümlerde giňişleýin maglumatlar berilýär. Bu bapda Türkmenistan döwletimiziň BMG-niň daşky gurşaw baradaky Halkara ylalaşyklaryna (konwensiýalaryna) gatnaşygy, olaryň ýurdumyzda durmuşa geçirilişi barada baý maglumatlar beýan edilýär.

Milli synyň 3-nji, ahyrky baby “Adamyň durnukly ösuşi” diýip atlandyrylýar. Onda ilatyň ýagdaýynyň hasabaty we zähmet baýlyklary, ilatyň ýaşaýyş derejesi we durmuş ýagdaýynyň goralmagy, ilatyň saglygyny goramak we gowulandyrmak, bilim we magaryf baradaky meseleler öz beýanyny tapypdyr.

Milli synda şeýle jümleler bar: **“Adamyň ösüşine garaýyşy hem-de oňa bolan düşünjäni şeýle bir terzde üýtgetmek talaby orta çykdy, ýagny şolar ykdysady, durmuş hal-ýagdaýynyň gymmatlyklaryny hem-de tebigy gurşawyň gymmatlyklaryny birleşdirmelidir we hemmetarap-laýynlaşmagyň talaplaryna laýyk gelmelidir, ýöne şol bir wagtyň özünde-de olar sebitleriň medeniýetleri we onuň gymmatlyklary bilen utgaşmalydyr”.**

# VI B a p

# EKOLOGIÝA MEDENIÝETINIŇ WAJYP MESELELERI

## 6. 1. Adamzat jemgyýetiniň dürli jemgyýetçilik döwürlerinde tebigata bolan garaýyş, gatnaşyk

Adamzat nesli ençeme asyrlaryň dowamynda özüni tebigat bilen gatnaşyklaryň kemala gelmeginde, ösmeginde we kämileşmeginde uzak taryhy ýoly geçdi.

Şol taryhy ýol hem öz gezeginde birnäçe basgançaklardan (etaplardan) durýar. Bu basgançaklarynyň her biriniň hem özüniň **ekologik aňy** bolupdyr.

Eýsem ekologik aň näme? “Ekologik aň” diýen adalga bilen “adam – tebigat” ulgamyndaky hem-de tebigatyň özündäki oňa bolan gatnaşyklaryň, şeýle hem tebigatdaky adam bilen özara täsiriniň dowam edýän strategiýasy we tehnologiýasy baradaky düşünjeleriň, garaýyşlaryň toplumyny aňladýar.

Tebigat bilen adamzadyň arasyndaky sazlaşykly gatnaşyk (gormoniýa) baradaky ideýa örän gadym wagtlardan bäri dowam edip gelýär. Bu ideýa intek ýazuw medeniýeti döremänkä hem ähli basgançaklaryň içinden erş-argaç bolup geçipdir. Şu ideýanyň esasynda gündogar filosofiýasy örän baý. Ekologik kada-kanunlary düzgünleri döretdi. Adamzat taryhynda tebigat bilen adam arasyndaky gatnaşyklaryň sazlaşykly, hoşniýetli bolmalydygy hakda ençeme akyldarlar öz işlerinde ýazypdyrlar. Mysal üçin: grek taryhçysy Gerodot gündogaryň gadymy halklaryň biri bolan parslar hakynda şeýle ýazýar: “Olar ellerini derýada ýuwmaýarlar we muny hiçkime ygtyýar hem etmeýärler”.

Adamzadyň ösmegi bilen tebigatyň we adam arasyndaky sazlaşykly gatnaşyk ideýasy ikinji orna geçdi. Adam tebigatyň şasy, ony boýun egdirji diýlip yglan edildi. Munuň özi adamzat siwilizasiýanyň, ylaý taýda günbataryň siwilizasiýasyna ösmegine

oňaýly täsir etdi. Ol dil medeniýetine mahsus bolan däplerdäki çäklendirmeleri aýyrmaga pikire uly erkinlik bermäge mümkinçilik döretdi hem-de ylmyň we tehnikanyň pajarlap ösmegi üçin şertler döretdi.

1859-njy ýylda Çarlz Darwiniň "Görnüşleriň gelip çykyşy hakynda" diýen işiniň çapdan çykandan soňra ylymda we praktikada darwinizm ewolýusion ideýalary höküm sürüp başlady. Şol ideýa tebigatda adam bilen tebigatyň arasyndaky gatnaşygy sazlamaga mümkinçilik berdi.

Adamzat jemgyýetiniň uzak taryhy dowamynda tebigat bilen adamyň arasyndaky gatnaşykda köp sanly asylly tejribeler toplandy. Şol tejribeler umumylykda ekologik aňy we ekologik medeniýeti döretdi. Şeýlelikde jemgyýetde **"Ekologik medeniýet"** diýen düşünje peýda boldy. Ekologik medeniýet munuň özi tebigaty, onuň ösüş kanunlaryny bilmek, olara hormat goýmak esasynda peýdalanmakdyr, munuň özi material önümleriň jemini we zähmediň ruhy gymmatlyklaryň medeniýetiniň bir bölegidir. Ekologik medeniýet Ekologik terbiýe bilen aýrylmaz baglanşyklydyr. Ekologik medeniýet adamyň tebigat bilen birleşmesiniň, gatnaşyklaryň täze usuly bolup çykyş edýär we ol adamyň tebigata bolan gatnaşygynda iňňän jogapkärçiligi talap edýär. Ekologik medeniýet islendik problemany çözülen mahalynda tebigy hem-de durmuş-ykdysady faktorlary hasaba almagyň zerurlygyny öwrenýär.

Ekologik medeniýetiniň ölçegi bolup **ekologik etika** çykyş edýär. Ekologik etika adam bilen tebigat gatnaşyklarda birnäçe gymmatlyklar nazarda tutulýar, ekologik etikanyň düýbüni tutujy Albert Şweýser (1875-1965) hasaplanýar.

Ekologik medeniýetiň has takygy türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda toplan baý ekologik medeniýeti baradaky gymmatly taryhy maglumatlar türkmen alymlaryň, ýazyjylaryň, şahyrlaryň eserlerinde örän uly orun tutýar. Olarda türkmen halkynyň öz bütin taryhynyň dowamynda tebigat bilen garşydaş däl-de, onuň bilen sazlyşykda ýaşandygy aýdylýar.

### 6. 2. Medeniýet düşünjesi. Medeniýetiň töwerekdäki gurşawa, tebigata uýgunlaşmagyň, ýöriteleşmegiň usuly hökmünde

Medeniýet düşünjesini adamlaryň ýaşaýyş işjeňliginiň ýöriteleşmesi (adaptasiýasy) we guralyş usuly hökmünde kesgitlemek bolar. Medeniýetiň derejesine, ýagdaýyna sosial ekosistemalaryň ösüş aýratynlyklary baglydyr.

Ekologiýa medeniýeti adamyň tebigat bilen birleşmesiniň täze bir usulydyr. Onuň esasynda tebigata iňňän jogapkärçilikli gatnaşyk, garaýyş ýatýar. Ekologik medeniýetiň möhüm alamaty hem sada, ýönekeý antroposentrizmden el çekmekdir. Munuň özi islendik wajyp mesele çözülende hem tebigy, hem jemgyýetçilik-ykdysady täsirleri (faktorlary) nazarda tutmagyň, olary hasaba almagyň zerurlygyny aňladýar. Şunuň ýaly çemeleşmäniň ahyrky maksady bolsa bary bir adam hasaplanýar. Çünki gürrüň adam ýaşaýan tebigy gurşawyny gorap saklamak, onda ekologik abadançylygy üpjün etmek hakynda barýar.

Şahsyýet hökmünde her bir adamyň gymmatyny, onuň azatlyga, erkinlige, bagtyýarlyga we öz başarnyklaryny ýüze çykarmaga bolan hukugyny ykrar edýän ynsanperwerlik adamyň iň esasy hukugyny – onuň arassa, tämiz tebigy gurşawda ýaşamak hukugyny nazarda tutmasyz asla mümkin däl. Şunuň bilen baglanyşyklylykda bir zady tassyklamak mümkin. Ýagny, antropogentrizmiň ornuna adamyň bähbitlerini, şeýle hem onuň tebigat bilen aýrylmaz baglanyşygyny nazarda tutýan gymmatlyklaryň täze bir ulgamy gelýär.

Adamzat ýer üstünde bolup geçýän özgermeleriň, üýtgeşmeleriň möçberini (masştabyny) we depginini kesgitleýän täsire (faktora) öwrüldi. Indi Ỳerde tebigatyň ýaşaýyş üçin ýaramlydygy ýa-da ýaramsyzlygy baradaky mesele adamzadyň hereketleriniň nähili esaslandyrylýanlygyna bagly bolýar. Netijede, ekologiýa hakykaty baradaky mesele hut adamyň özüne gelip

direýär. Bu mesele adamyň biosferada bolup geçýän esasy hadysalary özüniň pugta gözegçiligi astyna alyp biliş ukybyna baglydyr. Iş ýüzünde munuň özi adamyň indi öz işjeňligi bilen Ýer ýüzünde maddalaryň kadaly aýlanyşygyny üpjün etmeginiň zerurdygyny aňladýar. Şunlukda adam älem möçberli (global) tebigy hadysalara goşulyşyp, özüniň iň esasy biosfera wezipesini (funksiýasyny) ýerine ýetirip biler.

Adamlaryň Ýer ýüzünde diňe bir özleri üçin ýaşaman, eýsem olaryň kesgitli bir biosfera wezipesini ýerine ýetirmelidiklerine akyl ýetirmegiň özi ekologiýa medeniýetiniň düýp mazmunyny düzýär.

Ekologiýa medeniýetiniň ölçegi bolup etika hyzmat edýär. Ekologiýa etikasynyň düzümine ahlak gatnaşyklaryň ulgamynda garalyp geçilýän däp bolan "adam - adam", "adam - jemgyýet" gatnaşyklaryndan başga-da, "adam - tebigat" gatnaşyklaryň ençeme taraplary degişlidirler. Gadymy (antik) zamanlardan bäri etika ahlaklylygyň kanunlaryny ýüze çykarmaga, ýagşylyk bilen ýamanlygy tapawutlandyrmaga synanyşyp geldi. Ekologiýa etikasynyň düýbüni tutujy Albert Şweýseriň (1875-1965) pikiriçe ýagşylyk – munuň özi ýaşaýyşyň goralyp saklanmagyna we ösmegine hyzmat edýän ynsanperwer hereketleriň jemidir, ýamanlyk bolsa ýaşaýyşa päsgel berýän we ony ýok edýän, gyrýan ahlaksyz hereketleriň toplumydyr.

Ekologiýa etikasyna mahsus bolan esasy häsiýet hem, gelejekki nesilleriň ýaşamaklary üçin tebigy şertler hakda alada etmegiň ileri tutulýan mesele hökmünde kabul edilmegi bilen baglanyşykly bolmagydyr. Gelejege gönükdirilenlik ekologik etikany etikanyň däp bolan ugurlaryndan tapawutlandyrýar.

Ekologiýa etikasynyň düzgünleri eýýam şu talaplary göz öňünde tutmaga mümkinçilik berýär: gelejekki nesilleriň ýaşamak mümkinçiliklerine howp salyp biljek islendik hereketlerden el çekmek; tebigy gurşawyň ýagdaýyna degişli bolan kararlar, çözgütler kabul edilen mahalynda nesilleriň öňündäki jogapkärçiligiň ileri tutulmagy; häzirki ýaşap ýören adamlaryň

bähbitleri üçin gelejekki nesilleriň bähbitlerine zyýan ýetirilmegine asla ýol bermezlik.

Ekologiýa medeniýetiniň düzgünleri adam bilen tebigatyň arasyndaky özara gatnaşygyň sazlaşykly bolmagyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Bu düzgünler adam işjeňliginiň örän dürli-dürli ugurlaryny (ykdysadyýeti, tehnikany, syýasaty we ş.m.) öz içine alan ýagdaýynda durmuşa geçirilip bilner. Diňe şu ýagdaýda ekologik mazmun bilen baýlaşan etiki kanunlar täze ekologiýa jemgyýetiniň berkarar bolmagyny ýakynlaşdyryp biler.

# VII B a p

# EKOLOGIÝÄ BILIMIŇ WE TERBIÝÄNIŇ WAJYP MESELELERI

## 7. 1. Ekologiýa bilimiň mazmuny we maksady

Köp sanly ylmy açyşlaryň netijesinde döräp ösen öndüriji güýçleriň tebigaty özleşdirmekde giňden ulanylmagy adamyň ýaşaýan tebigy gurşawynda ekologik deňagramlylygyň bozulmagyna getirdi we getirýär. Şeýle bozulmalaryň köplenç ýagdaýlarda ýaşaýyşyň şertleri üçin islenilmeýän ençeme ýaramsyz (negatiw) netijelere getirýänligi bellidir. Adam bilen onuň ýaşaýan tebigy gurşawynyň, tebigat bilen jemgyýetçilik gurluşlaryň (strukturalaryň), adamyň fiziologik gurluşy bilen onuň şahsyýetiniň arasyndaky deňagramlylyga howp abanýar. Bolup geçýän şeýle hadysalara akyl ýetirmek, olary aňlamak dürli derejelerde (milli, sebit, halkara we ş.m.) birnäçe görnüşdäki jemgyýetçilik aksiýalaryň döredilmegine getirdi. Olaryň maksady diňe bir ekologik deňagramlylygyň mundan beýläk-de bozulmagynyň öňüni almak bolman, eýsem adamyň ýaşaýan tebigy gurşawyny gowulandyrmak, adamlaryň tebigy gurşawa bolan gatnaşygyny, garaýyşyny üýtgetmek bolup durýar. Şu meseläniň çäklerinde adamyň ýaşaýan tebigy gurşawyny goramak we gowulandyrmak babatyndaky bilimleriň toplumyna - ekologiýa bilimine we terbiýä aýratyn ähmiýet bermek zerur.

Şu zerurlykdan ugur alyp, dünýäniň köp ýurtlarynda geçen XX asyryň 60-njy ýyllarynda ekologiýa bilimi bilen baglanyşyklara iňňän zerur ähmiýet berlip başlanýar. Adamyň ýaşaýan tebigy gurşawynyň tämizligi, ony gorap saklamaga bolan gyzyklanma, ekologik bilimi giňden ýola goýmak köp sanly halkara guramalarynyň işine öwrüldi. Bu mesele baradaky wajyp soraglar halkara maslahatlarynda, duşuşyklarynda ara alnyp maslahatlaşmaga başlanýar. Meselem, ekologiýä biliminiň

wajyplygy baradaky meseleler 1982-nji ýylda Naýrobide Birleşen Milletler Guramasynyň adamyň ýaşaýan tebigy gurşawy baradaky konferensiýasynyň Deklorasiýasynda aýratyn orun tutdy.

Ekologiýa bilimiň, aň düşünjäniň ösmegi üçin bu möhüm meseläni dünýäniň köp döwletleri esasy orta we ýokary bilimiň düzüm bölegine öwürdiler.

Häzirki zaman jemgyýetinde daşky tebigy gurşawyň arassalygyny gorap saklamak üçin ekologiýa aň-bilimiň ösdürilmek, ony kämilleşdirmegiň zerurlygyndan ugur alyp, onuň maksadyny we wezipelerini aýdyňlaşdyrmak, takyk kesgitlemek zerur. Bilimiň bu görnüşi (kategoriýasy) ilatyň ähli gatlaklaryny öz içine almalydyr hem-de olarda adamyň ýaşaýan tebigy gurşawynda ekologik deňagramlylygy saklamagyň zerurlygyna akyl ýetirmegi terbiýelemelidir, şu deňagramlylygyň bozulan ýagdaýynda adama abanýan howpy duýdurmalydyr.

Ekologiýa bilimi adamyň onuň tebigy we emeli gurşawa garaýyşyny, gatnaşygyny öwrenmek bilen meşgullanmalydyr. Ol ilatyň wajyp meselelerini, tebigy baýlyklary ulanmagy we olaryň azalmagyny, tebigaty gorap saklamagy, transporty, adamyň umumy gurşaw bilen bilelikdäki şäheri we obany meýilnamalaşdyrmagy öz içine almalydyr. Şeýlelikde, ekologiýa bilimi bilen baglanyşykly zerurlyklary umumylaşdyrmak bilen, oňa şeýle kesgitleme bermek mümkin.

**Ekologiýa bilimi – ýaşaýyşyň bütin dowamynda adamyň ýaşaýan tebigy gurşawy baradaky bilimleri aňly-düşünjeli we meýilnamalaşdyrmagyň esasynda ösdürmekdir.**

Onuň maksady adamyň ýaşaýan tebigy gurşawynyň esasy häsiýetnamalary baradaky düşünjeleri ürmekden, tebigatdaky gatnaşyklara akyl ýetirmegi we tebigata bolan gatnaşygy terbiýelemekden ybaratdyr. Şunuň esasynda hem adam özüniň şu günki nesliniň ýaşamagyny we gelejekki nesillerini goramagy üpjün edýär. ekologiýa bilimi daşky gurşawy goramak meselesine älem möçberi (global) mesele hökmünde garaýar hem-de adamyň

ýaşaýan tebigy gurşawy hakyndaky tebigy we jemgyýetçilik ylymlaryň maglumatlaryna esaslanýar.

## 7. 2. Ekologiýa biliminiň görnüşleri

Ekologiýa bilimi öz öňünde tebigy gurşawda barha köp derejede adamyň zähmet işjeňliginiň netijeleriniň ýüze çykýanlygy, onuň mese-mälim duýulýanlygy, şol işjeňligiň bolsa ekologiýa deňagramlylygyň bozulmagyna sebäp bolýänlygy baradaky düşünjeleri her bir adamda kemala getirmegi hem-de olary ilat arasynda giňden ýaýratmagy maksat edinýär. Ekologiýa bilimi tebigatdaky ekologik deňagramlylygyň adamyň hojalyk işiniň täsirinde bolup geçmän, eýsem şol bozulmanyň anyk durmuş-ykdysady gatnaşyklaryň çäklerinde hem döredýänligi baradaky düşünjäniň ösmegine öňjeýli goşant goşýar. Bu düşünje ähli babatlarda adamyň tebigata bolan gatnaşygyny, garaýyşyny sazlamakda esasy gural bolup hyzmat edýär. Munuň özi hojalyk ösüşiniň meýilnamalaşdyrylan mahalynda ekologiýa çemeleşmäniň zerurlygyny aňladýar. Çünki, tebigy gurşawy goramak umumy adamzat möçberi wajyp meseledir. Bu meseläni çözmekde adamlaryň hukuklaryny we borçlaryny bilmeklerine aýratyn ähmiýet bermek zerur.

1991-nji ýylyň noýabr aýynyň 12-sine kabul edilen Tebigaty goramak hakynda Türkmenistanyň kanunynyň 27-nji maddasy **“Raýatlaryň ýaşamak üçin amatly töwerekdäki sreda baradaky hukugy”** diýip atlandyrylýar onda şeýle ýazylýar:

***“Türkmenistanyň her bir raýaty öz saglygy we onuň geljekki nesilleriniň saglygy üçin amatly töwerekdäki sredada ýaşamaga hukugy bardyr.***

***Şu hukuk:***

***öndüriji güýçler, territorial-önümçilik kompleksleri, senagat, oba hojalygy, energetika, transport we halk hojalygynyň beýleki pudaklary, kärhanalar we töwerekdäki sreda täsir edýän***

*beýleki obýektler ösdürilende we ýerleşdirilende ekologik talaplaryň berjaý edilmegi bilen;*

*tebigaty goramak babatda raýatlaryň hukuklarynyň bozulmagy sebäpli, olara ýetirilen zyýanyň öwezini doldurmagyň Türkmenistanyň kanunlary bilen bellenilen tertibi şu Kanunda we Türkmenistanyň tebigaty goramak baradaky beýleki kanunçylyk aktlarynda göz öňünde tutulan beýleki kepillendirmeler bilen üpjün edilýär.*

*Raýatlaryň amatly töwerekdäki sreda baradaky hukuklaryny amala aşyrmagy olaryň tebigaty goramak baradaky borçlarynyň ýerine ýetirilmegi, Türkmenistanyň tebigaty goraýyjy kanunlarynyň berjaý edilmegi bilen utgaşdyrylmalydyr".*

Döwletimiziň şu Kanunynda raýatlaryň tebigaty goramak baradaky hukuklar we borçlary hem jikme-jik beýan edilýär Kanunyň **28-nji maddasy "Raýatlaryň tebigaty goramak baradaky hukuklary we borçlary"** diýilip atlandyrmak bilen onda şu aşakdaky hukuklar we borçlar barada aýdylýar:

*"Türkmenistanyň raýatlarynyň:*

*ekologik bilim we terbiýe almaga;*

*tebigaty goramaga gatnaşmaga, tebigy baýlyklary öz şahsy žähmeti bilen aýamaga we artdyrmaga;*

*tebigaty goramak baradaky jemgyýetçilik guramalaryna birleşmäge;*

*kanunçylyk we beýleki aktlaryň ähli halkyň ara alyp maslahatlaşmagyna hödürlenen taslamalaryny ara alyp maslahatlaşmaga gatnaşmaga, tebigaty goramak meseleleri boýunça hatlar, şikaýatlar we arzalar bilen ýüzlenmäge;*

*töwerekdäki sredanyň ýagdaýy we ony goramak boýunça çäreler hakynda gerek wagtynda we dogruçyl habar berilmegini talap etmäge we almaga;*

*amala aşyrylmagy töwerekdäki sredany sagdynlaşdyrmaga gönükdirilen Kararlary işläp taýýarlamaga we jemgyýetçilik ekologik ekspertizany geçirmäge gatnaşmaga;*

***ekologik taýdan zyýanly obýektleri ýerleşdirmek, taslamak, gurmak, durkuny täzelemek, ulanmak hakynda, töwerekdäki sreda we adamyň saglygyna zyýanly täsir edýän ýuridik taraplaryň işini çäklendirmek, wagtlaýyn togtatmak, bes etmek hakynda teklipleri girizmäge;***

***töwerekdäki sreda amatsyz täsir etmek netijesinde, öz saglygyna we emlägine ýetirilen zyýanyň öwezini doldurmak hakynda ýuridik taraplara we raýatlara sudda hak islegini bildirmäge hukugy bar.***

***Türkmenistanyň raýatlary tebigaty aýamaga, onuň baýlyklaryny goramaga we Türkmenistanyň tebigaty goraýyş kanunlarynyň talaplaryny berjaý etmäge borçludyr."***

Ekologiýa bilimi berlen mahalynda şu kanunda beýan edilen hukuklar we borçlar her bir raýata düşünikli bolar ýaly, giňden düşündiriş işlerini geçirmek zerur. Tebigaty goramak işinde raýatlar özleriniň kanuny hukuklaryna we borçlaryna doly hem dogry düşünen mahalynda, olary berjaý eden halatynda ekologiýa biliminde netije gazanmak mümkin.

Tebigaty goramak hakynda Türkmenistanyň Kanunynda ekologiýa bilimine we terbiýesine hem aýratyn orun berilýär. Kanunyň **32-nji maddasy "Tebigaty goramak babatda bilim we terbiýe bermek"** diýilip atlandyrylýar. Onda ýurdumyzda ekologiýa bilimini we medeniýetini guramagyň hem alyp barmagyň düzgünleri beýan edilýär. Bu maddanyň mazmuny şundan ybarat:

***"Jemgyýetiň ekologik medeniýetini we hünärmenleriň hünär boýunça taýýarlygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, döwletde tebigaty goramak babatda ähliumumy, üznüksiz we elýeter bilim we terbiýe berilmegi üpjün edilýär, ol mekdebe çenli, mekdep bilimini we terbiýesini, ýörite orta we ýokary mekdeplerinde hünärmenleriň hünär boýunça taýýarlanmagyny, olaryň hünärliligini ýokarlandyrmagy öz içine alýar.***

***Ỳörite orta we ýokary mekdepleriniň ugruna garamazdan, olaryň ählisinde tebigaty goramak boýunça esasy bilimleriň we kurslaryň hökman okadylmagy göz öňünde tutulýar.***

***Ministrlikleriň hem-de kärhanalaryň, edaralaryň we guramalarynyň ýolbaşçylary, töwerekdäki tebigy gurşawa täsir edýän iş bilen baglanyşykly beýleki wezipeli adamlar we hünärmenler tebigaty goramak baradaky zerur bilimleri almaga borçludyr.***

***Bilim edaralary, tebigaty goramak baradaky edaralar, beýleki edaralar we jemgyýetçilik guramalary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri tebigaty goramak baradaky bilimleri ýaýradýar we tebigaty goraýyş kanunlaryny wagyz edýär."***

Ekologiýa bilimi ösdürmäge we ony kämilleşdirmäge Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda hem uly ähmiýet berilýär. Bu mesele bilen baglanyşykly işler Türkmenistanyň mukaddes döwlet Garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen has-da güýçlendi. Ekologiýa bilimi ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryna Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde, S. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde we S. Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda botanika we zoologiýa boýunça sapaklar birnäçe adaty hünärler boýunça berilýär. Okuw işine daş-töwerekdäki gurşawyň ýagdaýynyň häzirki zaman meselelerini nazarda tutýan täze-täze sapaklar girizildi. Täze Galkynyşlar zamanamyzda "Ekologiýa" dersi hemme ýokary okuw mekdeplerinde okadylýar. Ỳokary we orta mekdepleriň mugallymlary, esasy sapaklar boýunça okuwçylara nazaryýet bilimleri öwretmek üçin, ähli tagallalary edýärler, olary adam bilen tebigatyň özara gatnaşyklaryna Ỳaş hünärmenler alan bilimlerini goraghana işinde, tokaýçylykda, ekologiýa seljermegi geçirileninde we tebigy baýlyklary peýdalanylanynda ulanýarlar. Mekdep biliminiň derejesinde ekologiýa sapaklary esasy derslerden daşgary okadylýar. Çagalar ekologiýa bilimini mekdep gurnaglarynda

(kružok), tomusky ýöriteleşdirilen dynç alyş meýdançalarynda alýarlar.

Ekologiýa baradaky ýerli hem-de halkara täzelikleri, geçirilen maslahatlar, adatdan daşary ýagdaýlar hakyndaky maglumatlary, şeýle hem jemgyýetçilik bilen işlemek üçin Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň garamagyna Ekologiýa maksatnamalaryny utgaşdyryjy dolandyryş edarasy işleýär, her aýda “Tebigat habarlary” diýen býulleten neşir edilýär, telewideniýe we radio arkaly çykyşlar guralýar, döwürleýin metbugatda ekologiýa mowzugynda ylmy we ylmy-populýar makalalar çap edilýär. Türkmenistanda ekologiýa bilimi ösdürmekde hormatly Prezidentimiziň “Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz” we “Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri” atly kitaplarynyň ähmiýeti örän ulydyr we şu gün talabyny ödeýän gymmatly çeşme bolup durýar. Milli Liderimiz biziň ýurdumyzyň baý ösümlik dünýasini ylmy taýdan lukmançylykda ulanmagynyň usullaryny we dermanlyk ähmiýetini ýeke bir Türkmenistanyň halkyna däl-de Bütindünýa aýan etdi. Bu kitaplar biziň üçin baş ýörelgämiz we bahasyna ýetip bolmajak ylmy hazynamyz bolup durýar.

# VIII B a p

# ILATYŇ GEOGRAFIÝASYNYŇ ÖWRENÝÄN MESELELERI (PREDMETY) HEM-DE ONUŇ WEZIPELERI

## 8. 1. Dünýäniň ilatynyň sany we onuň üýtgeýşi

Jemgyýetçilik ekologiýasynda ilatyň geografiýasy baradaky meseleler möhüm orn tutýarlar, çünki Ýer ýüzünde ýaşaýan ilatyň umumy sany, onuň ýerleşiş aýratynlyklary, milli ýaş aýratynlyk, jyns düzümleri, ilatyň ol ýerden beýleki ýere göçmegi baradaky meseleler jemgyýetçilik ekologiýasynda üns merkezinde durýan iň möhüm meseleler hasaplanýar. Şol meseleleri geografiýa ylmynyň aýratyn bir pudagy – **demografiýa** öwrenýär.

**Demografiýa** – bu ilatyň sanynyň artyşynyň, onuň tebigy köpelişiniň, ýaş aýratynlyklary we jyns düzüminiň kanunalaýyklaryny öwrenýän ylymdyr

Ilatyň sanyna we ony öwrenmäge bolan gyzyklanma adamlarda örän ir wagtlarda döräpdir. Adamzat taryhynda mundan üç müň ýyl ozal Müsürde we Hytaýda ilatyn sanyny hasaba almak boyunça ilkinji işler geçiripdir. Emma ilat ýazuwynyň ylmy taýdan gurnalan görnüşi iki müň ýyl mundan ozal geçirilip başlandy. Ilat ýazuwynyň taryhynda şunuň yaly işler 1790-nji ýylda ABŞ-da, 1800-nji ýylda Şwesiýada we Finlýandiýada, 1801-nji ýylda Angliýada. Ilkinji ilat ýazuwy IX asyryň başlarynda geçirilip başlady.

Dünýäniň ilatynyň sany, onuň artyşy baradaky maglumatlary şu aşakdaky 2-nji tablisaden görmek mümkin.

*2-nji tablisa*

**Ýer ýüzünde ilatynyň sanynyň artyşy (B.S.Urlanis we W.W. Poksişewskiniň maglumarlary boýunça)**

| **Ýyl hasaby** | **Döwür** | **Döwü-rüň dowamly gy (ýyl)** | **Döwrüň başynda ilatyň sany (mln.adam)** | **Ilatyň Ortaça ýyllyk artyşy (%)** |
|---|---|---|---|---|
| B.e.o. 7000 ý. | Neolit | | 10 | - |
| B.e. o. 2000 ý. | Gadymy döwür | 5000 | 50 | 0,03 |
| 0 (täze eýýam) | irki orta asyrlar | 2 000 | 230 | 0,1 |
| 1000 | Orta asyrlar | 1 000 | 305 | 0,02 |
| 1500 | Giçki orta asyrlar | 500 | 440 | 0,1 |
| 1650 | Täze döwrün başlangyjy | 150 | 550 | 0,3 |
| 1800 | Täze eýýam | 150 | 952 | 0,5 |
| 1900 | Iň täze döwrüň başlangyjy | 100 | 1.656 | 0,8 |
| 1950 | Iň täze döwür | 50 | 2.527 | 1,0 |
| 1980 | Ýaňy –ýakyndaky geçmiş | 30 | 4.430 | 1,9 |
| 2004 | Häzirki zaman döwüri | 24 | 6.377 | 1,7 |
| 2050 | Geljekki döwür | 46 | 9322 | 1,5 |

## 8. 2. Ilatyň sanynyň artmagynyň tipleri

Ilatyň dogulşy, ölüm-ýitimi, sanynyň tebigy artyşy – bularyň bary biologik hadysalardyr, emma bu hadysalar

jemgyýetdäki we maşgaladaky durmuş-ykdysady ýaşaýyş şertleri örän uly täzir edýärler. Ilatyň ölüm-ýitimiň derejesi ilkinji nobatda adamlaryň hal ýagdaýlaryň derejesi hem-de saglygy goraýyş gullugyň ösüş derejesi bilen kesgitlenilýär. Ilatyň dogulşy jemgyýetiň sosial-ykdysady gurluşyna, adamlaryň ýaşaýyş şertlerine hem baglydyr. Mundan başga-da ilatyň köpelşine milli we dili däp-dessurlar, nika ýaşlary, maşgalanyň putalygy, durnuklylygy, klimat şertleri hem täzir edýärler. Ilatyň sanynyň artyşyna dürli uruşlar hem güýçli täzir edýärler. Şu ýagdaýlar göz önünde tutup ilatyň artyşynyň sany häzirki wagtda şu aşakdaky ýaly iki sany esasy tipini tapawutlanýarlar:

**I tip - Rasional tip.** Ilatyň sanynyň artyşynyň bu tipi üçin dogulşyň, ölüm-ýitimiň hem-de tebigy artyşyň görkezijileri onçakly däl bolmagy mahsusdyr. Bu tip ykdysady taýdan has ösen hem-de ilatyň ýaşaýyş şertleriniň we medeniýetiň has ýokary derejede bolan ýurtlar üçin mahsusdyr. Şol ýurtlara ilkinji nobatda Ýewropa döwletleri, ABŞ, Kanada, Awstraliýa degişlidir. Bu döwletleriň köpüsinde dünýäden gidýän nesliň ornyna täze nesliň çalşmagy bolup geçýär. Germaniýa Wengriýa, Horwatiýa, Estoniýa, Latwiýa, Russiýa ýaly döwletlerde ilatyň sany artman kemelýär.

**II tip –Giňelýän tip.** Ilatyň sanynyň artyşynyň bu tipinde dogulyş we tebigy artyş has ýokary derejede bolýar. Bu tip ilkinji nobatda ösüp barýan ýurtlar üçin mahsusdyr. Mundan birnäçe on ýyl ozal ilatyň sannyň artyşynyň bu tipine *geçiş tipi* at berýärdiler. Çünki onda ilatyň dogylşynyň ölüm-ýitimiň ýokary derejesi adamlaryň ömrüniň ortaça dowamlylygyny pes derejeligini bilen utgaşýardy. Emma häzirki zaman saglygy saklaýşyň ýokary üstünlikleri, epidemiýalara garşy göreşmek ilatyň ölüm-ýitiminiň çürt kesik azaltmagyna getirdi. Ilatyň sanynyň artyşy Afrikanyň we Aziýanyň agrar taýdan yza galanlar üçin mahsus. Ilatyň sanynyň artmagynyň fenomeny XX asyryň ortalarynda *“Demografik partlama”*diýen at aldy. Biziň günlerimizde Afrikanyň we

Aziýanyň şol ýurtlarynda Hytaý bilen bilelikde bütin ilatyň 4/5 bölegi ýaşaýar.

*3-nji tablisa*

**Dünýäniň ýurtlarynyň ilatyň sany**

| T/ № | Dünýäniň sebitleri, bütin dünýä | Ilatyň sany, mln. adam | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 1900 | 1950 | 1980 | 1990 | 2004 | 2050 |
| 1. | GDA döwletleri | 130 | 180 | 266 | 288 | 281 | 237 |
| 2. | Daşary Ỳewropa | 295 | 392 | 484 | 498 | 520,8 | 485,5 |
| 3. | Daşarky Aziýa | 950 | 1392 | 2569 | 3108 | 3870,5 | 5222,1 |
| 4. | Afrika | 130 | 220 | 475 | 648 | 869,2 | 1803,3 |
| 5. | Demirgazyk Amerika | 81 | 166 | 249 | 276 | 328,9 | 447,9 |
| 6. | Latyn Amerikasy | 64 | 164 | 354 | 448 | 550,8 | 767,7 |
| 7. | Awsraliýa we Okeaniýa | 6 | 13 | 23 | 26 | 32,6 | 45,8 |
| 8. | Bütin dünýä boýunça | 1658 | 2527 | 4420 | 5292 | 6377,6 | 8918,7 |

Ỳokarda getirilen tablisadaky maglumatlaryň esasynda şeýle netijä gelmek mümkin, ýagny ykdysady taýdan ösen döwletlerde ilatyň sany kemelýän, ösüp barýan ýurtlarda bolsa ilat köpelýär. Munuň özi bütin dünýäde demografik situasiýany kesgitleýär.

Geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň ahyrlaryna çenli dünýäniň ýurtlarynyň ilaty boýunça orunlar şu aşakdaky ýaly boldy.

1. Hytaý döwleti – 1 mld. 220 mil. adam
2. Hindistan döwleti – 935 mil. adam
3. ABŞ döwleti – 263 mil. adam
4. Indoneziýa döwleti – 190 mil. adam
5. Braziliýa döwleti – 162 mil. adam
6. Russiýa döwleti – 263 mil. adam

Türkmenistanyň ilatynyň sany resmi maglumatlara görä, 2003-nji ýylyň awgust aýyna çenli 6 million 37 müň adama barabar boldy. Şunça ilatyň 46 % ýurdumyzyň şäherlerinde we obalarynda ýaşaýarlar. Türkmenistandaky 54 % oba ýerlerde ýaşaýarlar. Türkmenistan boýunça ilatyň dogulşynyň umumy koofisienti 17,2 % barabar. Bu görkeziji boýunça Lebap welaýaty öňden eýeleýär. Bu ýerde şol görkeziji 17,8 % barabar. Dogulýan çagalaryň derejesi baglaşylýan nikalara bagly bolýar. 2002-nji ýylyň 8 aýynyň dowamynda Türkmenistanlaryň 14939 adamsy nikalaşýar.Şolardan 4297 maşgala şäherlerde, 7702 maşgala bolsa oba ýerlerinde emele geldi.

## 8. 3. Demografik syýasat näme?

**Demografik syýasat** – munuň özi administratiw, ykdysady, wagyz nesihat we beýleki çäreleriň sistemasy, olaryň kömegi arkaly döwlet özi üçin islenilýan topara ilatyň tebigy ösüşine täsir edýär.

Ilatyň dogulşyna gözegçilik etmek ilkinji bolup XVIII asyrda Fransiýada amala aşyryp başlaýar. Çünki bu döwletde şol wagtlar şol ilatyň dogulyş derejesi örän pese gaçyp, ol howp astyna düşdi, şeýle-de demografik syýasat netijesinde bu döwletde ilatyň dogulyşy sazlandy.

Häzirki wagtda dünýäniň 130 golaý ýurtlarda (ykdysady taýdan ýurtlaryň hemmesinde hem-de ösüp batýan ýurtlaryň 80 golaýynda) demografik syýasat amala aşyrylýar. Ol syýasat bu

döwletlerde ilatyň tebigy artyşyny sazlamaga, olaryň ýaşaş durmuş şertlerini gowylandyrmaga gönükdirilendir.

Dünýäniň birnäçe döwletlerde (ilatyň sanynyň artyşynyň II tipine girýän döwletleriň käbirinde) soňky wagtlarda ilatyň dogulyş derejesine we tebigy artyşyny azaltmaga gönükdirilen demografik syýasat amala aşyrylýar.

## 8. 4. Adamzadyň demografiýasynyñ durmuş -ekologik aýratynlyklary

Tebigy populýasiýalaryñ sanynyñ üýtgemesi baradaky düýpli (fundamental) ekologik kanunalaýyklar şu günüñ baş ekologik sowaly bolan "Ỳeriñ ýüzünde adam nähili ýaşamaly?" diýen sowala jogap tapmak üçin adamzada ulanmakda aýratyn ähmiýete eýedir.

Islendik görnüşiñ populýasiýasynyñ möçberiniñ üýtgemesi tertipsiz suratda däl-de, kesgitli ekologik kanunalaýyklara baglylykda bolup geçýär.

Tebigatda islendik görnüşiñ populýasiýasynyñ sanynyñ artmasy hiç wagt tükeniksiz bolmaýar. Bu netije adam üçin ulanarlyklymy? Islendik populýasiýanyñ sanynyñ artmasynyñ çäklendirijisi bolup onuñ ýaşaýan ýeriniñ (sredasynyñ) ekologik sygymy hasaplanýar. Emma adamyñ ekologik ajaýyplygy onuñ öz ýaşaýan ýeriniñ çägini düýpli suratda giñeldip bilmek ukybyndadyr. Adamzat özüniñ bu ukybyny Ỳeriñ ýüzünde ýaşap ýören döwrüniñ dowamynda planetamyzyñ ähli ýerini özleşdirmek bilen subut etdi. Adam öz sanynyñ üýtgemesi babatynda umumyekologik kanunlara nähili derejede tabyn bolýar? Ol şol kanunlaryñ täsirlerine sosial ýollar arkaly düzedişler girizip bilýärmi? Başga sözler bilen aydylanda, adamyñ sanynyñ köpelmesiniñ sosial ekologik aýratynlyklary nähili?

Dürli kontinentleri, sebitleri we ýurtlary eýeläp oturan halklar, dürli tebigy-durmuş şertlerinde ýaşaýan adamlar ekologiýanyñ nukdaýy nazaryndan adamyñ geografik

populýasiýalary hökmünde garalyp bilner. Bütin planetanyñ ilaty, ýagny bütin adamzat – adamyñ global ýa-da umumydünýä populýasiýasydyr. Demografik kanunalaýyklyklar adamzada ulanylanda olaryñ umumy ekologik alamatlary bilen birlikde özboluşly aýratynlyklary hem bardyr. Adamyñ demografiýasynyñ aýratynlyklary onuñ haýwanat dünýäsiniñ ulgamýetindäki (sistematikasyndaky) görnüşleriñ arasynda Ỳeriñ ýüzünde ýaşaýan ýeke-täk biososial görnüşliginden ybaratdyr.

Adamzadyñ sany dogulýanlar bilen aradan çykýanlaryñ (ölýänleriñ) mynasybeti arkaly kesgitlenýär. Şu babatda adam islendik biologik görnüşe meñzeşdir. Mundan ýüzlerçe ýyllar ozal Çarlz Darwiniñ we beýleki alymlaryñ belläp geçişleri ýaly, köpelmäge bolan ukyplylyk özünde sanyñ geometrik progressiýa boýunça artdyrmagyñ iñ ýokary (potensial) mümkinçiliklerini saklaýar. Tebigatda daşky gurşawyñ garşylyk görkezmegi sebäpli, şol mümkinçiligi biologik görnüşleriñ hiç biri-de hasyl edip bilmeýär. Şu babatda biososial görnüş hasaplanýan adamyñ mümkinçilikleri nähili?

Tebigy populýasiýalaryñ sanynyñ artmasyny tükeniksiz suratda netijeli çäklendirýän **ekologik täsirleriñ (faktorlaryñ)** adama edýän täsirleriniñ has mahsus ýüze çykmalaryna gysgaça garap geçeliñ. Olar klimat, ýyrtyjylar, keseller we iýmit.

**Klimat.** Islendik klimatik zolakda ýaşap bilmek ukyby boýunça biologik görnüşleriñ arasynda adama taý geljek görnüş ýokdur. Ỳaşamak üçin amatly klimaty bolan ýerlere adamlar tarapyndan beýleki ýerlere (polýar zolaklar, çöller, belent daglar) garanyñda höwes bilen göçüp barýarlar. Egin-eşikleri taýýarlamak, ýaşaýyş jaýlaryny gurup bilmek, temperaturany we çyglylygy sazlamak üçin goşmaça energiýany peýdalanmak ukyby, ýagny dürli görnüşli durmuş-ykdysady we tehniki işjeñligi adama demografik hadysalaryñ amatsyz klimatyñ edýän oñaýsyz täsirlerini doly derejede bitaraplaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda klimatik şertler bütin Ỳer ýüzi boýunça adamyñ ýaýramasyna az derejede täsir edýär.

***Gury ýerde ýaşaýan köp sanly görnüşleriñ sanyna we ýaýraýyşyna gös-göni ýa-da gytaklaýyn täsir edýän klimatik täsir (faktor) şu babatda indi hökümrowan däldir.*** Ỳer ýüzünde adamyñ aýak basmadyk ýeri galmady. Ähli adalar açyldy, ähli yssy we buzly çöller barlandy, ähli dag belentliklerine çykyldy. Juda amatsyz (ekstremal) klimat uzak wagtlap barmasy kyn bolan ýerlere adamyñ aralaşmagyny kynlaşdyrdy, oña päsgel berdi. Häzir bolsa şol ýerleriñ özleşdirilmegini bökdeýär.

Ỳer ýüzünde klimaty iñ gazaply bolan ýerleri diñe XX asyrda özleşdirildi. 1909-njy ýylyñ nowruz aýynyñ 6-na amerikaly Robert Piri Demirgazyk polýusa baryp ýetdi (mümkin, onuñ ildeşi Friderik Kuk ol ýerde birneme öñ – 1908-nji ýylyñ nowruz aýynyñ 21-ne bolupdyr, emma ol muny ynamdar subut etmegi başarmady). 1911-nji ýylyñ dekabr aýynyñ 15-ne norwegiýaly Rual Amundsen ilkinji bolup Günorta polýusa barypdyr. 1953-nji ýylyñ maý aýynyñ 29-na täzezelandiýaly Edmund Hillari we Nordig Tensing ilkinji bolup dünýädäki iñ belent nokada – Jomolungma (Ewerest) çykdylar. Örän gazaply klimatynyñ bolmagy sebäpli hemişelik ilaty bolmadyk ägir giñ ýer – ol müdümi buzluk bilen örtülen Antraktidanyñ içerki raýonlarydyr. Hut şu kontinentde hem iñ pes temperatura – minus 88,3°C belli edildi.

**Ỳyrtyjylar.** Ilkidurmuş adamlaryñ ýaşan ýerlerinde geçirilen gazuw-agtaryş işleriniñ şaýatlyk etmeklerine görä, gadymy adamlar köplenç halatlarda iri ýyrtyjy haýwanlaryñ pidasy bolupdyrlar. Emma adamyñ ody we aw gurallaryny oýlap tapmagy, olara erk etmegi bilen onuñ kuwwady ençeme esse ýokarlanýar. Munuñ özi adama iñ iri we güýçli ýyrtyjylardan hem üstün çykmaga mümkinçilik berdi.

Hazirki wagtda ýyrtyjylar adamyñ sanyna hiç hili täsir etmeýärler.

**Keseller.** Birnäçe ýüz ýyl mundan ozal (Ỳewropada – XIV asyrdan başlap XVII asyra çenli) merginiñ, garahassalygyñ we mamanyñ gyrgynçylykly epidemiýalary şäherleri we ýurtlary boşatdy, ilatyñ sanynyñ artyşyny mese-mälim togtatdy. Ylmyñ we

medisinanyñ ösmegi bu kesellerden üstün çykylmagyna getirdi. Häzirki wagtda bu gyrgynçylykly kesellerdemografik hadysalara täsir etmeýär. Ỳewropanyñ we Demirgazyk Amerikanyñ industrial ýurtlarynda adamlaryñ biwagt aradan çykmaklarynyñ esasy täsirleriniñ ornuna başga alamatly keseller (ýürek-damar, onkologik keseller) geldiler. Olaryñ agyr görnüşlerde ýüze çykmaklary ep-esli derejede ykdysady ösüşiñ amatsyz netijeleri bilen baglanyşyklydyr. Olaryñ hataryna daşky gurşawyñ hapalanmagy, ýaşaýyşyñ adatdan daşary ýokary depgini zerarly nerw ýadawlyklary, fiziki ýüküñ ýeterliksizligi (gipodinamiýa) degişlidirler. Bu keseller köplenç halatlarda adamlaryñ ömrüni uly ýaşly toparlarda kesýärler. Emma ol keseller az-kem derejede ýaş we orta ýaşly, ýagny köpelmäge ukyply bolan adamlary hem öz içine alýarlar. Şu sebäpli-de ol ilatyñ sanynyñ köpelişine we artyşyna düýpli täsir etmeýär.

Emma soñky on ýyllyklarda duýdansyz suratda täze bir ýokanç kesel – SPID keseli özüni görkezip başlady. Bu kesel 1081-nji ýylda Kaliforniýada (ABŞ) ilkinji gezek ýüze çykaryldy. Adamyñ immun ýetmezçiliginiñ wirusy (IỲW ýa-da BHY) ganyñ üsti arkaly ýokuşýar. Meselem, sanjym edilende şprisleriñ birnäçe gezek ulanylan ýagdaýynda, ýa-da bolmasa jyns gatnaşyklary arkaly bu kesel sagdyn adamlara ýokuşýar. SPID keseli adam bedeniniñ immun ulgamyny zaýalaýar. Şeýlelikde, beden beýleki islendik keselleriñ garşysyna durnuksyz bolýar. Bu keseliñ gizlin (inkubasion) döwrüniñ dowamlylygy ýarym ýyldan 5 ýyla we ondan-da uzaga çekýär. SPID keselini doly suratda bejermäge mümkinçilik berýän derman serişdeleri häzirlikçe ýok. Şu sebäpli-de, bu kesel bilen keselleýän adamlaryñ hiç birini-de halas etmek başartmady. SPID keseli ilkinji nobatda köpelmäge, nesil öndürmäge (reproduktiw) nesle ýokuşýar. Ilaty köçülikleýin barlaglardan geçirmegi netijesinde bu keseliñ bütin dünýä boýunça giñden ýaýrandygy belli etdi. Bu kesel bilen keselleýän adamlaryñ sany ýylda 15-20 müñ köpelýär. SPID keseli demografik hadysa düýpli täsir edýän möhüm sebäp hasaplanýar.

Afrikanyñ, Aziýanyñ, Günorta we Merkezi Amerikanyñ köp ýurtlarynda hapaçylyk (antisanitariýa), arassa içimlik suwuñ ýetmezçilik etmegi bilen baglanyşykly bolan keseller güýçlenmegini dowam edýärler. Ol keselleriñ hataryna ilkinji nobatda ýiti öýken we içege keselleri: inçekesel, garahassa, ganly içgeçme we beýleki köp sanly keseller degişlidirler.

Adamyñ keselleriniñ arasynda ölüm-ýitimi iñ köp döredýänleri hökmünde XX asyryñ ortalarynda mergi, garahassa we mama keselleri bellenildi.

Mergi – adamyñ we haýwanlaryñ (esasan hem gemrijileriñ) ýiti ýokanç keseli hasaplanýar. Bu kesel mergi taýajygy diýip atlandyrylýan bakteriýa tarapyndan döredilýär. Mergi keseli sagdyn adamlara bu kesel bilen keselleýän adamdan we haýwanlardan, şeýle hem ony ýaýradyjylardan (bürelerden) ýokuşýar. Mergi keseli öýkeni, limfa düwünlerini we beýleki synalary zaýalaýar. Bedeniñ güýçli derejede zäherlenmesini we ölümini döredýär. Bu keseliñ Aziýadaky, Afrikadaky we Günorta Amerikadaky tebigy ojaklary ony ýaýradyjylar bolan gemrijiler (alakalar, atýalmanlar, gum syçanlary we ş.m.) tarapyndan goldanyp durulýar. Olar halkara we döwlet epidemiologik (mergä garşy) gullyklary tarapyndan hemişe pugta gözegçilikde saklanýar. Bu gulluklar her ýylda mergi keseliniñ köpelýän aýry-aýry ojaklaryny ýüze çykarýarlar we ony ýok edýärler. Mergi keseliniñ tebigy ojaklaryny ýüze çykarmak, olary zyýansyzlandyrmak boýunça işler Türkmenistanda hem alnyp barylýar.

Garahassa keseli ýiti aşgazan-içege bozulmasyny bedeniñ suwsuzlygyny döredýär. Bu kesel bilen keselleýän adamlaryñ 1%-e golaýy aradan çykýarlar. Ony dörediji garahassa wibriony diýilýän bakteriýa hasaplanýar. Geçen asyrlarda garahassa keseli zerarly millionlarça adamlar heläk boldular. Emma häzirki wagtda hem bu keseliñ ýerli epidemiýalary ýüze çykýarlar. Her ýylda garahassa bilen müñlerçe adamlar keselleýärler. Garahassa keselinden Afrikanyñ we Aziýanyñ käbir ýerleriniñ ilaty has köp ejir çekýärler.

Garahassa keseline garşy göreşmegiñ iñ esasy çäreleriniñ hataryna ilaty arassalanan we zyýansyzlandyrylan agyz suwy bilen üpjün etmek hasaplanýar. Bu babatda Türkmenistanyň Prezidintiniň tagallasy bilen ençeme işler edilýär. Arassa agyz suwuny öndürýän kärhanalaryñ ençemesi guruldy we işe girizildi.

Mama keseli XX asyrda ýok edilen ýokanç wirus keselidir. Türkmenistanda mama keseli 1936-njy ýyldan bäri duş gelmedi. Bu kesel bilen kesellemegiñ iñ soñky halaty 1977-nji ýylda Efiopiýada belli edildi. 1980-nji ýylda mama keseliniñ bütin Ỳer ýüzünde doly ýok edilenligi resmi suratda yglan edildi.

**Iýmit.** Haýwanlaryñ ählisi üçin azyk baýlyklary daşky gurşawyñ ekologik sygymynyñ esasy hasaplanýar. Ol adama hem mahsusdyr. Emma adam beýleki islendik görnüşden tapawutlylykda, özi üçin zerur bolan iýmit ätiýaçylygyny köpeltmegi başarýar. Adamzat taryhy azyk geçmeleriniñ täze we täze görnüşlerini gözläp tapmagyñ mysallaryndan dolydyr.

Ilkidurmuş adamlary ýüzlerçe ýyllaryñ dowamynda özleri üçin elýeterli bolan iýmiti ýygnapdyrlar, aw awlapdyrlar. Emma bulardan tapawutlylykda, ilkinji adamlar sadaja gurallaryñ kömeginden peýdalanyp özleriniñ iýmit mümkinçiliklerini giñeltmäni öwrenipdirler.

Mundan 10 müñ ýyl ozal Yakyn Gündogarda **oba hojalygy** peýda bolýar. Ol ýerleriñ ýaşaýyjylary azyklyk ösümlikleri ösdürip ýetişdirmekligi, özleri üçin peýdaly bolan haýwanlary saklamagy öwrenýärler. Iýmiti şunuñ ýaly usul arkaly almak ýabany haýwanlar üçin mahsus däldir. Haýwanlar öz iýmitini gözleýärler, ýygnaýarlar, tutýarlar. Adam öz iýjek iýmitini özi öndürýär, oña zähmetini we goşmaça energiýany sarp edýär.

**Iýmiti öndürmek -** adamyñ beýleki ähli biologik görnüşlerden düýpli (prinsipial) ekologik tapawudydyr, onuñ sosial aýratynlyklarynyñ aýdyñ ýüze çykmasydyr. Indi birnäçe müñýyllyklaryñ dowamynda azyk önümlerini ondürmegi kämilleşdirip gelýär, onuñ mukdaryny artdyrýar we hilini

ýokarlandyrýar. Netijede bolsa adamzadyñ ýaşaýyşa ukyplylygy artýar, sany ýokarlanýar.

Dünýäde azyk önümleriniñ öndürilişi üznüksiz suratda artýar. Emma ol dürli ýyllarda we dünýäniñ dürli sebitlerinde dürliçe tizlikde amala aşyrylýar. Bütin dünýä boýunça 1950-nji ýyldan başlap 1980-nji ýyla çenli aralykda däneçilik hojalygynyñ hasyllylygy iñ ýokary derejä (her ýylda 2-2,5 %) ýetdi. Ol dünýä ilatynyñ ösüş depgininden (ýylda 1,5-1,6 %) hem öñe düşüp dänäniñ sarp edilişiniñ jan başyna düşýän mukdarynyñ artmagyny üpjün etdi. Oba hojalygy üçin amatly bolan bu döwre "ýaşyl rewolýusiýa" diýip at berildi. Emma şonda-da birnäçe ýurtlarda (ilkinji nobatda hem afrika ýurtlarynda), azyk önümleriniñ öndürilişi her jan başyna düşýän mukdarda hasap edilende pese düşýärdi. Häzirki wagtda "ýaşyl rewolýusiýanyñ" çäklerinde oba hojalygynyñ mundan beýläkgi ösüşi (intenfikasiýasy), ähtimal, mümkin däldir. Soñky on ýylyñ dowamynda dänäniñ bütin dünýä möçberindäki öndürilişi haýallady, onuñ her jan başyna düşýän mukdary bolsa kemeldi. Şeýlelikde, adamzadyñ ýaşaýyşynyñ ekologik (ilkinji nobatda hem azyk, trofik) sygymynyñ wagt we giñişlik hasabyndaky ulalmasy deñ bolmadyk ýagdaýda bolup geçýär.

Häzirki wagtda her ýylda adam başyna orta hasapdan takmynan 350 kg däne (bugdaý, şaly, mekgejöwen we beýleki ekinler) öndürilýär. Dünýäde öndürilýän azyk önümleriniñ umumy iýmitlik gymmaty her bir adam başyna günde ortaça 2600 kkal barabar. Munuñ özi iýmitiñ bir gije-gündiziñ dowamyndaky mukdaryndan (2500 kkal) sähelçe gowrak. Emma şunça mukdardaky azygyñ adamlaryñ arasynda paýlanyşynyñ entek kämilleşmedik ulgamynyñ bolmagy zerarly, ilata ýetmezçilik edýär. Şeýlelikde, açlyk çekýän adamlaryñ sany barha artýar. Dünýäniñ ösüp barýan ýurtlarynda iýmitden doýmazlykdan, doly bahaly iýmitlenmezlikden hem-de şular bilen baglanyşykly döreýän kesellerden ýylda 20 milliondan 40 milliona çenli adam, esasan-da çagalar ölýärler.

Azyk meselesi babatyndaky iñ kynçylykly ýagdaý Afrikada emele geldi. Bu kontinentiñ köp ýurtlarynyñ (Efiopiýa, Somali, Çad, Sudan, Angola we beýlekiler) ilaty hemişe açlygy başdan geçirýärler. Zerur iýmitleriñ arasynda iñ ýokary derejede deñderman paýlanylmaýany iñ gymmatly haýwan belogydyr. Ýewropada, Demirgazyk Amerikada we Ýaponiýada ýaşaýan dünýä ilatynyñ 20 %-i süýdüñ we etiñ 80 %-ni peýdalanýarlar. Dünýäniñ beýleki sebitleriniñ ýaşaýyjylarynyñ 80 %-i bolsa haýwanlaryñ beloklarynyñ 20 %-i bilen üpjün edilen. Ýer ýüzüniñ bütin ilatyny doly bahaly iýmitlik önümleri bilen üpjün etmek üçin azyklyk önümleriniñ umumy öndürilişini artdyrmak hem-de onuñ paýlanyşynyñ mehanizmini kämilleşdirmek zerurdyr.

Azyk önümlerini artdyrmagyñ mümkinçilikleri çäksizdir. Soñky müñ ýylyñ dowamynda örän gazaply açlyk dünýäniñ köp ýurtlaryny gaplap aldy. Aýry-aýry ýurtlarda azyk önümçiliginiñ ýokary derejede bolan häzirki döwründe hem dünýä ilatynyñ takmynan ýüzden 10 bölegi açlyk çekýär. Munuñ üstesinede ýene-de şonçarak mukdardaky ilat doly bahaly iýmitiñ ýetmezçiliginden (meselem, haýwan belogynyñ ýetmezçilik etmeginden) ejir çekýärler.

*Iýmitiñ ýetmezçiligi ýa-da onuñ haýsydyr bir düzüm böleginiñ (komponentiniñ) ýetmezçilik etmegi aýry-aýry ýurtlaryñ we sebitleriñ ilatynyñ ýaşamagynyñ möhüm faktory bolupdy hem-de bolmagynda galýar. Azyk önümçiliginiñ ýokarlanmagy ilatyñ ölüm-ýitimini azaldýar hem-de Ýer ýüzüniñ ilatynyñ sanynyñ köpelmegine ýardam edýär.*

Islendik biologik görnüşiñ sany ekologik gatnaşyklaryñ ulgamy bilen kesgitlenýär. Ýeke-täk biososial görnüş bolan adamyñ sany bolsa ekososial baglanyşyklaryñ ulgamy bilen kesgitlenýär.

Islendik görnüşiñ añryçäk sany onuñ ýaşaýan ýeriniñ gurşawynyñ ekologik sygymy bilen çäklendirilýär. Adamzadyñ añryçäk sany planetar möçberdäki **sosial-ekologik sygym** bilen

çäklendirilýär. Adam ony üznüksiz suratda giňeldip durýar. Emma Ýerde onuň ýokarky araçägi bardyr.

## 8. 5. Adamyň demografiýasynyň durmuş-geografik aýratynlyklary

Dünýa ilatynyň sanynyň artyşynyň umumylaşdyrylan görkezijileriniň aňyrsynda demografik hadysalaryň tebigy we durmuş-ykdysady şertleri bilen kesgitlenýän düýpli geografik tapawutlar durýarlar. Şol çuňňur tapawutlar biziň planetamyzyň günorta we demirgazyk böleklerinde has-da mese-mälim bildirýär. Birneme şertleýin ýagdaýynda Günorta sebite Aziýanyň (Ýaponiýadan we ozalky SSSR-iň ýurtlaryndan özgesi), Afrikanyň we Latyn Amerikasynyň (ABŞ-dan günorta tarap) ösýän ýurtlaryny degişli edýärler. Demirgazyk sebite bolsa Demirgazyk Amerikanyň (ABŞ we Kanada), Ýewropanyň we Demirgazyk Aziýanyň (ozalky SSSR-iň ýurtlaryny we Ýaponiýany goşmak bilen) ykdysady taýdan ösen ýurtlary, şeýle-de Awstraliýa we Täze Zelandiýa degişli.

Günorta sebit. Bu ýerde dünýä ilatynyň ¾ böleginden hem gowragy – 4750 mln. adam (1998-nji ýylyň maglumatlary) jemlenen. Ilatyň ortaça ýyllyk ösüşi – 1,7%. Ýer ýüzünde iň köp ilatly ýer (territoriýa) Günorta Aziýa hasaplanýar. Bu ýerde 3550 mln. adam ýaşaýar we demografik taýdan äpet döwletler (ýokary deržawalar) ýerleşýärler. Olara Hytaý (1250 milliondan gowrak) we Hindistan (980 milliondan gowrak). Latyn Amerikasynda 500 mln adam ýaşaýar. Afrikada bolsa 780 milliona golaý ilat bar. Bu ýerde ilatyň ösüş derejesi dünýäde iň ýokary derejede bolup, ol ýylda 2,6 %-e barabardyr (her 27 ýyldan iki esse köpelýär). Günorta sebitiň käbir ýurtlarynda (Ruanda, Somali, Niger, Angola, Saud Arabystany, Oman, Ýemen we beýlekiler) ilatyň sany has hem tiz, ýagny 17-20 ýyldan iki esse köpelýär.

Demirgazyk sebit. Bu sebitiň ilatynyň umumy jemi 1200 mln. adama golaýdyr (dünýä ilatynyň takmynan 20 %-e golaýy).

Sebitiñ çäklerinde ýerleşýän iñ iri döwletleriñ hataryna ABŞ (275 mln. adam) we Russiýa (147 mln. adam) degişlidirler. Ilatyñ sanynyñ artmasy takmynan togtady diýen ýaly. Sebit boýunça ilatyñ sanynyñ ýyllyk artyşy orta hasapdan 0,3 %-e çenli azaldy we ol azalmasyny dowam edýär. Ỳewropada bolsa bu görkeziji eýýäm nola deñ, ýagny bu ýerde ilatyñ sany durnuklydyr. Ỳewropa ýurtlarynyñ köpüsinde (Wengriýada, Çehiýada, Bolgariýada, Italiýada, Angliýada we beýlekiler) ýerli ilatyñ köpelişi doly suratda kesildi. 1990-njy ýyllaryñ başlarynda bu ýurtlaryñ hataryna Russiýa hem goşuldy. Sebäbi bu döwletde ilatyñ ölüm-ýitimi dogulýanlaryñ sanyndan artyp başlady.

Günorta we Demirgazyk sebitleriñ demografik häsiýetnamalary bir-birlerinden düýpli tapawutlanýarlar. *Birleşen Milletler Guramasynyñ* maglumatlaryna görä, bu tapawutlar gelejekde has hem artar. Gelejekdäki 30 ýylda (2025-nji ýyla çenli) dünýä ilatynyñ sanynyñ artmasynyñ azyndan 95 %-e golaýy Günorta sebitiñ paýyna düşer. Diñe 5 %–i bolsa Demirgazyk sebitiñ ýurtlarynyñ paýyna düşer. Häzirki wagtda dünýä inýän her 10 çaganyñ 9-sy “Günortada” dogulýanlar, 1-i bolsa “Demirgazykda” dünýä inýär. Ỳene 30 ýyldan bu mynasybet eýýäm 20:1 gatnaşyga eýe bolar diýip çak edilýär. Muña şu aşakdaky maglumatlar hem şaýatlyk edýärler (4-nji tablisa).

**Sebitler boýunça demografik tapawutlaryñ durmuş-ekologik sebäpleri.** Ösüp barýan ýurtlaryñ ilatynyñ sanynyñ güýçli depginler bilen artmagyny köplenç halatlarda **“demografik partlama”** diýip atlandyrýarlar. Onuñ başlangyjy XX asyryñ ikinji ýarymyna gabat gelýär.

Ikinji jahan urşundan soñra ozalky koloniýalaryñ aglabasy garaşsyz döwletler boldylar. Olar şol wagtlarda döredilen halkara guramalarynyñ kömegi bilen ilaty ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak boýunça ençeme çäreleri gördüler. Bütindünýä saglygy goraýyş guramasyna (BOЗ) gysga döwrüñ, ýagny bir-iki onýyllygyñ dowamynda çaga ölümini çürt-kesik azaltmak, bu ýurtlaryñ ilatynyñ ýaşaýyş gurşawynyñ umumy sanitariýa ýagdaýy

gowulandyrmak (arassa agyz suwy bilen üpjünçiligiñ gowulanmagy, dermanlar we gigiýena serişdeleri bilen üpjünçilik) başartdy.

***4-nji tablisa***

**Dünýä ilatynyñ sanynyñ artyşynyñ sebitler boýunça aýratynlyklary we onuñ gelejegi**

| Yyllar | Bütin dünýä | Demirgazyk sebit | Günorta sebit |
|---|---|---|---|
| **Ilatyñ umumy sany, mlrd. adam** | | | |
| 1950 | 2,5 | 0,8 | 1,7 |
| 1970 | 3,7 | 1,0 | 2,7 |
| 1990 | 5,3 | 1,1 | 4,2 |
| 2000 | 6,1 | 1,2 | 4,9 |
| 2025 | 8,0 | 1,2 | 6,8 |
| **Her ýylky ösüşi, %** | | | |
| 1950 | 1,7 | 1,3 | 1,9 |
| 1970 | 2,0 | 1,0 | 2,5 |
| 1990 | 1,7 | 0,5 | 2,1 |
| 2000 | 1,4 | 0,3 | 1,6 |
| 2025 | 1,2 | 0,2 | 1,3 |

Şu babatda Türkmenistan döwletinde geçirilýän çäreler dünýäniñ köp ýurtlary üçin nusga alarlykdyr. Türkmenistanda hormatly Prezidentiniñ taýsyz tagallalary bilen saglygy goraýyş

ugrunda ilata medisina hyzmatyny etmekde düýpli üýtgeşiklikler bolup geçdi. Ilatyñ saglygyny goramak boýunça syýasatynyñ esasy ugurlarynyñ ýörelgeleri (konsepsiýasy) 1995-nji ýylda kabul edilen “Saglyk” Döwlet maksatnamasy bilen kesgitlenildi.

Täze Galkynyş we biýik özgertmeler zamanamyzda Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Saglyk” maksatnamasynyñ üstünlikli durmuşa geçirilmegi bazar ýörelgelerini we mehanizmlerini ornaşdyrmak esasynda saglygy goraýyş ulgamyny düýpgöter özgertmegi amala aşyrmagyñ başyny başlady. Ỳurduñ saglygy goraýyşy öz ösüşinde hil taýdan täze derejä göterildi. Bu bolsa ýurduñ ilatynyñ saglyk ýagdaýyny gowulandyrmaga, ilatyñ keselliligni we ölümini azaltmaga mümkinçilik berdi. «Saglyk» döwlet maksatnamasynyň çäklerinde sagdyn durmuşy ornaşdyrmak, neşekeşligiň, çilimkeşligiň öňüni almak, ýokanç keselleriň sanjymlar arkaly öňüni almak, çaganyň we enäniň saglygyny goramak we beýleki öňüni alyş Milli maksatnamalary ösdüriler;

Ỳurda nahar duzuny ýodlaşdyrmak, arassa nahar duzuny öndürmek, natriý gipohloritiniñ ýerli önümi bilen agyz suwuny hlorlamaga geçmegi hemme ýerde guramak, şeýle hem özümizde we daşary ýurtlarda öndürilýän önümleriñ adamlaryñ saglygy üçin ähtimal howplylarynyñ gigiýeniki sertifikasiýasy ýaly uly möçberli döwlet öñüni alyş çäreleri üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu çäreler ýod we demir ýetmeýän keselleriñ, ýokanç keselleriñ öñüni almaga gönükdirilendir.

Soñky ýyllaryñ içinde geçirilen öñüni alyş çäreleriniñ netijeli bolandygyna ilatyñ umumy ölüminiñ 14,5 %, çagalaryñ ölüminiñ 21,3 %, eneleriñ ölüminiñ 35,2 % azalandygyny, ilatyñ hassahanalarda bolmagynyñ 19,4 göterimden 11,6 göterime çenli peselendigi şaýatlyk edýär. 1997-nji ýyldan bäri Türkmenistanda poliomelit keseli bilen kesellemegiñ halatlary bellige alynmady.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen saglygy goraýşy ösdürmekde we ilatymyzyň saglygyny goramakda uly-uly üstünlikler gazanyldy. Ilatymyzyň saglygy ýagdaýynyň esasy

görkezijileri ep-esli gowulandy, geçen ýylyň şu döwri bilen deňeşdireniňde umumy keselçilik azaldy, çaga dogluşy ýokarlandy we umuman ýurdumyzda adam ömrüniň ortaça dowamlylygy 71 ýaşa çenli artdy. Saglygy goraýşyň maddy binýadyny berkitmek işine, şol sanda dürli saglyk desgalaryny welaýatlarda, etraplarda gurmaga we oba ilatyna döwrebap saglyk hyzmatyny ýola goýmaga aýratyn uly üns berilýär. Şu we beýleki ençeme möhüm çäreler ilatyň ýaşaýan ýeriniň gurşawynyň durmuş-ekologik göwrümini artdyrmaga mümkinçilik beryär.

# IX B a p

# ILATYŇ GÖÇÜP-GONMALARY (MIGRASIÝASY) WE OLARYŇ GEOGRAFIÝASY

Adamzat taryhynda ilatyň bir ýerden başga bir ýere göcmesi hemişe bolup geçipdir. Munuň özi taryhy ösüşniň aýry-aýry basgançaklarynda dünýäniň aýry-aýry sebitlerinde we ýurtlarynda ilatyň ýaýramasyna getiripdir.

## 9. 1. Ýer ýüzünde ilatyň ýerleşişi we göçüp-gonmasy (migrasiýasy)

Ýer ýüzünde ilatyň ýerleşiş aýratynlyklary öwrenmek, ony derñemek ilatyň geografiýasy ylmynyň möhüm meseleleriň biridir. Ilatyň ýerleşişi köplenç halatlarda möhüm birinji görkeziji – ilatyň gürlügi diýen düşünje bilen aňladýar. Ilatyň gülügi diýip meýdany 1 $km^2$ bolan ýerde ýaşaýan adamlaryň mukdaryna aýdylýar. Mumuň üçin eger-de 1 $km^2$ meýdanda 80 adam ýaşaýar diýseň, onda şol ýerde ilatyň gürlügi 80-e deňekeni. Dünýa ýuzi boýunça ilatyň ortaça gürlügi 1 $km^2$ meýdanda 40 adama barabar.

Ilatyň ýerleşişi Ỳer togalagynda deň derejede däldir. Çünki Ỳer ýüzüniň 1/10 häzire çenli hem adamlaryň ýaşamak üçin oňaýsyzdyr. Şonuň ýaly ýerlere Anrarktida, Grenlandiýanyň takmynan ähli ýeri we beýleki birnäçe ýerler degişlidir.

Alymlaryň hasaplamalaryna görä Ỳeriň gury ýer böleginiň takmynan ýarsyna golaý ilatyň gürlügi 1 $km^2$ meýdanda 1 adamdan hem azdyr. Ỳer ýüzüniň ¼ böleginde ilatyň ýerleşiş gürlügi 1 $km^2$ 1-10 adama çenli. Ýer Ỳüzüniň ilatynyň has köp jemlenen ýerlerine **oýkumenker** diýilýär. Oýkumenlerde ilatyň gürlügi 1 $km^2$ meýdanda 32 adama babardyr.

Ýer togalagynyň gündogaryň ýarym togalagynda bütin Ýer ýüzüniň ilatynyň 80 %, demirgazyk ýarym togalagynda 90 %, Aziýada bolsa 60 % adam ýaşaýar.

Dünýäniň aýry-aýry ýurtlarynda ilatyň ýerleşiş gürlügi birmeňzeş däldir. Musal üçin has ýokary gürlükdäki ilatly ýurtlarda 1 $km^2$ meýdanda 200 gowrak adam ýaşaýar. Şeýle ýurtlaryň hataryna Belgiýa, Niderlandiýa, Beýik Britaniýa, sraýin, Liwan, Bangladeş, Şri-Lanka, Koreýa, Salwador degişlidirler.

Birnäçe ýurtlarda ilatyň gürlügi dünýä boýunça ortaça gürlüge ýakyndyr. Şol ýurtlaryň hataryna Islandiýa, Irak, Kolumbiýa, Malaýziýa, Morokko, Tunis, Meksika ýaly döwletler degişlidirler.

Dünýäniň käbir ýurtlarynda ilatyň gürlügi has pes derejede bolmagy bilen tapawutlanýarlar. Şol ýurtlarda 1 $km^2$ meýanda bary ýogy 2 adam ýaşayar. Şeýle döwletleriň hataryna Mongoliýa, Liwiýa, Mawritaniýa, Nambiýa, Gwiana, Awstraliýa, Grenlandiýa degişlidirler.

**Migrasiýa** (“migratio” diýen latyn sözünden) – munuň özi adamlaryň hemişelik, wagtlaýynça ýa-da möwsümleýin öz ýaşaýan ýerlerini üýtgemekleri bilen baglanşykly bolan aýry-aýry territoriýalara we ilatly ýerlere göçup gonmalarydyr. Mirgasiýanyň esasy sebäpleri ykdysady sebäpleridir. Emma migrasiýanyň döremeginde syýasy, milli, dini we beýleki sebäpler hem uly täsir edýärler. Migrasiýanyň formalary örän dürli-dürlidir. Her günde adamlaryň ýüzlerçe, milliony öz ýaşaýan ýerlerini çalşýarlar.

Ilatyň migrasiýasy soňky ýüz ýylyň dowamynda Ýer ýüzüňde adamlaryň ýaýran ýerleriniň üýtgemesiniň iň möhüm sebäpleriniň biridir.

Ilatyň migrasiýasyny häsiýetlendirmek üçin birnäçe görkezijileri (kriteriýalary) peýdalanýarlar. Köplenç halatlarda migrasiýany masştaby boýunça häsiýetlendirýärler. Masştaby boýunça **içki migrasiýalar** agdyklyk edýärler. Içki migrasiýalara ilatyň oba ýerlerinden şähere göçüp-gonmasy degişlidir. Şeýlelikde dünýäniň köp ýurtlarynda içki migrasiýanyň netijesinde şäherler

has ösdüler. Migrasiýanyň bu görnüşini köplenç ýagdaýlarda “XX asyrda halklaryň beýik göçüşleri” diýip atlandyrýarlar.

Ilatyň territorial gaýtadan paýlanmasy uly we kiçi şäherleriň arasynda hem bolup geçýär.

Migrasiýalar bilen kollonizasiýa we täze ýerleriň özleşdirmesi baglanşyklydyr. Içki migrasiýa ilkinji nobatda eýeleýän meýdany örän giň bolan hem-de ilatyň gürlügi çürt-kesik tapawutlanýan ýurtlar üçin mahsusdyr. Şeýle ýurtlara Rossiýa, Gazagystan, Kanada, Braziliýa, Awstraliýa, Hytaý we beýleki ýurtlar degişlidirler.

Içki migrasiýalar ähli döwletler üçin mahsus hem bolsa, ol dürli ýurtlarda ösüşiniň dürli basgançaklaryndadyr. Ösüp barýan ýurtlarda ýeri we işi bolmadyk oba ilatynyň akymy şäherlere tarap ymtylýarlar. Olar şäherde özleri üçin iş ýerlerini gözleýärler. Ösen döwletlerde bu hadysa tersine bolup geçýär. Ýagny ilat şäherlerden şäher ýakalaryna, käbir halatlarda oba ýerlerine hem göçýärler.

M,asştaby boýunça ilatyň migrasiýasynyň ikinji bir görnüşi hem **daşarky (halkara) migrasiýalar** hasaplanýar. Bu migrasiýalar mahalynda ilat ýurduň çäginden, şeýle hem yklymlaryň (kontinentleriň) hem çäklerinden daşary çykyp migrasiýa edýärler. Şu sebäpli hem daşarky (halkara) migrasiýanyň iki görnüşini, ýagny **yklymlaryň içindäki** hem-de **yklymlaryň arasyndaky** migrasiýalary tapawutlandyrýarlar.

Ilatyň migrasiýasynyň wagt boýunça görnüşleriniň hem iki sanysy tapawutlandyrmak mümkin:

1. **Hemişelik ýa-da dolanmasyz** migrasiýalar. Migrasiýanyň bu görnüşinde göçüp-gonýan ilat ýaşaýan ýerinden hemişelik göçup gidýär we ozalky ýaşan ýerine dolanyp gelmeýär.

2. **Wagtlaýyn ýa-da dolanşykly** migrasiýalar mahalynda ilat göçüp giden ýerine belli bir wagtdan soňra dolanyp gelýär. Migrasiýanyň bu görnüşi möwsümleýin, wagtlaýyn bolup biler. Şu sebäpli hem wagtlaýyn ýa-da dolanşykly migrasiýanyň hem şu aşakdaky 3 görnüşini tapawutlandyrmak mümkin:

a) möwsümleýin migrasiýalar;

b) maýetnik görnüşli migrasiýalar;

ç) wagtallaýyn migrasiýalar.

Ilatyň migrasiýanyň motiwleri ýa-da äheňleri dürli-dürli bolup biler. Şu sebäpli hem migrasiýalaryň äheňleri (motiwleri) boýunça aýaly görnüşlere bölýärler:

1. Ykdysady äheňli migrasiýalar;
2. Syýasy äheňli migrasiýalar;
3. Dini äheňli migrasiýalar;
4. Maşgala-durmuş äheňli migrasiýalar;
5. Tebigy äheňli migrasiýalar;

## 9. 2. Ýer ýüzünde ilatyň deň derejede ýerleşmeýänliginiň sebäpleri

Ýer ýüzünde ilatyň deň derejede ýaýramazlygynyň sebäpleriniň birnäçe mysallar arkaly düşündirmek mümkin. Has takyby Ýer ýüzünde ilatyň deň derejede ýaýramazlygyna şu aşakdaky faktorlar täsir edýärler:

1. ***Tebigy gurşaw (sreda)***. Alymlaryň hasaplamalaryna görä dünýäniň ilatynyň 1/2/ bölegi düzlüklerde jemlenipdir. Ýer ýüzüniň gury ýer böleginiň 30 % dülükler tutýarlar. Dünýäniň ilatynyň 1/3 bölegi deňizl;eriň kenar ýakalarynda 50 km çenli kenardan uzaklykdan ýaşaýarlar. Gury ýeriň şol kenarýaka bölegi 12 % barabardyr. Munuň özi ilatyň deňize tarap süýşenligi aňladýar.

Ilatyň yer ýüzüňde ýerleşmesine tebigy gurşawyň ägirt uly orny bar. Emma bu täsir adamzat taryhynda durmuş-ykdysady ösüşiň ýokarlanmagy bilen kem-kemden gowşaýar. Gazaply tebigy şertleri bolan künjeklerde häli-häzire çenli hem ilat selçeň ýaýran.

2. ***Taryhy faktor.*** Ilatyň deň derejede ýerleşmekligine taryhy faktoryň hem edýän täsiri ulydyr. Munuň özi Ýer ýüzünde adamyň ýaýramak prosessiniň örän uzak wagtlap (takmynan 30-40 müň ýyl) dowam edenligi bilen baglanşyklydyr,

3. ***Häzirki zaman demografik ýagdaýlaryň täsiri.*** Bu täsir hem Ýer ýüzünde ilatyň deň derejede ýaýramazlygyna ägirt uly täsir edýär. Käbir ýurtlarda ilat örän çalt köpelýär. Munuň esasy sebäbi hem şol ýurtlardaýaşaýan ilatyň tebigy artyşynyň ýokary depginde bolmagy bilen baglanşyklydyr.

# X Bap

# ETNOGRAFIÝANYŇ WE ETNOGEOGRAFIÝANYŇ ESASLARY

## 10.1. Etnografiýanyň öwrenýän meseleleri (predmeti), onuň maksady we wezipeleri

Ýer ýüzünde ýaşaýan halklaryň – etnoslaryň geçmişi we häzirki ýagdaýy bilen meşgunllanýan ylymlar ençemedirler. Olaryň has möhümlerine pelsepe, taryh, arheologiýa, lingwistika, geografiýa we sosialogiýa ýaly ylymlar degişlidirler. Emma dünýäniň halklarynyň mahsus alamatlaryny, aýratynlyklaryny öwrenýän ýörite ýlym bar. Ony köplenç halatlarda **etnologiýa** diýip atlandyrylýarlar. Ozalky SSSR-iň çäklerinde bolsa ol ylym **etnografiýa** ady bilen mälimdir (gadymy grekçeden terjime edilende "halklary ýazyp beýan etmek" diýmegi aňladýar).

Etnografiýa – taryhy ylymlaryň hataryna degişlidir we ol beýleki ylymlar bilen bilelikde jemgyýeti hem-de onuň öşuşini öwrenýän ylymlaryň giň çädine girýär. Etnografiýa ylmy etnoslaryň (grekçe "etnos" – halk diýmegi aňladýar) gelip çykyşyny, döreýişini hem-de olaryň wagt hasabyndaky üýtgemesini öwrenýär. Her bir halkyň medeniýetinde milli däp-dessurlara örän möhüm ähmiýet berilýär. Çünki şunda halklaryň etnik ýaşaýyş obrazynyň alamatlaryny ýüze çykarmaga mümkinçilik döreýär.

Etnografik maglumatlar, bilimler ilki-ilkler iki sany ylym – geografiýa we taryh ylymlary tarapyndan ýygnalypdyr. Dürli ýurtlarda uzak syýahata giden syýahatçylar syýahateden ýurtlarynda ýaşaýan adamlaryň daşky sypatyna, olaryň adatlaryna we edim-gylymlaryna aýratyn üns beripdirler. Syýahatdan gaýdyp gelenlerinden soňra bolsa olar bu babatda gören zatlaryny ýazyp beýan edipdirler. Ilkinji taryhçylar hem halklaryň arasyndaky

tapawutlary belläpdirler. “Taryhynyň atasy” hasaplanýan Gerodot diňe bir hadysalary ýazyp beýan etmek çäklenmän, eýsem halklaryň geýim-gejimi, adatlary, özlerini alyp baryşlary bilen baglanşykly bolan gyzykly maglumatlary hem ýazypdyr.

## 10.2. Adamzat jemgyýetiniň ösüşinde etnik hadysalaryň ähmiýeti we olaryň düýp mazmuny

Etnografiýa ylmynda esasy düşünje **etnos** düşünjesi hasaplanýar. Adamzat jemgyýetiniň ösüşinde etnik hadysalar uly ähmiýete eýedirler. **Etnik hadysalar diýip etnosyň aýry-aýry etnik elementleriň, şeýle hem tutuş etnoslaryň üýtgemesine aýdylýar.** Etnik hadysalaryň 2 görnüşini tapawutlandyrýarlar:

1. Ewolýusion etnik hadysalar;
2. Transformasion etnik hadysalar.

**Ewolýusion etnik hadysalar** etnosyň islendik elementleriniň, ilkinji nobatda hem diliň we medeniýetiň düýpli suratda üýgemesinde aňladylýarlar. Bu hadysalara etnosyň sosial strukturasynyň, onuň jyns ýaş aýratynlyklarynyň düzüminiň üýtgemesi hem degişlidir.

**Transformasion etnik hadysalar** etnik degişliliginiň çalyşmasyna getirýän etnik elementler degişlidirler. Olaryň tamamlaýyjy basgançagy hem etnik adyň we öz adyň çalyşmagy hasaplanýar. Muny bolsa ilat ýazuwlary geçirilýän mahalynda fiksirlemek mümkin. Transformasion etnik hadysalary hem öz gezeginde 2 sany görnüşe bölünýär:

a) Etnik bölünmek hadysasy;
b) Etnik birleşmek hadysasy.

Etnik bölünmek hadysasy mahalynda bir bütewi etnos özüniň ýaşamasyny, dowam etmesini bes edýär we ol birnäçe etnoslara bölünýär ýa-da bolmasa etnosdan birnäçe bölekler aýrylýarlar (migrasiýanyň netijesinde) hem-de olaryň her biri aýratyn etnosa öwrülýärler.

Etnik birleşmek hadysasy mahalynda bolsa dürli etnoslara degişli bolan adamlaryň toparlarynyň goşulyşmasy, birleşmesi bolup geçýär. Olaryň arasynda etnoslaryň bir-birleriniň konsolidasiýasy, assimilýasiýasy we integrasiýasy bolup geçýär. Etnik birleşmek hadysalarynyň ösüşi durmuş-ykdysady özgermeler, ykdysady integrasiýalar, etnik tarapdan dürli, gatyşyk nikalaryň ýaýramasy bilen kesgitlenýär.

## 10.3. Etnogenez we adamlaryň etniki umumylyklary (taýpa, urug, uruglaşmak, halkyýet, millet)

Etnoslaryň döreýiş, ösüş we kämilleşiş hadysasyna **etnogenez** diýip at berilýar. Biz gul eýeçilik eýýamyndan bäri özüniň gözbaşyny alyp gaýydýan etnoslaryň (etnikoslaryň) bardygyny bilýäris. Şeýle etnoslaryň hataryna ermeni, gruzin we beýleki rtnoslar degişli edilýärler. XIX asyrda Taýmyrda dörän doganlar ýaly etnikoslar hem bar. Altaýlylar diýip atlandyrylýan etnos bolsa Daglyk Altaýda XX asyrda döredi. Emma, adamzat etnoslarynyň arasynda kyrk asyrdan uzak ýaşly ýekejedeetnikoslar ýokdur. Häzirki zamanadamsy gornüş *(Homo sapiens)* hökmünde 40-60 müň ýyl mundan ozal peýda bolupdyr diýip çäk edilýär. Şu sebäpli hem eýýäm onlarça mün ýyllar öň etnoslaryň bolandyklaryny tassyklamaga doly esas bar. Emma biz olaryň taryhy barada örän az maglumatlary bilýäris.

Wagt hasabynda adamlaryň ilkinji birleşmesi, ýagny olary etnos hökmünde kesgitlenýän birleşmesi taýpa (plemýa) hasaplanýar. Taýpa etnosyň tipi we synpsyz jemgyýetiň sosial gurluşy (strukturasy) jasaplanýar. Ol ilkinji nobatda içki strukturasy bilen tapawutlanýar. Ýagny, taýpanyň içinde ekzogam uruglar çürt-kesik bölünýärler. Taýpanyň beýleki alamatlaryna taýpa territoriýasynyň, taýpadaşlaryň, öz aňynyň we adynyň bolmaklary ýaly alamatlar degişlidirler. Taýpanyň adatça haýsydyr bir diliň dialekti bolupdyr. Kowumdaş taýpalar köpelnç halatlarda toparlara ýa-da soýuzlara birleşipdirler. Taýpalar XX asyryň 80-nji

ýyllarynda esasan Aziýanyň, Afrikanyň we Amerikanyň ösýän ýurtlarynyň yza galan raýonlarynda saklanyp galypdyrlar. Şeýle hem taýpalar ýerli halkyň relikti hökmünde ösen ýurtlarda-da (meselem, ABŞ-da indeýler) saklanyp galypdyrlar. Ösüşiň we konsolidasiýanyň täsiri netijesinde taýpalaryň toparlary **halkyýetler** başlangyç berip bilýärler.

Halkyýet düşünjesini şeýle häsiýetlendirmek mümkin:

1) Halkyýet – munuň özi taýpanyň (ýa-da taýpalaryň soýuzynyň) we milletiň aralygynda aralyk ýagdaýy eýeleýän etnosyň bir tipidir. Ol gul eýeçilik we feodalçylyk eýýamlary üçin mahsus hasaplanýar. Halkyýet dil-medeni araçäkleriniň mese-mälim dälligi, ykdysady baglanşyklaryň gowşaklygy we ş.m. bilen tapawutlanýar.
2) Halkyýet – mumuň özi taýpa ýa-da taýpalar topary alamatlaryny ýitiren, emma millete öwrülip bilmedik häzirki zaman etnoslarydyrlar (esasan hem Afrikanyň we Aziýanyň ýurtlaryndaky etnoslar).

**Halk** düşünjesi sözüň manysynda ikinji nobatda özüniň gelip çykyşy ýa-da ýaşaýyşy bilen baglanyşykly bolan adamlaryň uly toparyny aňladýar. Başga-ça aýdylanda **halk** – munuň özi kesgitli bir ýurduň ähli ilatydyr. Ylymda halk düşünjesi iki sany manylarda ulanylýar:

1) Durmuş syýasy manyda halk düşünjesi jemgyýetiň gatlaklary we synplary bolup, olar progressiw taryhy ösüşe gatnaşýarlar.
2) Etnik manyda halk düşünjesi etnik umumylyklaryň ähli görnüşlerini aňladýar.

### 10. 4. Etnos we geografik (tebigy) gurşaw

Geografik (tebigy) guwşaw etnosyň döremeginiň we ýaşamagynň iň zerur şertleriniň biridir. Geografik gurşawyň üýtgemesi etnik hadysalara özüniň düýpli täsirini ýetirýär.

Üstesine-de, geografik gurşaw etnik hadysalaryň bolup geçýän “arenasy” alamatlaryny etnik medeniýetiň örän dürli oblastlarynda, ýagny zähmet gurallaryndan, durmuş predmetlerinden başlap, halklaryň, etnonimleriň atlaryna çenli görmek bolýar.

Klimat (howa şertleri) köp babatda geýim-gejimiň we ýaşaýyş jaýlarynyň aýratynlyklaryny, ekilýän oba-hojalyk ekinleriniň görnüşlerini, ýabany ösýän ösümlikleriň we haýwanlaryň görnüşlerini kesgitleýär. Klimata ulag (transport) serişdeleri-de bagly bolýarlar. Topragyň häsiýeti, relýef, deýalaryň we kölleriň paýlanyşy etnoslaryň zähmet işini, ilkinji nobatda hem oba hojalyk sredasyna täsirini ýetirýär. Tebigy päsgelçilikler (dag gerişleri, çöller, suwlar) esasan hem jemgyýetiň ösüşiniň irki basgançaklarynda köplenç halatlarda etnik araçäkler bolup hyzmat edýärler. Ýerli ösümlik örtüginiň görnüş düzümi ýaşaýyş jaýynyň materialyny we onuň görnüşlerini kesgitleýär. Ösümlik örtügi haýwanat dünýäsiniň aýratynlyklary bilen bilelikde ol ýa-da beýleki bir halklaryň özlerini alyp baryş durmuşyny hem-de medeni-hojalyk ösüşini kesgitleýär. Şu ýerde mysal hökmünde haýwanlaryň ýoklugy sebäpli Amerikada käbir babatlarda aborigen siwilizasiýanyň ösüşiniň haýallamagyny mysal getirmek mümkin. Şol haýwanlar eldekileşdirmegiň netijesinde işçi mallary bolup hyzmat edip bilerdiler. Amerikada gulýallaryň peýda bolmaklary köp indeý taýpalarynyň durmyşynyň we hojalygynyň çürt-kesik özgertmegine getirdi.

Geografik gurşawyň mahsus aýratynlyklary (klimatyň, topragyň, relýefiň, floranyň, faunanyň we ş.m. aýratynlyklary) etnosyň ruhy medeniýetiniň aýry-aýry toparlaryna hem-de psihikasyna kesgitli derejede täsir edýär.

Geografik gurşaw etnosyň etnik öz-özüňi aňmakda hem beýanyny tapýar. Etnik territoriýalaryň landşaftlary ol ýerde ýaşaýan adamlaryň aňynda “mähriban toprak” hakdaky düşünje görnüşinde ýatda galýar.

# XI B a p

# DÜNÝÄ HALKLARYNYŇ ETNOLINGWISTIK KLASSIFIKASIÝASYNYŇ PRINSIPLERI

## 11.1 . Dilleriň möhüm maşgalalary we toparlary, olaryň geogarfiýasy

Dünýäniň halklarynyň iň esasy, baş aýratynlygy, tapawudy hem olaryň dilidir. Şu sebäpli-de, halklaryň klassifikasiýasy köplenç halatlarda dil prinsipine esaslanýar. Özleriniň kowumdaşlygy, ýakynlygy boýunça (gelip çykyşlaryna görä) dilleri aşaky toparlara (podgruppalara) birleşdirýärler. Aşaky toparlar hem öz gezeginde dil toparlaryny emele getirýärler. Dil toparlary hem dil maşgalalaryny döredýärler.

Häzirki wagtda dünýäde mälim bolan dilleriň umumy sany 5,5 müňden gowrak hasaplanýar. Olaryň 1,5 müňüsi doly derejede kemala gelip ýetişmedik ýa-da ölüp barýan diller hasap edilýärler. Ölüp barýan dilleriň hataryna awstraliýaly aborigenleriň dilleriniň 250-si ýa-da demirgazyk amerikaly indeýleriň dilleriniň hem 170-si degişli. Özbaşdak dil hökmünde doly ykrar edilen dilleriň 4 müň sanysy bolup, olaryň diňe 500-si oňat öwrenilen. Emma dilleriň 1500-si welin asla öwrenilmedik diýen ýaly. Şunuň bilen birlikde hem ähli dilleriň ¾ bölegi diňe gepleşik (sözleýiş) dilleri hasaplanýarlar. Munuň özi bu dilleriň ýazuwlarynyň ýoklugyny aňladýar.

Ýer ýüzünde dilleriň deň derejede ýaýramandyklaryny nygtamak gerek. Etnik ösüşiň urug-taýpa ýa-da halkyýet derejesinde bolan ýerlerde dilleri has hem köp bolýarlar. Bu babatda “dünýäniň rekordsmeni” Täze Gwineýanyň adalary hasaplanýarlar. Bu ýerde 1 müňden hem gowrak dürli diller bar. Munuň özi dünýäniň ähli dilleriniň 1/5 bölegine deňdir. Günbatar Afrikada hem köp diller bar. Meselem, diňe Niger derýasynyň basseýninde 280-e golaý dürli dilleriň bardygy mälim edildi.

Taryhy taýdan ilkinji diller adamzat jemgiýetinde ilkidurmuş taýpalaryň dilleri hasaplanýarlar. Alymlaryň çaklamalaryna görä ol diller garyp sözlük ätiýaçlygy bilen alamatlandyrylýarlar. Olaryň entek durnuklaşmadyk gramatik gurluşy bolupdyr. Ilkidurmuş taýpalarynyň Ýer ýüzi boýunça ýaýran mahaly olaryň territorial taýdan üzňe bolmaklary dillerde tapawutlaryň döremegine we güýçlenmegine getiripdir.

Häzirki wagtda dünýä dillerini 15 sany dil maşgalasyna birleşdirýärler. Olaryň atlary we şol dil maşgalalaryna girýän toparlar baradaky maglumatlar şu aşakdakylardan ybarat:

## I. Hindi-ýewropa dil maşgalasy.

### 1*. Slawýan topary.*

Ruslar | Beloruslar

Ukrainler | Serbler
Polýaklar | Bolgarlar
Çehler | Horwatlar

### 2*. Letto-litwa topary*.

### 3. *German topary*.

Nemesler | Amerikanlar
Iňlisler | Gollandlar

Awstraliýaly iňlisler | Kanadaly iňlisler
Şwedler | Awstraliýalylar
Şotlandlar | Flamandlar
Daniýalylar

### 4. *Kelt topary.*

Irlandlar

### 5. *Roman topary*.

Braziller | Italýanlar
Meksikanlar | Fransuzlar
Ispanlar | Kolumbiýalylar
Argentinalylar | Rumynlar
Wenesuelylar | Portugallar

| | |
|---|---|
| Çilililer | Kubalylar |
| Kanadaly fransuzlar | Rezuanlar |
| Katalonlar | |

6. ***Alban topary (albanlar).***
7. ***Grek topary (grekler).***
8. ***Eýran topary.***

| | |
|---|---|
| Owganlar (puştunlar) | Parslar |
| Kürtler | Täjikler |

9. ***Hinidiariýa topary*.**

| | |
|---|---|
| Hindustanlar | Bengallar |
| Biharlar | Marathiler |
| Penjaplar | Güdjaratlar |
| Oriler | Lahidler |
| Rajasthanlar | Sindhler |
| Assamlar | Nepallar |

10. ***Ermeni topary.***

**Hindi-ýewropa dillerinde gürleýän ýewreýler**

**II. Kawkaz dil maşgalasy**

11. ***Kartwel topary.***
12. ***Abhaz-adyg topary.***
13. ***Nahi-dagystan topary*.**

**III. Semito-hamit dil maşgalasy.**

14. ***Semit topary*.**

| | |
|---|---|
| Müsürli araplar (müsürliler) | Alžirli araplar (alžirliler) |
| Amharalar | Marokkoly araplar (marokkolylar) |
| Sudanly araplar (sudanlylar) | Saud Arabystanly araplar |
| Yrakly araplar (yraklylar) | Siriýaly araplar (siriýalylar) |
| Ýemenli araplar | Tunisli Araplar |

***15. Berberi topary.***

***16. Kuşit topary.***

Gallar

***17. Çad topary.***

Hauslar

**IV. Kongo-kordofan dil maşgalasy.**

***18. Niger-kongo topary.***

Fulbeler
Ibolar
Rundiler
Makualar
Sonalar
Ýorublar
Nýaruakdalar
Akanlar
Kosalar

***19. Kordofanlar topary.***

**V. Nil-sahara dil maşgalasy.**

***20. Sari-nil topary***

***21. Sahara we beýleki toparlar.***

**VI. Konsan dil maşgalasy.**

**VII. Ural dil maşgalasy.**

***22. Fin-ugor topary.***

Wengerler

***23. Samodiý topary.***

**VIII. Altaý dil maşgalasy.**

***24. Türki diller topary.***

Türkmenler
Özbekler
Gazaklar
Türkler
Azerbeýjanlar
Tatarlar
Uýgurlar

***25. Mongol topary.***

***26. Tungus-manžur topary.***

**IX. Çükotka-kamçatka topary.**

Ýukagirler Niwhler
Ketler Koreýler
Ýaponlar Aýnlar

**X. Drawadiý dil maşgalasy.**

***27. Günorta topary*.**

Tamiller Malaýaliler
Kannaralar

***28. Günorta-gündogar topary*.**

Telugular

***29. Gondwand we beýleki toparlar*.**

Andamanlar

**XI. Hytaý-tibet dil maşgalasy.**

***30. Hytaý dil topary.***

Hytaýlar Hueýlar (dunganlar)

***31. Tibet-birmen topary.***

Birmanlar

**XII. Taý dil maşgalasy.**

Siýamlar Zaolar
Çžuanlar

**XIII. Awstriýa-aziýa dil maşgalasy.**

***32. Wetnam dil topary*.**

Wetnamlylar

***33. Mon-khmer dil topary*.**

Khmerler

***34. Munda topary.***

***35. Mýao-ýao topary.***

***36. Wa-palaun we beýleki diller topary*.**

**XIV. Awstro-indoneziýa dil maşgalasy.**

***37. Indoneziýa topary.***

| | |
|---|---|
| Yawanlar | Sundlar |
| Wisaýalar | Madurlar |
| Tagallar | Malgaşlar |
| Indoneziýaly malaýlar | Malaýly malaýlar |

Minangkabaular

***38. Melaneziýa we beýleki diller topary.***

Papuass halklary

Awstraliýalylar-aborigenler

**XV. Eskimos-aleut dil maşgalasy**

Indeý halklary

***39. And-ekwatorial dil topary.***

Keçualar

***40. Penutiler we beýleki diller.***

Dünýä halklarynyň ýokarda beýan edilen dil maşgalalary, olara girýän toparlar dünýäniň ähli halklaryny, halkyýetlerini öz içine alýarlar. Emma şol dil maşgalalaryna we toparlaryna näçe adamyň degişlidigini welin anyklamak kyn.

Dünýäde has giňden ýaýran diller we olarda gürleýän adamlaryň sany baradaky maglumatlary şu aşakdaky 5-nji tablisa görmek mümkin.

Iňlis dili dünýä halklarynyň arasynda iň giň ýaýran dildir. Şeýle-de bolsa hytaý dili halkara dilleriniň arasynda birinji orny eýeleýär diýip pikir edýärler. Iňlis dili bolsa hytaý dilinden soňra dünýä halklarynyň arasynda giň ýaýran dildir. Iňlis dili döwlet dili hökmünde häzirki wagtda döwletleriň 44-sinde ulanylýar. Bu dil ilkinji döwlet dili hökmünde hem ýurtlaryň köpüsinde giňden ulanylýar. Dünýäniň radio hem-de teleýaýlymlarynyň, takmynan,

*5-nji tablisa*

**Yer ýüzünde has giňden ýaýran diller we olarda gürleýän adamlaryň sany baradaky maglumatlar**

| **Diller** | **Gürleýän adamlaryň sany (mln. adam)** |
|---|---|
| Hytaý | 1 100 |
| Iňlis | 350 |
| Ispan | 250 |
| Arap | 220 |
| Hindi | 200 |
| Bengal | 160 |
| Portugal | 160 |
| Rus | 150 |
| Ýapon | 125 |
| Nemes | 90 |

ýüzden altmyş göterimi iňlis dilinde alnyp barylýar. Dünýäde çap edilýän habar beriş serişdeleriniň ýarysyna golaýy iňlis dilinde çap edilýär.

Ýer ýüzüniň ilatynyň ýarysyna golaýy esasan hytaý, iňlis, rus, ispan, hindi, urdu, arap, bengal, portugal, ýapon, nemes, fransuz, italýan dillerinde gürleşýärler. XXI asyrda türkmen diliniň hem şol dilleriň hataryna goşulmak mümkinçilikleri çäksizdir.

## 11.2. Dürli tipdäki ýurtlarda etnik gurluşlar (strukturalar) we etnik hadysalar

Dünýäniň dürli topdäki ýurtlarynda etnik gurluşlara we hadysalara garap geçmezden ozal etnik gurluş (struktura) diýip nämä aýdylýanlygyny aýdyňlaşdyrmaly.

Etnik gurluşlar (strukturalar) diýip, ilat ýazuwlary wagtynda hem-de köpçülikleýin statistiki hasaba almagyň beýleki görnüşlerinde nazarda tutulýan ilatyň etnik degişlilik alamaty boýunça paýlanmasydyr. Ilatyň etnik gurluşy (strukturasy) aýratyn alnan ýurt ýa-da onuň administratiw-territorial bölümleri (welaýatlary, etraplary, şäherleri we ş.m.) üçin, şeýle hem ýurtlaryň toparlary üçin, kesgitlenip bilner.

Ilatyň etnik gurluşyny (strukturasyny) kesgitlemek üçin etnik (milli) degişlilik baradaky anyk maglumatlardan başga-da, ene dili baradaky maglumatlar hem peýdalanylýar. Etnik statistikanyň onçakly ösmedik sebitlerinde we ýurtlarynda ilatyň etnik gurluşyny kesgitlemek üçin adamlaryň gepleşik dilleri, dini ynançlary baradaky maglumatlar ulanylýar.

Ilatyň etnik gurluşynyň (strukturasynyň) wagt babatyndaky düýpli üýtgeşmeleri, özgertmeleri tebigy köpelişiň etnik differensiasiýasy, etnik migrasiýalar we etnik hadysalar barada şaýatlyk edýärler.

## 11.3. Türkmenistanyň ilatynyň milli düzümi

Ilatyň milli düzümi diýip ýurtda ýaşaýan ilatyň milletine degişliligi boýunça paýlanmasyna aýdylýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan – köp milletli döwlet bolup, bu ýerde (1995-nji ýylyň ilat ýazuwynyň maglumatlaryna görä), 120-den gowrak halklaryň wekilleri ýaşaýarlar. Olar türkmenler, ruslar, özbekler, gazaklar, tatarlar, azerbeýjanlar, ermeniler, buluçlar, beloruslar, täjikler, nemesler, kürtler, eýranlylar, moldawanlar, başgyrtlar, koreýler, uýgurlar, bolgarlar, rumynlar we beýlekilerdir. Döwletimiziň ilatynyň milli düzümi we onuň ýyllar boýunça üýtgemesi baradaky maglumatlar bilen 6-njy tablisadan tanşyp bilersiňiz.

| Millet-ler | 1926 ý | | 1959 ý | | 1970 ý | | 1979 ý | | 1989 ý | | 1995 ý | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | müň adam | (%) | müň adam | (%) | müň adam | (%) | müň adam | (%) | müň adam | (%) | müň adam | (%) |
| **Ähli ilat sany** | 988,2 | 100 | 1516,4 | 100 | 2158,4 | 100 | 2764,7 | 100 | 3522,7 | 100 | 4437,6 | 100 |
| **Şol sanda** | | | | | | | | | | | | |
| **Türkmenler** | 719,8 | 72,1 | 923,7 | 60,9 | 1416,7 | 65,6 | 1891,7 | 68,4 | 2536,6 | 72 | 3401,9 | 77 |
| **Ruslar** | 75,4 | 7,5 | 262,7 | 17,3 | 313,1 | 14,5 | 349,2 | 12,6 | 333,9 | 9,5 | 298,8 | 6,7 |
| **Ozbekler** | 105,0 | 10,5 | 125,2 | 8,3 | 179,5 | 8,3 | 233,7 | 8,5 | 317,3 | 9 | 407,1 | 9,2 |
| **Gazaklar** | 9,5 | 1,5 | 69,6 | 4,6 | 68,5 | 3,2 | 79,5 | 2,9 | 87,8 | 2,5 | 87 | 2 |
| **Tatarlar** | 4,8 | 0,4 | 29,9 | 2 | 36,5 | 1,7 | 40,4 | 1,5 | 39,2 | 1,1 | 36,4 | 0,8 |
| **Ukrainler** | 6,9 | 0,7 | 21 | 1,4 | 35,4 | 1,6 | 37,1 | 1,3 | 35,6 | 1 | 23,1 | O,5 |
| **Ermeniler** | 13,8 | 1,4 | 19,7 | 1,3 | 23,1 | 1,1 | 26,6 | 1 | 31,8 | 0,9 | 33,6 | 0,8 |
| **Azerbeýjanlar** | 4,2 | 0,4 | 12,9 | 0,8 | 16,8 | 0,8 | 23,5 | 0,9 | 33,4 | 0,9 | 36,6 | 0,8 |
| **Buluçlar** | 10,0 | 1,0 | 7,6 | 0,5 | 12,4 | 0,6 | 18,6 | 0,7 | 26,3 | 0,7 | 36,4 | 0,8 |

***6-njy tablisa***

**Türkmenistanyň ilatynyň milli düzümi we onuň üýtgeýişi (degişli ýyllarda geçirilen ilat ýazuwlarynyň maglumatlarynyň esasynda düzüldi)**

Türkmenler döwletimizde ýaşaýan ilatyň 77 göterimini tutup, olaryň umumy sany 3,5 milliona golaýlaýar. Türkmenler döwletimiziň ähli welaýatlarynda we etraplarynda ýaşaýarlar. Türkmenleriň Aşgabat şäheri hem-de döwletimiziň welaýatlary boýunça paýlanyşyny aşakdaky 7-nji tablisadan görmek mümkin.

*7-nji tablisa*

**Türkmenistanda türkmenleriň Aşgabat şäheri we welaýatlar boýunça paýlanyşy**

| T/b | Welaýatlar | Türkmenleriň umumy sany |
|---|---|---|
| 1 | Aşgabat şäheri | 314398 |
| 2 | Ahal welaýaty | 616327 |
| 3 | Balkan welaýaty | 284237 |
| 4 | Daşoguz welaýaty | 584290 |
| 5 | Lebap welaýaty | 726992 |
| 6 | Mary welaýaty | 873692 |

Maglumatlardan mälim bolşy ýaly, türkmenler ýurdumyzyň Mary, Lebap we Ahal welaýatlarynyň çäklerinde has köp ýaýrapdyrlar.

Türkmenler döwletimiziň çäklerinden daşarda hem ýaşaýarlar. Ýurdumyzyň çäklerinden daşarda ýaşaýan türkmenler bilen gatnaşyk etmäge, olaryň öz ata Watanyna gelmeklerine giň mümkinçilikler açyldy. Türkmenistanda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer bileleşigi döredildi. Bu ynsanperwer bileleşik tarapyndan daşary ýurtda ýaşaýan watandaşlarymyzyň ýaýran geografik nokatlary belli edildi we olaryň sany kesgitlendi. Dünýä türkmenleriň ynsanperwer bileleşige dünýäniň 30-dan hem gowrak dürli ýurtlarynda ýaşaýan türkmen diasporalary bilen ysnyşykly medeni gatnaşyklary saklaýar. Olaryň 14-sinde bileleşigiň daşary ýurtlardaky bölümleriniň 24-si döredildi.

# XII Bap

# ADAM TÜÝSLERI (JYNSLARY)

## 12.1. Adam tüýsleriniň (jynslarynyň) gelip çykyşynyň (genezisiniň) hem-de adamlaryň jynslaryndaky tapawutlaryň düýp mazmuny

Ýer ýüzünde ýaşaýan adamlar bir-birlerinden daşky (beden) alamatlary – deri örtüginiň, saçynyň we gözüniň reňki, ýüz keşbi we ş.m. alamatlary boýunça tapawutlanýarlar. Şol alamatlaryň has möhümleri, ýagny genetik taýdan berkidilenleri hem-de nesilden-nesle geçýänleri boýunça adamlar iri antropologik toparlara – **tüýslere (jynslara)** bölünýärler. Adamlary deri örtüginiň reňkine görä olary üç sany tüýse-garaýagyz, akýagyz we saryýagyz tüýslere bölmek baradaky pikir has giňden ýaýran. Emma adam hakdaky ylym bolan antropologiýa ylmynda (grekçe "antropos"- adam we "logos"- söz, taglymat) bu babatda başgaça adalgalar kabul edilendirler. Işlenip düzülen antropologik klassifikasiýa adam tüýsleriniň diňe ýeke alamatyny (deri örtüginiň) reňkini däl-de tapawutlandyryjy alamatlaryň tutuş toplumyny nazarda tutýar. Şol alamatlaryň hataryna deri örtüginiň reňkinden başga-da, kelleçanagyň keşbi (formasy), bedeniň boýy (uzynlygy) we proporsiýasy, äňleriň çykymy, burnuň we dodaklaryň keşpleri, gözleriň kesimi, erkekleriň ýüzünde we teninde (ilkinji nobatda hem döşünde) tüýleriň uzynlygy ýaly alamatlar degişlidiler. Soňky wagtlarda adam tüýslerini toparlara bölmekde "gizlin" alamatlarynyň toparlaryny, tagam biliş duýgularynyň aýratynlyklaryny, dişleriň özboluşlulygyny hem peýdalanýarlar.

Ýokarda atlary agzalan antropologik aýratynlyklaryň köpüsi dürli genler tarapyndan kesgitlenýärler we olar öz aralarynda takyk tabynlyk bilen baglanyşan däldirler. Şu sebäpli hem aýry-aýry tüýsleriň alamatlarynyň arealy (ýaýran ýerleri) laýyk gelmeýärler. Olar köplenç halatlarda kesişýärler ýa-da bir-birlerini kesýärler.

Munuň özi bolsa adam tüýsleri bölünen mahalynda olary toparlara bölmekde kynçylyklary döredýärler.

Adam tüýsleriniň häzirki zaman toparlary barasynda gürrüň etmezden ozal adam tüýsüniň nämedigini aydyňlaşdyrmaly. Eýsem adam tüýsi näme? Adam tüýsi – munuň özi nesilden–nesle geçýän birmeňzeş daşky alamatlary (deri örtüginiň, saçlarynyň we gözleriniň reňki, burnunyň we dodaklarynyň formasy, bedeniniň proporsiýasy we göwräniň uzynlygy hem-de ş.m.), şeýle hem käbir “gizlin” alamatlary (ganyň toparlary we ş.m.) bolan adamlaryň taryhy taýdan emele gelen toparlarydyr. Dürli alamatlaryň ýaýran ýerleri (arealy) gabat gelmeýärler. Şonuň üçin hem adam tüýsleriniň araçäkleri takyk däldirler we olar şertleýindirler.

Häzirki wagtda adam tüýsleriniň 4 sany esasy görnüşlerini (tiplerini) – **negroid, awstraloid, ýewropeoid** we **mongoloid** tipleri. Bu tüýsleriň içinde hem ýeke-de birnäçe kiçi tüýleri tapawutlandyrýarlar. Adam tüýsleriniň şu esasy toparlarynyň kemala gelmekleri örän ir wagtlarda, ýagny Ýer ýüzünde häzirki zaman görnüşiň ýaýrap başlan döwründe başlapdyr. Paleoantropologlar paleoit zamanyna degişli bolan adam süňkleriniň galyndylarynyň esasynda şu tüýsleriň alamatlarynyň emele gelmekleriniň ýollaryny yzarlaýarlar. Adam tüýsleriniň tapawutlary mutasiýa hadysasynyň netijesinde emele gelipdirler we olar birnäçe sebäpleriň täsirinde berkäpdirler. Şol sebäpleriň möhümleriniň hataryna ilkidurmuş adamlaryň sezewar bolan tebigy şertleriniň dürlüligi degişlidir. Meselem, melanin pigmenti diýip atlandyrylýan aýratyn bir pigment bilen doýurylan gara reňkli deri örtügi bedeni gün şöhlesiniň has zyýanly täsirinden gorap saklaýar. Şu sebäpli hem bu reňk Ýer togalagynyň ekwatorial zolagynyň ýaşaýyjylarynda giňden ýaýrapdyr. Gün radiasiýasynyň gowşak bolan ýeri demirgazykda nesilden-nesle geçýän alamatlarda deri örtüginiň ak reňki berkäpdir. Gözüň insiz, dar kesiminiň we ýokary gabaklaryň mongoloid görnüşli ýygnanmasy (epikantus) gurak sähralaryň we ýarym çölleriň tozanly ýerlerinden gözleri goramagyň zerurlygyndan döräpdir diýip, çaklamak mümkin.

Ganyň toparlaryndaky käbir tapawutlaryň döremegi megerem, organizmiň keselleriň ýerli (lokal) ýaýramaklarynyň aýratynlyklaryna bolan reaksiýasy bilen baglanyşyklydyr. Adamzadyň ösdügi saýyn tebigy gurşawyň adam tüýsleriniň emele gelmegindäki täsiri azalýar.

Adam tüýsleriniň esasy toparlarynyň arasynda olaryň emele gelip başlan döwründen bäri anyk araçäk bolmandyr. Hakykat ýüzünde bar bolan antropologik tiplerde ol ýa-da beýleki antropologik alamatlar dürlüçe kombinirlenipdirler. Mundan başga-da, tüýsleriň otnositel “arassalygy” eýýäm gadym zamanlardan başlap, adamlaryň antropologik taýdan dürli-dürli bolan toparlarynyň arasynda nika gatnaşyklarynyň bolmagy netijesinde bozulyp başlapdyr. Adam tüýsleriniň esasy toparlarynyň arasynda örän köp sanly aralyk-geçiji tipler bar. Olaryň döreýişleri barada anyk pikirleri aýytmak kyn.

Adam tüýsleriniň atynlyklarynyň demografik hadysa, ýagdaýa edýän täsiri ujypsyz. Dürli tüýsleriň arasyndaky nikalar birmeňzeş tüýslere garanyňda az önelgili bolýarlar. Munuň özi adamzadyň biologik bitewiligine şaýatlyk edýär.

## 12.2. Uly, kiçi we geçiji tüýsler (jynslar), olaryň alamatlary, sypatlary we geografik taýdan ýaýraýyşlary

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, adam tüýsleriniň uly toparlarynyň hataryna 4 sany tüýs – negroid, awstraloid, ýewropeoid we mongoloid tipleri degişlidirler. Olaryň her birini gysgaça häsiýetlendireliň.

**Negroid we awstraloid tipleri** öz aralarynda bir-birlerine golaý, ýakyn bolan adam tüýsleri hasaplanýarlar. Bu adam tüýsleri deri örtüginiň gara reňklidigi, saçynyň garalygy we adatça buýralygy, çikgeleriniň kadaly ýagdaýda çykyp durandyklary, äňleriniň birneme ýapgytlygy (prognatizm), giň burunlary, etlek dodaklarynyň bolmaklary bilen alamatlandyrylýarlar. Negroid

tüýse Afrikanyň ýerli ilaty, ýagny Saharadan günortarakda ýaşaýan negrler degişlidirler. Bu adam tüýsüniň içindäki antropologik tapawutlar onçakly uly däl we olar entek gowşak öwrenilen. Tropik tokaýlarda ýaşaýan örän gysga boýly taýpa bolan **negrillalary (pigmeýleri)** aýratyn bir topara bölýärler. Mundan başga-da, Afrikanyň günortasynda ýaşaýan **buşmenler** we **gottentotlar** hem aýratyn topary emele getirýärler. Bu toparlara gatnaşýan adamlaryň deri örtüginiň reňki gara däl-de, mongoloidleriňki ýaly sarydyr. Olaryň mongoloidler bilen meňzeşliklerini ýokarky gabaklarynyň gurluşynda hem görmek bolýar. Bu meňzeşlikler genetik taýdan kowumdaşlygy aňlatmaýar. Ol çalymdaşlyk birmeňzeş tebigy şertleriň (gurak sähralyklar we ýarymçöller) täsiriniň netijesinde döräpdirler. Mongoloidleriňkiden tapawutlylykda, buşmenleriň we gotten- totlaryň saçlary negrleriňkiden hem has buýralaşan bolýar, burunlary giň.

XVI-XIX asyrlarda Afrikanyň dürli ýurtlaryndan Amerika duýdansyzlykda köp sanly gullar-negrler getirilipdir. Häzirki wagtda negroidleriň uly toparlary Amerikanyň dürli ýurtlarynda (Braziliýada, ABŞ-da, Gaitide we ş.m.) ýaşaýarlar. Olaryň anyk sanyny kesgitlemek mümkin däl. Çünki olar ýewropeidler bilen güýçli derejede garyşypdyrlar. Emma olaryň umumy sany 30 million adama barabar diýip çak edilýär.

Awstraloid tüýsüne **malaneziýalylar,** Täze Gwineýanyň **papuaslary** we Awstraliýanyň **aborigenleri** (ýerli ilaty) degişlidirler. Awstraliýalylardan afrikan negrleriň uly tapawutlary bar. Çünki awstraliýalylar üçin tolkunly saçlaryň hem-de erkeklerinde ýüzde we bedende ösgün tüýleriň bolmagy mahsusdyr. Papuaslaryň we melaneziýalylaryň arasynda edil Merkezi Afrikanyň negrleriniň arasynda bolşy ýaly, **negritoslar** diýip atlandyrylýan gysga boýly taýpalaryň hem gabat gelýändikleri gyzykly wakadyr. Olaryň aýry-aýry toparlary Malakka ýarym adasynda we Andaman adalarynda ýasaýarlar. Negritoslara daşky keşbi boýunça Hindistanyň barmasy kyn bolan etraplarynda hem-de Günorta-Gündogar Aziýanyň ýurtlarynda

ýaşaýan käbir uly bolmadyk taýpalar degişlidirler. Weddalar diýip atlandyrylýan halkyň adyna laýyklykda bu antropologik tipe weddoid tipi diýip at berýärler. Şu tüýse girýän aýratyn antropologik tip hökmünde Ýapon adalarynyň gadymy ýaşaýyjylary bolan aýnlary tapawutlandyrýarlar. Aýnlar awstraliýalylaryň ýakyn kowumlary hasaplanýarlar. Emma olaryň uzak wagtlap aram giňişlikde ýaşamaklary netijesinde bularyň deri örtügi has açyk reňke eýe bolupdyr. Üstesine-de, olarda güýçli ösen tüý örtüginiň bolmagy olary ýewropeidlere has çalymdaş edýär.

**Ýewropeoid tipi** takmynan adamzat nesliniň ýarysyny öz içine alýan uly tüýs hasaplanýar. Oňa degişli edilýän adamlaryň esasy alamatlary: deri örtügi akýagyz ýa-da bugdaýreňkli, saçlary tolkunly ýa-da gönüden ýumşak, erkekleriň ýüzünde we bedeninde tüý örtügi aram ýagdaýynda ösen, çekgeleri gowşak çykyp duran, äňleri wertikal ýagdaýynda ýerleşen (ortognatizm), öňe çykyp duran dar burunlary bar, dodaklary ýuka.

Ewropeoid tipli adam tüýsüniň iki sany şahasy, ýagny **demirgazyk** we **günorta** şahalary bar. Demirgazyk Ýewropada ýaşaýan demirgazyk şahanyň wekilleri üçin has uzyn boý, açyk reňkli tolkunly saç, köplenç gök göz mahsus bolýar. Ýewropanyň iň günortasynda we esasan-da Demirgazyk Afrikada, Alynky Aziýada we Demirgazyk Hindistanda ýaýran günorta şahanyň wekilleri üçin bolsa kadaly boý, bugdaýreňk deri örtügi, gara, adatça göni saçlar gara gözler mahsusdyr.

Türkmenler ýewropeid tüýsüne degişlidirler. Latynamerikasynyň ýurtlarynyň ilaty hem ýewropeid tüýsüniň günorta şahasyna degişlidirler. Ýewropeid tüýsüň demirgazyk we günorta şahalarynyň arasynda geçiji tipleriň giň zolagy ýerleşýär. Şol zolak ähli günbatar we günorta slawýan halklary, şeýle hem Demirgazyk Amerikanyň we Awstraliýanyň ýewropeid tüýsli ilatyny öz içine alýar.

Ýewropeid tüýsi antropologlar tarapyndan oňat öwrenilendir. Mälim edilen tüýs alamatlarynyň wariasiýalarynyň

esasynda köplenç halatlarda **“kiçi tüýsleri”** ýa-da **“ikinji”** tertipli tüýsleri tapawutladyrýarlar.

Skandinawiýanyñ uzyn boýly, süýri kelleli blondinleri **demirgazyk (nord) tüýsi,** Balkan ýarym adasynyñ uzyn boýly, togalak kelleli brýunetleri **dinar tüysi** atlary bilen mälimdirler. “Ikinji” tertipli tüýsleriñ arasyndaky araçäk örän nätakykdyr.

**Mongoloid tüýsi** uly tip bolmak bilen, ol tipiñ adamlary şu alamatlary bilen tapawutlanýarlar: deri örtügi sarymtyl ýa-da açyk mele reñkli, saçlary göni we gaty, erkekleriñ bedenindäki we ýüzündäki tüý örtügi gowşak ösen, çekgeleri güýçli ýagdaýda çykyp duran, ýokarky gabaklary mongol tipli diýlip atlandyrylýan gasynly. Bu adam tüýsüni hem iki sany şaha bölýärler: aziýa we amerikan (amerind) şahalary. Merkezi, Gündogar, Demirgazyk-Günorta Aziýanyñ çäklerinde ýaýran aziýa şahasynyñ içinde örän köp sanly wariasiýalar bar. **Demirgazyk** ýa-da sibir mongoloidleri (mongollar, burýatlar, ýakutlar, ewenekler we beýlekiler) **günorta** mongoloidleri bilen deñeşdirilende has gysga boýlarynyñ, ýasy ýuzleriniñ bolmaklary sebäpli tapawutlanýarlar. Demirgazyk-günorta Aziýanyñ ýerli ilaty (çukçalar, koryaklar, eskimoslar) antropologik taýdan aziýa şahasynyñ gündogar we demirgazyk tipleriniñ aralygynda aralyk ýagdaýy eýleýärler. Olarda arktik zolakda ýaşamagyñ netijesinde emele gelen mahsus alamatlar (meselem, örän dar burun deşigi) bar.

Mongoloidleriñ amerikan şahasyna Demirgazyk we Günorta Amerikanyñ gadymdan oturumly hasaplanýan ilaty bolan **indeýler** hem degişlidirler. Olar genetik taýdan gürrüñsiz suratda aziýa mongoloidleri bilen baglanyşyklydyrlar. Çünki olar Çukotka we Alýaska boýunça amerikan kontinentinde ornamak maksady bilen hereket edipdirler. Emma wagtyñ geçmegi bilen indeýler, aýratyn hem Demirgazyk Amerikanyñ indeýleri birnäçe alamatlary boýunça (çykyp duran burny, gowşak çykyp duran çekgeleri, gabaklaryñ mongoloid görnüşli ýygnanmasy) aziýa mongoloidleriniñkiden güýçli tapawutlanyp başlaýarlar we ýewropeoid tipine golaýlaşýar.

## 12.3. Gadymy geçiş görnüşleri (formalary)

Aralyk afrika zolagynda efiop tipini bölýärler. Olara Efiopiýanyñ we Somaliniñ halklary degişlidirler. Efioplar burnunyñ görnüşi (formasy) we ýüzüniñ skeletiniñ gurluşy boýunça araplardan hem-de beýleki günorta ýewropeoidlerden asla tapawutlanmaýarlar diýen ýalydyr. Emma olaryñ deri örtügi negrleriñki ýaly garadyr. Şunuñ ýaly alamatlaryñ Afrikanyñ günbatarynda (Senegalda, Gwineýada) fulbe halkynda hem-de oña kowumdaş bolan Günbatar Sudanyñ etnik toparlarynda bardygy anyklanyldy.

Drawid dil maşgalasynyñ ýaşaýan ýeri bolan Hindistanyñ günortasynda aralyk hindi zolagy ýerleşýär. Ol ýeriñ ilatynda weddoid tipdäki ýaly ýewropeoid tüýsüñ günorta şahasyna menzeş alamatlar bar. Bu ýerde **günortahindi** antropologik tipi diýlip atlandyrylýan tip emele gelipdir. Onda ýüz keşbiniñ ýewropeoid alamatlary deri örtüginiñ gara reñki bilen utgaşýar.

Günorta-Gündogar Aziýada mongoloid tüýsüniñ aziýa şahasynyñ we awstraloidleriñ arasynda aralyk zolak ýerleşýär. Ol Indokitaý ýarym adasynyñ ýurtlarynyñ, Indozeiýanyñ we Filippinleriñ halklarydyrlar. Mongoloid alamatlaryñ agdyklyk edýänligi üçin olary **günorta mongoloidler** diýip atlandyrýarlar. Olar gündogar mongoloidlerden esasan, deri örtüginiñ bugdaý reñkdeligi, galtaşan dodaklary, gysga boýlary bilen tapawutlanýarlar. Günorta mongoloidlere **ýaponlaryñ** antropologik tipi ýakyndyr. Emma olarda aýnlaryñ elementleriniñ täsiri mese-mälim bildirýär.

Günorta-Gündogar Aziýanyñ aralyk zolagyna adatça **polineziýalylary** we olara has ýakyn bolan **mikroneziýalylary** degişli edýärler. Olaryñ antropologik tipinde ähli uly tüýsleriñ alamatlary özboluşly utgaşýarlar. Olar üçin hususan-da, gara reñkli tolkunly saçlar, açyk-melemtil ýa-da sarymtyl reñkli deri örtügi, aram ýagdaýdaky tüý örtügi, aram ululykdaky burun mahsusdyr.

Mongoloidleriñ we ýewropeoidleriñ arasyndaky esasy aralyk zolak Gazagystanyñ we Günbatar Sibiriñ günortasynyñ çäklerinde ýerleşýärler.

## 12.4. Orta asyrlaryñ we täze döwrüñ garyşyk görnüşleri (formalary)

Orta asyrlaryñ we täze döwrüñ garyşyk görnüşleri Ỳer ýüzüniñ dürli künjeklerinde adamlaryñ şol wagtlarda bar bolan uly tüýsleriniñ ýa-da gadymy geçiji formalaryñ arasynda nika gatyşmalarynyñ netijesinde peýda bolupdyrlar.

Orta Aziýada halklaryñ beýik göçüşleriniñ eýýamynda gadymy ýewropeoid ilatyñ bu ýerlere Merkezi Aziýadan gelen mongoloidleriñ uly akymynyñ gatyşmasy netijesinde bolup geçipdir. Şol gatyşmanyñ netijesinde peýda bolan antropologik tipiñ iki sanysyny tapawutlandyrýarlar: **turan** ýa-da **günortasibir** we **ortaaziýa** antropologik tipleri. Olaryñ birinjisi esasan, Günorta Gazagystanda ýaýrapdyrlar. Bu antropologik tipde mongoloid alamatlat agdyklyk edýärler. Ikinji, ýagny ortaaziýa antropologik tipde ýewropeoid tüýsüñ günorta şahasynyñ alamatlary agdyklyk edýärler.

Afrikada gadym wagtlardan bäri demirgazyk welaýatlarda ýaşaýan ýewropeoid ilat bilen merkezi welaýatlarda mekan tutan negrleriñ arasynda gatnaşyk (kontakt) bolupdyr. Olaryñ arasyndaky gatnaşyklar arap basyp alyşlary we yslamyñ ýaýramasy netijesinde has hem güýçlenipdir. Saharadan günortoraga ýewropeoidleriñ aralaşmaklary ençeme geçiji toparlaryñ döremeklerine getirdi. Olaryñ arasynda has köpüsi Nil derýasynyñ ýokarky akymlarynda ýaşaýarlar hem-de olara **Sudanyñ garyşyk formalary** diýip at berilýär. Ol formalar özleriniñ antropologik alamatlary boýunça gadymky geçiş formalaryna ýakyndyrlar. Afrikanyñ günortasynda eýýäm täze döwürde "reñklileriñ" toparlary peýda boldylar. Olar gollandiýaly kolonistleriñ (afrikanezlaryñ) we gottentotlaryñ, şeýle

hem Afrikanyñ beýleki welaýatlaryndan we Madakaskardan bolan gullaryñ nesillleridirler. Madakaskar adasynda bu ýere Indoneziýadan göçüp gelen günorta mongoloidleriñ oturumly negroid ilaty bilen gatyşmasy bolup geçipdir. Şunuñ netijesinde hem **malgaşeýler** diýip atlandyrylýan özboluşly antropologik tip döräpdir.

Hristofor Kolumb tarapyndan Amerikanyñ açylanyndan soñra bu ýere Ispaniýadan we Portugaliýadan, soñra bolsa Ỳewropanyñ beýleki ýurtlaryndan, aýratyn-da Beýik Britaniýadan kolonistleriñ örän köp sanly akymy göçüp gelýär. Görüp gelenleriñ – ýewropeoidleriñ ýerli mongoloid indeý ilaty bilen gatyşmasynyñ netijesinde **metisleriñ** toparynyñ emele gelmegine getirdi. Olar esasan hem Latyn Amerikasynyñ ýurtlarynda köpçulikleýin döredil̈er. Amerikanyñ ýurtlarynda plantatorlaryñ – ýewropalylaryñ işçi güýjüne bolan ösýän islegini kanagtlandyrmak üçin Afrikadan gullary-negrleri köpçülikleýin getirip başlaýarlar. Negrleriñ ýewropalylar bilen gatyşmaklarynyñ netijesinde Braziliýada, Karib deñziniñ adalarynda we beýleki birnäçe ýurtlarda **mulatlaryn** köp sanly toparlary emele geldi. Käbir ýerlerde bolsa negrleriñ indeýler bilen goşulyşmaklarynyñ netijesinde **sambo** diýilýän topar döredi.

## 12.5. Adam biososial görnüş hökmünde

Umumy ekologik kanunalaýyklyklar Ỳer ýüzünde ýaşaýan ähli janly-jandarlaryñ, şol sanda adamyñ hem, daşky dünýä bilen özara gatnaşyklaryny kesgitleýär.

Adam – ýer ýuzünde häzirki wagtda mälim bolan 3 milliondan hem gowrak biologik görnüşiñ biri hasaplanýar. Haýwanlaryñ ulgamynda (sistemasynda) onuñ orny kesgitlenen: süýdemdirijiler klasy, primatlar otrýady, gominidler maşgalasy, adam urugy. Bu urugda biziñ häzirki günlerimize çenli diñe ýeke görnüş – Paýhasly adam (Homo sapiens) saklanyp galypdyr.

Ekologik nukdaý nazardan adamzat biologik görnüşiñ umumy dünýä populýasiýasy, Ỳeriñ ekoulgamynyñ düzüm bölegi

hasaplanýar. Emma onuň beýleki ähli görnüşlerden düýpli tapawutlanýandygy düşüniklidir. Şu sebäpli-de, ýeňil bolmadyk ekologik sowallar peýda bolýarlar. Adamzat düýpli (fundamental) ekologiýanyň kanunlaryna boýun egýärmi, tabyn bolýarmy? Eger-de, boýun egýän bolsa, onda doly ýagdaýdamy ýa-da kemkäsleýinmi?

Adamzadyň öňünde durýan häzirki zaman wajyp ekologik meseleler özleriniň gürrüňsiz suratda garalmasyny hem-de çözülmegini talap edýär. Diňe adamzadyň we tebigatyň özara gatnaşyklaryny, baglanyşyklaryny çuňňur hem-de hemmetaraplaýyn öwrenmegiň esasynda olary paýhasly, kadaly dolandyrmak mümkin. Munuň özi krizise we öz-özüňi dargatmaga ýol bermezligi, tebigatyň we jemgyýetiň durnukly ösüşini üpjün etmek, umumyýer ekoulgamynyň bütewiligini gorap saklamak hem-de adamzadyň gelejekde ýasamagyny, dowam etmegini kepillendirmek üçin zerurdyr.

Adamyň biologik tebigaty ähli janly-jandarlara mahsus bolan özüniň ýaşaýyşyny gorap saklamaga bolan ymtylyşda hem-de şol ýaşaýyşy köpelmek arkaly wagt we giňişlik hasabynda dowam etdirmekde, maksimum howpsuzlygy we komforty üpjün etmekde ýüze çykýar. Şu tebigy ymtylyşlar adamzadyň ýaşaýyş gurşawy bilen hemişe özara täsirinde amala aşyrylyar. Ähli adamlar iýmiti kabul edýärler we fiziologik alyş-çalşygyň önümlerini bölüp çykarýarlar, ýagylaryndan goranýarlar we beýleki howplardan gaçýarlar, ýaşaýyş üçin zerur bolan zatlar (resurslar) üçin bäsdeşlige (konkurensiýa) gatnaşýarlar hem-de özleri üçin peýdaly bolan görnüşlere ýardam edýärler. Başgaça aýdylanda adamzada ähli ekologik baglanyşyklar mahsusdyr. Hut şunda hem adamzadyň beýleki ähli biologik görnüşleriň populýasiýalary bilen esasy **ekologik meňzeşligi** jemlenendir.

Adamzadyň beýleki görnüşleriň populýasiýalaryndan **ekologik tapawudy** dürli ekologik baglanyşyklaryň ösüş derejesinde hem-de olaryň amala aşmalarynyň dürli görnüşlerinde ýüze çykýar. Şol tapawutlar umumylykda adamzadyň daşky

gurşawa täsiriniñ güýjünde we möçberinde aýdyñ suratda ýüze çykýar. Islendik görnüşiñ populýasiýasy ýaly adamzat hem daşky gurşawyñ jogap garşylyk görkezmesine hem sezewar bolyar. Emma adamzadyñ daşky gurşawa edýän täsiriniñ güýji we möçberi beýleki görnüşleriñki bilen deñeşdirer ýaly däldir. Özüniñ möçberi (masştaby) boýunça ol häzirki wagtda daşky gurşawyñ garşylygyndan düýpli suratda artykmaçlyk edýär, ony planetanyñ ep-esli böleginde basyp durýar. Adamzadyñ daşky gurşawa edýän täsiriniñ basyş güýjündäki we onuñ jogap gaýtarýan garşylygyndaky laýyk gelmezlik (disbalans) adamyñ düýpli ekologik aýratynlyklarynda jemlenendir.

Adamyñ haýwanlaryñ beýleki ähli görnüşlerinden düýpli tapawutlarynyñ ýene biri-de, häzirki adamlaryñ özüniñ işjeñliginiñ netijelerini özüne meñzeşler bilen alyş-çalyş etmese ýaşap bilmeýänligidir. Başgaça aýdylanda, adam özüniñ uzak wagtly ýaşaýyşyny ruhy we material medeniýetden, siwilizasiýadan, adamzat jemgyýetinden (sosiumdan) üzñe üpjün edip bilmeýär.

Adamyñ beýleki görnüşler bilen ekologik meñzeşligi onuñ biologik gelip çykyşy, biologik kanunlaryñ hereket edýän janly tebigata degişlidigi bilen düşündirilýär. Onuñ biologik tapawudy bolsa adamyñ jemgyýetçilik, ýagny sosial kanunlaryñ hereket edýän adamzat jemgyýetine degişliligi bilen kesgitlenýär. Şunuñ ýaly ikileýinlik diñe adama mahsusdyr. Çünki ol biziñ planetamyzda ýeke-täk **biososial görnüş** hasaplanýar.

## 12.6. Adamyñ iýmit we informasion gatnaşyklarynyñ aýratynlyklary

**Iýmit baglanyşyklary.** Örän gadymy wagtlardaky ýaly, häzirki zaman adamsyna hem özüniñ ýaşaýyş işjeñligini üpjün etmek üçin fiziologik kada – gije-gündiziñ dowamynda takmynan 2500 kkal talap edilýär. Şunda hem ençeme müñýyllyklaryñ dowamynda adamyñ biologik mazmuny üýtgemändir. Adamyñ gadymy kowumlarynyñ ýygnaýyjylar we awçylar bolandyklary

tebigydyr. Olar özleri üçin zerur bolan iýmti tapmak üçin kabul edip alan energiýasyndan artykmaç energiýany sarp edip bilmändirler. **Iýmit (trofik) gatnaşyklary, baglanyşyklary** sada we gös-göni bolupdyrlar: iýmiti tapmak üçin öz muskul energiýañy sarp etdiñmi, tutan awyñy iýdiñmi, öz energiýa ýitgileriñi dikeltdiñ. Emma energiýa ýitgisini artygy bilen dikeltmek zerur bolupdyr. Çünki şol artykmaç energiýa bedeniñ ýaşaýyş işjeñligi üçin hem-de bedeni gyzdyrmak üçin zerur. Mundan başga-da, awlanylan aw, ýygnalan ir-iýmişler taýpanyñ has ejiz, gowşak agzalaryna, ýagny aw awlamaga gatnaşmaýan çagalara, aýal-gyzlara, garrylara ýeterlikli bolmaly.

Adamyñ häzirki zaman iýmitini öndürmekde kuwwatly goşmaça energiýa çeşmelerini çekmäge mümkinçiligi bar. Şol energiýa çeşmeleriniñ hataryna topragy tehnika bilen işläp bejermek, oba hojalyk önümlerini daşamak we gaýtadan işlemek üçin ulanylýan ýangyç, dökünleri öndürmek üçin energiýa degişli. Bu energetik goýumlar adamyñ muskul güýjünden ençeme esse ýokarydyr, artykmaçdyr. Şu güýç mynasybetli işlenip bejerilýän topraklaryñ hasyllygy köp esse ýokarlandy. Diýmek, gadymyýetde bir ýygnaýyjynyñ doýup bilýän ýerinden (territoriýasyndan) indi müñlerçe adamlary ekläp bolýan hasyly ýygnamak mümkin. Iýmit baglanyşyklary örän köp babatlarda özgerdiler. Olar has çylşyrymlaşdylar. Bu gatnaşyklaryñ düzümine energiýany sarp ediji araçylaryñ köp sanlysy goşuldylar. Ilki-durmuş adamlarynyñ ýygnaýyjylyk eýýamynda 500 ga ýerde diñe ýeke adam iýmitlenip bilýärdi. Şunda ilki-durmuş adamsy iýmiti ýygnamak üçin özüniñ şahsy muskul güýjüni (energiýasyny) sarp edipdir. Sadaja ekerançylygyñ peýda bolan zamanynda 500 ga ýerde 100-200 adam eklenip bilipdir. Emma ýönekeý oba hojalyk gurallaryny, öý haýwanlaryny we adamlaryñ muskul güýjüniñ hasabyna topragy işläp bejermäge, hasyly ekmäge we ýygnamaga edilýän energetik çykdajylar 20-30 esse artýar. Ýokary derejede mehanizmleşdirilen häzirki zaman oba hojalygynda 500 ga ýer 2-5 müñ adamy ekläp bolýar. Şunda energetik çykdajylar bolsa 20-50 müñ esse artdy.

Häzirki zaman adamsy tarapyndan kabul edilýän iýmitiň 1 kilokaloriýasynyň energetik bahasy takmynan 10 esse artdy.

Häzirki zaman adamyň iýmit gatnaşyklarynyň baş aýratynlyklary olaryň çylşyrymlaşmasy, uzalmasy bilen baglanyşyklydyr. Ahyrky azyk önüminiň her bir kaloriýasyny öndürmek üçin edilýän çykdajylaryň energetik bahasy takmynan 10 esse artýar. Netijede bolsa adamzadyň ýaşaýan gurşawynyň umumy ekologik sygymy ençeme müň esse artdy.

**Informasion gatnaşyklar.** Ähli janly bedenler bir-birleri bilen özleriniň hereketlerini ylalaşmak hem-de daşky gurşawyň täsirlerine (faktorlaryna) jogap gaýtarmak üçin informasiýa alyş-çalşygyny amala aşyrýarlar. Şunda, **birinjiden,** olaryň peýdalanýan signallary kada bolşy ýaly, sada we anyk: abanýan howpy duýdurmak, iýmit hakda habar bermek, jynsy ýoldaşyna (partnýoryna) ýa-da nesline ýüzlenmek we ş.m. **Ikinjiden,** ol signallaryň ýaýraýyş çäginiň (distansiýasynyň) täsiri çäklenendir: göniden-göni fiziki galtaşmakdan (kontaktdan) ýüzlerçe metre ýa-da birnäçe kilometre çenli. **Üçünjiden,** informatiw signallar örän seýrek halatlarda hasaba alynýarlar (fiksirlenýärler), özi-de ol signallar sadaja görnüşde bolýarlar.

**Informasion gatnaşyklar tebigy populýasiýalarda çäkli wagtyň dowamynda anyk signallaryň çäkli aralyklara geçirilmegini üpjün edýärler.**

Adamzat jemgyýetinde informasion gatnaşyklaryň ösüş derejesi hil taýdan başgaçadyr. **Birinjiden,** adam çylşyrymly signallaryň – sözleriň we sözlemleriň ulgamyny döretdi. Olarda islendik informasiýa (anyk – ýazgyly, abstrakt - logiki) kodirlenen. **Ikinjiden,** adam tehniki serişdeleri işläp düzdi. Şol serişdeleriň kömegi arkaly informasion signallaryň täsiri Ỳer ýüzüniň çäklerinde doly suratda çäksiz, olaryň geçirilişi bolsa göz-açyp ýumasy salymda amala aşyrylýar. **Üçünjiden,** adam informasiýalary fiksirlemegi (suratlar, ýazuwlar, magnit we elektron ýatlar), olary toplamagy (kitaplar, arhiwler, muzeýler, foto

we görnüşli şekiller, informasion banklar) we gelejekki nesilleriñ ählisi üçin peýdalanmaga bermegi öwrendi.

Adamzadyñ informasion gatnaşyklary islendik çylşyrymlykdaky signallardan dos-doly, olar diñe bir häzirki ýaşap ýören populýasiýany bir wagtyñ özünde gurşap alman, eýsem olar gelejekki ähli nesillere hem gönükdirilendirler. Informasion gatnaşyklaryñ şeýle ösüş derejesi adamlaryñ köp sanlysynyñ jemgyýetçilik hereketleriniñ ylalaşyklygyny üpjün edýär. Olara önümçilik, ylmy, bilim, harby we beýleki kollektiwler, şäherleriñ we şäherçeleriñ ýaşaýyjylary, döwletleriñ ilatlary degişlidirler. Olar populýasiýalaryñ ähli görnüşleriniñ, bütin adamzadyñ özara gatnaşyklarynyñ, täsirleriniñ koordinasiýasyny ün etmäge ukyplydyrlar. Daşky gurşaw bilen jemgyýetçiligiñ ylalaşykly hereketleri görnüşindäki özara täsire ukyplylyk adamzada daşky dünýä bilen **ekososial aragatnaşyklaryñ** mahsusdygyny añladýar.

Şunuñ ýaly ylalaşykly hereketler adam kollektiwleriniñ ýaşaýyş ýerine (gurşawyna) edýän täsiriniñ basyşy müñlerçe esse ýokarlanýar. Munuñ özi adamlaryñ şol täsiriñ garşysyna bolan garşylygyndan hem ençeme ýokarydyr. Bu ýagdaý Ỳeriñ tebigatynyñ doly suratda dargamagyna howp salýar. Şu sebäpli-de, tebigy gurşawa kollektiwleýin täsir etmek tebigaty paýhasly, seresap dolandyrmagy we peýdalanmagy,
gelejekde adamyñ we tebigatyñ durnukly ösüşinden ugur almagy talap edýär.

Dürli tüýslere degişli bolan adamlaryñ arasyndaky nika gatyşmalarynyñ dowam etmegi hem-de ýokarda häsiýetlendirilen adam tüýsleri bütin adamzat nesliniñ biologik bütewiligi barada şaýatlyk edýär. Munuñ özi tüýsleri arasyndaky araçägiñ, serhediñ has hem nätakyk bolmagyna dünýä halklarynyñ köpüsiniñ içinde tüýsleriñ şeýle köp görnüşli bolmagyna getirýär. Adam tüýsleriniñ biologik we psihiki taýdan deñ bahaly däldigini subut etmäge synanyşyk edýän tüýsparazlyk (rassizm) nazaryýetiniñ (teoriýasynyñ) tarapdarlary haýsydyr bir "ýokary" we "pes" tüýsleri hem-de olar bilen baglanyşykly bolan "beýik" we "pes"

halklary bölmäge çalyşýarlar. Olar adam tüýsleri baradaky antropologiýa ylmynyñ toplar baý ylmy maglumatlaryny ýalana çykarmaga synanyşyk edýärler. Emma tüysparazlyk nazaryýetiniñ tarapdarlarynyñ munuñ ýaly ýalan syýasaty bütin dünýäniñ ynsanperwer alymlary tarapyndan berk ýazgarylýar.

# XIII B a p

# ILATYŇ DINI YNANÇLARA UỲMAK BABATYNDAKY DÜZÜMI

## 13.1. Dinleriň mazmuny, olaryň jemgyýetiň anyk durmuş-ykdysady ösüşi bilen şertlenenligi hem-de dinleri adamlaryň ýaşaýyş durmuşyna edýän täsiri

Ilatyň haýsy dine uýýandygyny bilmek dünýäniň dürli ýurtlarynyň ykdysady we durmuş geografiýasynyň aýratynlyklaryna çuňňur düşünmäge kömek edýär. Jemgyýetde diniň tutýan orny biziň günlerimizde hem örän düýpli bolmagyny dowam etdirýär. Din adamlaryň şahsy we jemgyýetçilik durmuşynda görnükli orun eýeleýär.

Adamlaryň dini ynançlary adatça sada, ýerli we dünýä dinlerine bölünýär.

Sada dini düşünjeler ilkidurmuş obşinasy jemgyýetinde peýda bolupdyrlar. Ol düşünjeleri **totemizm, magiýa, fetişizm, animizm** ýaly görnüşlere bölýärler. *Totemizmiň* esasynda adamlaryň haýsydyr bir toparynyň (köplenç halatlarda urugyň) hem-de anyk haýwanyň, tebigatyň hadysasynyň ýa-da predmetiň arasynda gizlin, syrly baglanyşygyň, gatnaşygyň bardygy hakdaky ynanç ýatýar. *Magiýa* kesgitli bir hereketleriň we dogalaryň ulgamy bolup, olaryň kömegi arkaly haman tebigatyň hadysalaryna ýa-da beýleki adamlara täsir etmek mümkinmiş (bejeriş magiýasy, zyýanly magiýalar, söýgi magiýasy we ş.m.). *Fetişizm* hamana gudratly güýje eýe bolan haýsydyr bir tebigy ýa-da ýörüte taýýarlanan predmetlere çokunmaga esaslanandyr. *Animizm* – ilkidurmuş adamlarynyň ynançlarynyň has ýokary formasy bolmak bilen, ol töwerekdäki gurşawyň, daşky dünýäniň ähli predmetlerini we hadysalaryny janlandyrmakdan ybartadyr. Diniň has gadymy görnüşlerine adatça urug gurluşynyň döremegi bilen peýda bolan

*kowumlaryñ kultyny* hem degişli edýärler. Onda adamlar dünýäden öten kowumlarynyñ ruhlaryna sygynýarlar.

Häzirki wagtda diniñ irki görnüşleri tropik Afrikanyñ halklarynda, Amazonka derýasynyñ boýlarynda ýaşaýan indeýlerde, Awstraliýanyñ aborigenlerinde we käbir beýleki taýpalarda saklanyp galypdyrlar.

Adamzat jemgyýetiniñ taryhynda birneme soñraklar diniñ çylşyrymly görnüşleri peýda bolupdyrlar. Olar köplenç halatlarda haýsydyr bir ýeke halkyñ içinde, ýa-da bolmasa döwlete birleşen halklaryñ toparynyñ arasynda dörediler. **Iudaizm, induizm, sintoizm, konfusiantçylyk, daosizm ýaly ýerli dinler** şeýle döräpdirler.

Dinleriñ käbirleri dürli ýurtlaryñ we kontinentleriñ halklarynyñ arasynda ýaýrapdyrlar. Olara **dünýä dinleri** diýip at berilýär. Oña **buddizm, yslam** we **hristiançylyk** degişlidir.

**Buddizm** – dünýä dinleriniñ gadymylarynyñ biridir. Bu din esasan, iki sany görnüşde, ýagny **hinaýana** we **mahaýana** görnüşlerinde dowam edýär. Olaryñ üstüne **lamaizmi** hem goşmak gerek.

**Buddizm** – b.e.ö. VI-V asyrlarda Hindistanda peýda bolýar. Bu taglymatyñ esasyny goýujy bütin dünýäde Budda ady bilen mälim bolan **Siddhartha Gautama Sakýamuny** hasaplanýar.

Hindistanda budda merkezleriniñ, hramlarynyñ we monastyrlarynyñ ençemesi bar. Emma buddizm Hindistanyñ özünde giñden ýaýran däldir we ol diñe ýurduñ çäginden daşarda – Hytaýda, Ỳaponiýada, Koreýada, Mongoliýada, wetnamda we beýleki birnäçe ýurtlarda dünýä dinine öwrüldi. Ol hindi jemgyýetiniñ sosial gurluşyna we medeniýetine kybapdaş gelmedi. Çünki ol brahmanlaryñ abraýyny, dini rituallygy inkär edýär (Hindistanda induizm has giñden ýaýrady).

II asyrda buddizm Hytaýa aralaşýar hem-de ol örän giñden ýaýraýar, iki müñ ýyla golaý ýaşaýar. Şeýlelikde, bu din Hytaýda hytaý medeniýetine uly täsir edýär. Emma buddizm Hytaýda konfusiantçylyk ýaly agalyk ediji din bolup bilmedi.

Buddizm dünýä dini hökmünde Tibetde **lamaizm** görnüşinde has tamamlanan keşbe eýe boldy (giçki orta asyrlar döwründe – VII-XV asyrlarda). Russiýada lamaizme Burýatiýada, Tuwada, Galmygystanda ýaşaýan ilatlar uýýarlar.

Häzirki wagtda bu dini taglymata ynanýanlaryň we onuň tarapdarlarynyň 300 milliona golaýy bar.

**Hristiançylyk** – dünýä dinleriniň hataryna degişlidir. Bu dini garaýyşlaryň tarapdarlarynyň umumy sany 2 milliard adama golaýlaýar. Hristiançylyk b.e. 1 asyrynda Rim imperiýasynyň gündogarynda (häzirki Ysraýyl döwletiniň çäklerinde) döräpdir. Şunda bu din bütin ortaýerdeňiz dünýäsini öz içine alypdyr. B.e. 60-njy ýyllaryna çenli eýýäm iň ilkinji, ierusalim obşinasyndan başga-da birnäçe hristiançylyk obşinalary emele gelýärler.

Hristiançylyk – şu günki günde ýygyndy adalga bolup, ol özünde üç sany esasy ugry jemleýär: **katolikçilik, prawoslawçylyk, protestantçylyk.** Bu ugurlaryň çäklerinde köp sanly dürli dini ynanyçlar we dini birleşmeler jemlenen. Olar hristiançylygyň iki müň ýyldan hem gowrak taryhynyň dowamynda dörediler (rim-katolik, grek-prawoslaw ybadathanalary we ş.m.).

**Katolikçilik** – hristiançylygyň has düýpli şahalarynyň biri. Örän pugta merkezleşdirilen ybadathana görnüşinde dowam edýär. Onuň başynda Rim Papasy durýar. Ol Watikan döwletiniň baştutany hem hasaplanýar.

**Protestantçylyk** – antikatolik hereketi hökmünde Reformasiýalar zamanasynda (XVI asyrda) döredi. Protestantçylygyň iri ugurlaryna **lýuterantçylyk, kalwinizm, anglikanstçylyk, metodizm, baptizm** degişli.

395-nji ýylda Rim imperiýasy günbatar we gündogar böleklere dargaýar. Munuň özi rim episkopynyň (papasynyň) baştutanlygynda günbatar ybadathanalaryň hem-de patriarhlaryň (konstantinopl, ierusalim, aleksandriýa) baştutanlygynda birnäçe gündogar ybadathanalrynyň özbaşdaklaşmalaryna getirdi. Hristiançylygyň günbatar we gündogar şahalarynyň arasynda täsir

ugrunda göreş başlanýar we ol 1054-nji ýylda olaryñ bölünmesine getirýär.

Şol wagtlar hristiançylygyñ eýýäm zorluk bilen dakylýan dini ynanyçdan döwlet dinine öwrülýär. Ol Konstantiniñ imperatorlyk süren döwründe (IV asyrda) bolup geçýär. Wizantiýa gelip çykyşly **prawoslawiýa** gündogarda we Ýewropanyñ günorta-gündogarynda berkara bolýar.

**Yslam** – hristiançylykdan soñra dünýä dinleriniñ arasynda tarapdarlarynyñ sany boýunça ikinji orny eýeleýär. Häzirki wagtda bütin Ýer ýüzünde yslam dinine uýýan adamlaryñ umumy sany 1,1 milliarda barabar hasap edilýär. Yslam dinini VII asyrda arap taýpalarynyñ dinleriniñ esasynda Muhammet Pygammer esaslandyrýar.

Yslam dini gysga taryhy döwrüñ dowamynda ösüşiñ kuwwatly impulsy bolup hyzmat etdi.

Häzirki zamanyñ köp sanly dini ulgamlarynyñ arasynda yslam iñ bir täsirli güýçleriñ biri hasplanýar.

**Konfusiantçylyk** b.e.öñ I müñýyllygyñ ortalarynda filosof Konfusiý tarapyndan sosial-etnik taglymat hökmünde Hytaýda döreýär. Köp ýüzýyllyklaryñ dowamynda ol özboluşly döwlet ideologiýasy boldy. Hytaýdaky ikinji bir ýerli (milli) din hem **daosizm** hasaplanýar. Ol buddizmiñ we konfusiantçylygyñ elementleriniñ utgaşmasyna esaslanan. Ol häzirki wagtda diñe käbir ýerlerde saklanyp galan.

**Induizm** diniñ ýöne adyndan hem köp zady añladýar. Ol Hindistanda has giñden ýaýrapdyr. Bu ýerde induizm sadaja dini adatlardan başlap filosofik-mistik, monoteistik ynançlara çenli bolan dini görnüşleriñ (formalaryñ) bütewi bir toplumydyr. Mundan başga-da, ol hindi durmuşynyñ özenini añladýar.

Induizmiñ esaslary Hindistana b.e.öñ II müñýyllygyñ ortalarynda ýörüş eden ariý taýpalary tarapyndan goýulýar.

**Sintoizm** - Ýaponiýanyñ ýerli dini (buddizm bilen bilelikde) hasaplanýar. Ol konfusiantçylygyñ we daosizmiñ elementleriniñ utgaşmasyndan ybaratdyr.

**Iudaizm** – b.e.öňki I müňýyllykda Palestinanyň ýewreý ilatynyň arasynda emele gelýär. Bu din dünýäniň dürli ýurtlarynda ýaşaýan ýewreýleriň arasynda has giňden ýaýran. Dünýädäki iudaisitleriň umumy sany 14 milliona golaý.

Häzirki wagtda dürli ýurtlarda we dürli sosial şertlerde ýaşaýan adamlar özlerini dindarlar hasaplaýarlar ýa-da hiç bir dine uýman, haýsydyr bir ýokarky güýjüň – dünýä paýhasynyň bardygyny ykrar edýärler.

Dünýäde bar bolan dinler, olaryň görnüşleri, dörän ýeri we wagty, olara ynanýan adamlaryň umumy sany, dinleriň ýaýran ýurtlary baradaky maglumatlary 8-nji tablisaden görmek mümkin.

***8-nji tablisa***

**Dünýäniň dinleri**

| **Dinler** | **Dörän ýeri we wagty** | **Uýýan, ynanýan adamlaryň sany, mln.adam** | **Ỳaýran ýurtlary** |
|---|---|---|---|
| **Dünýä dinleri** | | | |
| **Hristian,** şol sanda | Biziň eýýamymyzyň I asyry, Palestina | 1900 | |
| Katolisizm | | 1058 | Italiýa, Ispaniýa, Portugaliýa, Fransiýa, Germaniýa, Awstriýa, Irlandiýa, Polşa, Litwa, Çehiýa, Sloweniýa, Horwatiýa, Latyn Amerikasynyň ýurtlary, ABŞ, Filippinler |
| Prowoslaw | | 174 | Russiýa, Günorta we Gündogar Ỳewropanyň ýurtlary, Gruziýa |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Protestan tizm | | 469 | Beýik Britaniýa, Demirgazyk Ỳewropanyñ we Baltiýanyñ ýurtlary, Germaniýa, Niderlandlar, Şweýsariýa, ABŞ, Kanada, Awstraliýa, Täze Zelandiýa |
| Yslam **(musulmançylyk),** şol sanda | VII asyr, Arawiýa ýarym adasy (Hidžaz) | 1033 | |
| Sünni | | 857 | Ỳakyn Gündogaryñ we Demirgazyk Afrikanyñ ýurtlary, Merkezi Aziýanyñ ýurtlary, Hindistan, Indoneziýa, Päkistan, Owganystan, Bangladeş, Hytaý (D.-Gb.), Malaýziýa, Bruneý, Tropik Afrikanyñ käbir yurtlary, Bosniýa we Gersogowina, Makedoniýa, Russiýa (Başgyrdystan), Tatarystan, Demirgazyk Kawkazyñ respublikalary |
| Şaýy | | 165 | Eýran, Azerbeýjan, Yrak, Ỳemen |
| Buddizm | b.e.öñ VI asyr, Indos-tan ýarym adasy | 339 | Günorta, Günorta-Gündogar we Merkezi Aziýa, Russiýa (Burýatiýa, Tywa, Galmygystan) |
| **Dünýä halklarynyñ dinleri** | | | |
| Induizm | b.e.öñ 500 ýyla golaý, Indostan ýarym adasy | 764 | Hindistan, Nepal, Şri-Lanka, Malaýziýa, Gaýana, Surinam |
| Konfusia | b.e.öñ | 155 | Hytaý, Koreýa |

| | | | |
|---|---|---|---|
| nçylyk | VI-V asyrlar, Hytaý | | |
| Sintoizm | Ỳaponiý a | 90 | Ỳaponiýa |
| Iudaizm | b.e.öñ 1300 ý., Palestina | 14 | Ysraýyl, ABŞ |

## 13.2. Dürli dinlerde tebigata bolan garaýyşlar, tebigat bilen gatnaşyk

Adamzat taryhy tebigat bilen aýrylmaz baglanyşykly. Adamyñ tebigata baglylygy, oña garaşlylygy gadymyýetde has-da güýçli we gürrüñsiz bolupdyr. Azyk ugrundaky göreş adamyñ bütin işjeñligini öz içine alypdyr. Adam daşky gurşawy ruhlaşdyrypdyr, oña adatdan daşary tebigy häsiýetleri dakypdyr.

Adamyñ ruhy durmuşynyñ ilkinji ýüze çykmasy tebigatyñ kulty-totemizm bilen baglanyşyklydyr. Ol jemgyýetiñ irki urug ösüş derejesine degişli bolan dinleriñ has gadymysydyr. Totemizm adamlaryñ totemler diýip atlandyrylýan tebigatyñ aýry-aýry hadysalary, ösümlikleriñ we haýwanlaryñ käbir görnüşleri bilen kowumdaşlygy baradaky ynançlaryñ we adatlaryñ jemi, toplumy hökmünde alamatlandyrylýar. Totem hökmünde kabul edilen haýwanlaryñ we ösümlikleriñ görnüşlerini öldürmek hem-de iýmit üçin peýdalanmak bolmaýar.

Totemçilik düşünjeler kesgitli bir derejede adamyñ tebigatdan bölünmesine päsgelçilik döretdi. Şonuñ ýaly-da, bu düşünjeler adamyñ özgerdiji işleriniñ ösmegine bökdençlik döretdi. Daglaryñ we tokaýlaryñ ilkidurmuş ýaşaýyjylary, deñizleriñ kenar ýakalarynyñ we çölleriñ ýaşaýyjylary esasan, daşky gurşawa, onuñ şertlerine ýöriteleşipdirler.

Ekerançylygyñ we maldarçylygyñ peýda bolmagy jemgyýet bilen tebigatyñ özara täsiriniñ, gatnaşygynyñ çägini giñeltdi. Ol

gadymy adamlaryň ýaşaýyş durmuşynda hakyky täzelenişi, özgerişi (rewolýusiýany) döretdi. Munuň özi paleolitden neolite geçmekligi dabaralandyrdy. Tebigaty has işjeň özgertmegiň, onuň baýlyklaryny dürli maksatlar üçin peýdalanmagyň eýýamy başlandy.

Şol döwürde aýry-aýry sebitleriň medeni gymmatlyklarynda käbir tapawutlar, meselem, oňat bilen erbediň, peýdaly bilen zyýanlynyň, ajaýyplyk bilen ýaramazlygyň arasyndaky tapawutlar döräp başlaýarlar. Şunuň esasynda bolsa adam işjeňliginiň mahsus bahalary, onuň maksatlary, ulanýan serişdeleri baradaky gymmatlyklar kemala gelýärler.

Gadymy Gündogaryň ýurtlarynda uzak wagtlap tebigaty hudaýlaşdyryp geldiler hem-de onuň öňünde baş egdiler, ol ýerde totemçilik garaýyşlar agdyklyk etdiler. Munuň özi tebigata paýhasly çemeleşmäge, tebigatyň hadyslaryny esasan, haýran galmagyň, lezzet almagyň we çeperçilik nukdaý nazardan özleşdirmegiň predmeti hökmünde kabul etmeklige ýardam etdi.

Daşky tebigy gurşawyň şertlerine ýörüteleşmek, uýgunlaşmak olary özgertmek bilen birlikde dürli ekologik gapma-garşylyklaryň döremek mümkinçiligini azaltdy, emma ony bütinleý aradan aýyryp bilmedi. Tebigaty dargadyjylykly ulanmak belli bir derejede şu siwilizasiýalaryň durmuşyny goldamak bilen çäklenmän, eýsem olaryň ýitip gitmeklerini hem döretdi. Ozal gülläp ösen siwilizasiýalaryň ýaşamagynyň togtamasyny döreden sebäpleriň arasynda giň meýdanlarda ösümlik örtüginiň dargadylmagy hem-de şunuň bilen şertlenen klimatyň üýtgemesiniň netijesinde gurakçylygyň döremegi, topraklaryň şorlaşmagy, tokaýlaryň çapylmagy netijesinde ýerleriň erroziýasynyň döremegi ýaly sebäpler bar.

Gadymy Gündogar jemgyýetlerinden tapawutlylykda, günbatar dünýäsiniň durmuş-ykdysady ýaşaýyşy has ösüşli häsiýete eýedir. Gadymy Gresiýada we Rimde senetçilik, söwda, deňiz ulagçylygy örän tiz ösýär. Muňa Ortaýerdeňziniň geografik taýdan amatly ýagdaýda ýerleşmegi oňaýly täsirini ýetirýär. Çünki bu

ýerde dürli siwilizasiýalaryñ ýollary kesişýärler. Şunuñ netijesinde bolsa günbatar medeniýetinde gymmatlyklar oriýentasiyasy gysga taryhy döwrüñ dowamynda düýpli özgermelere sezewar bolýar. Meselem, Gadymy Gresiýada material we ruhy medeniýetiñ kemala gelýän irki döwürlerinde adamyñ we tebigatyñ bütewiligi tebigatyñ janlylygy baradaky garaýyşlar agdyklyk edýärler. Şol döwrüñ akyldarlary tebigy hadyslaryñ düýp mazmunyny, dünýäniñ gurluşyny adam bedeniniñ gurluşy bilen deñeşdiripdirler.

Hojalyk işleriniñ güýçlenmegi bilen Gadymy Gresiýada tebigy hadysalary hudaýlaşdyrylan hadysalar hökmünde kabul etmegi bes edipdirler. Adamyñ tebigy şertlerde däl-de, adamyñ öz dünýäsinde özüni alyp barşynyñ kadalaryny gözlemek başlanýar. Hut şol döwürlerde pelsepeçi Protagor (b.e.öñ 490-420 ýyllar) “Adam ähli zatlaryñ ölçegidir” diýen düzgünini öñe sürýär. Sözüñ hakyky manysynda şu ýerde ilkinji bolup tebigatyñ gymmatlygynyñ onuñ (tebigatyñ) adamyñ işine goşulanlygyna üns berilýär.

Gadymy (antik) medeniýetde tebigata we adama bolan gatnaşygyñ garaýyşyñ neneñsidigi birneme soñrak Aristotel tarapyndan has kesgitli suratda beýan edildi. Ỳagny Aristotel şeýle ýazýar: “Ösümlikler janly zatlar üçin haýwanlar bolsa adamlar üçin ýaşaýarlar... Eger-de, tebigat ýöne ýere hiç bir zady gutarnykly görnüşde döretmeýär diýen pikir dogry bolsa, onda ol ýokarda atlary agzalanlaryñ ählisini adamlar üçin döredýär”. Rim imperiýasy döwründäki agalyk süren gymmatlyklar baradaky görkezmeler köp babatlarda Protagoryñ tezisi bilen manydaş bolupdyr. Rimliler tebigatyñ baýlyklaryny öz bähbitleri üçin peýdalanyp bilmek ukyplaryny görkezdiler. Olar tebigy gurşawa özleri tarapyndan basylyp alnan künjek hökmünde garapdyrlar.

Hristiançylygyñ peýda bolmagy bilen adamlaryñ añynda: “Ähli zatlaryñ ölçegi adam däl-de, Hudaýdyr” diýen düşünje has mäkäm ornaşýar, berkeşýär.

Iudeý-hristian däpleriniñ esasy alamatlary adamy, onuñ ruhuny – onuñ bedenini we Hudaý ähli janly-jandarlaryñ üstünden

adamyň agalyk sürmegini höküm etdi diýen düşünjäni tebigata gapma-garşy goýmak hasaplanýar.

Hristiançylygyň tebigata bolan gatnaşygy tebigatyň dil üsti arkaly hudaýlaşdyrylmak basgançagyndan onuň üstünden höküm sürmäge bolan ideologiýanyň basgançagyna geçiş döwri bolup hyzmat etdi. Hristiançylyk, bir tarapdan, adamy tebigatdan gorkmakdan halas etdi hem-de adama tebigat Hudaýyň emri bilen berlendir diýmäge esas berdi. Hristiançylyk, ikinji bir tarapdan, ýaradylan ähli zatlar örän ajaýypdyrlar, tebigatyň garmoniýasy onuň özgerdilmesini togtatmaly däldir diýen gadymy düzgüni ret edýär. Başgaça aýdylanda, hristiançylyk adama tebigatyň garşysyna gitmäge mümkinçilik berdi.

Umuman, ähli dinler iki sany tipe bölünýärler: tebigatdan ýokarky (bibliýa) we tebigat dinler. Tebigatdan ýokarky dinler – iudaizm, hristiançylyk, yslam dini adamyň Hudaýa bolan ýoluny, adamyň tebigatdan ýokarda bolan ýoluny salgy berýär. Beýleki dinlerde (olar has gadymy dinler) adam tebigaty hudaýlaşdyrýar, a hudaýlyk bolsa adamlara öz bir-birleri hem-de tebigat bilen ylalaşykda, garmoniýada ýaşamagy öwredýär. Munuň şeýledigine dürli dinlerden anyk mysallary getirmek mümkin.

Orta asyrlar zamanynda Ỳewropanyň ruhy durmuşy köp babatlarda Bibliýanyň jennete düşmek üçin Ỳeriň ýüzünde öz bähbitleriňden el çekmekligiň zerurlygy baradaky düzgüni bilen kesgitlendi. Şu görkezmäniň täsiriniň netijesinde Dikeldiş eýýämi orta asyrlardan diňe köp sanly ybadathanalary we öçüp barýan medeniýet merkezlerini özüne miras aldy.

Emma uzak arakesmeden soňra Ỳewropanyň durmuş-ykdysady durmuşyndaky kapitalistik formasiýanyň döremegi bilen baglanyşykly bolan janlanma gürrüňsiz suratda höküm süren gymmatlyklar oriýentasiýasynyň çalyşmagyna getirmelidi. Köp babatlarda material we ruhy medeniýetiň aýratynlyklaryny kesgitlän Täze döwrüň gymmatlyklaryň ulgamy kemala gelip başlady. Tebigatyň güýçlerini öwrenmek we olary adamyň talaplaryna tabyn etmek iň esasy hadysa öwrüldi.

Şu ýerde Ỳewropada gymmatlyklar ulgamynyñ kemala gelmeginde arap-musulman medeniýetiniñ düýpli täsir edendigini belläp geçmek gerek. Bu medeniýet b.e. VIII asyrynda döredi. Ol ägirt giñ meýdany eýeledi: günbatarda Ispaniýadan we Marokkadan gündogarda Orta Aziýa we Hindistana çenli. Arap-musulman medeniýeti yslam gymmatlyklarynyñ ulgamynyñ hem-de Arap halifatlaryna girýän halklaryñ köp sanly halklaryñ medeniýetleriniñ özara täsirleriniñ netijesidir. Arap-musulman medeniýeti Ỳewropada gadymy (antik) medeni mirasyñ saklanyp galmagynda, onuñ gelejekki ösüş üçin peýdalanylmagynda uly we möhüm orun eýeledi.

Täze döwür Ỳewropada manufaktura, birneme soñra bolsa maşyn önümçiliginiñ gülläp ösmegi bilen häsiýetlendirilýär. Şunda zähmetiñ bölünişi has-da güýçlenýär. Tebigatdan peýdalanmagyñ hristiançylyk nukdaý nazaryndan düşündirilişine üns barha güýçlenýär. Tebigatyñ üstünden agalyk sürmek baradaky görkezme giñ möçberlerde durmuşa geçirilip başlanýar. Ylmy-tehniki progresiñ ösdügi saýyn XIX ýüzýyllykdan başlap tebigy baýlyklaryñ has-da wagşyçylykly peýdalanmasy bolup geçýär. Şu faktorlaryñ bilelikde täsir etmekleri ekologik ýagdaýyñ güýçlenýän ýaramazlaşmasyny döretdi. Şol ýaramazlaşma biziñ günlerimizde özüniñ kulminasion nokadyna baryp ýetdi.

Häzirki wagtda ähli dinler jemgyýetiñ öñünde durýan wajyp ekologik meseleleri çözmegiñ zerurlygy bilen baglanyşyklylykda, adamyñ tebigata bolan gatnaşygynyñ täzeçe çemeleşilmesi bolup geçýär. Tebigaty özleşdirmek, oña paýhasly çemeleşmek babatyndaky bibliýa we tebigat dinleriniñ meseleleri bir-birlerine ýakynlaşýarlar.

## 13.3. Türkmenistanda din baradaky syýasat

Türkmenistanyñ mukaddes döwlet Garaşsyzlygyny gazanmagy bilen ruhy, dini we medeni gymmatlyklar halkymyza gaýtarylyp berildi. Beýik Magtymguly Pyragynyñ, Mahmyt

Kaşgarynyñ, Hoja Ỳusup Hemedanyñ, Aşyk Aýdyñ piriñ taglymatlaryna giñ ýol açyldy.

Hormatly Prezidentimiz hem öz döwletara saparlarynyň başyny Mekgä haja gitmek bilen başlady. Türkmenistanda din işlerine gözegçilik edýän organ – Türkmenistanyñ Prezidentiniñ ýanyndaky din işleri boýunça Geñeş döredildi.

Garaşsyzlyk halka söz azatlygyny, öñki däpleri dikeltmäge, öz dünýägaraýyşyñy giñeltmäge mümkinçilik berdi. Obalarda we şäherlerde owadan metjitler guruldy. Şu gün olaryñ sany 400-e golaýlaýar. Öñki Gökdepe galasynyñ çäginde gurlan metjit öz Watanynyñ hatyrasy üçin göreşlerde gurban bolan türkmenistanlylara ýadygärlikdir, Gypjak şäherçesinde we Köşide gurlan metjitler bolsa 1948-nji ýylyñ Aşgabat ýer titremesinde wepat bolanlaryñ ýadygärligidir. Bu metjitler dünýä binagärliginiñ iñ owadan desgalarydyr. Aşgabatda Ärtogrul Gazy, Azady adyndaky metjitler, Maryda Gurbanguly hajy metjidi we başga-da welaýat,etrap merkezlerinde matjitleriň birnäçeleri guruldy. Bu metjitler türkmen halkynyñ baý ruhy mirasyny dikeltmekde, Watana bolan söýgüni we wepalylygy terbiýelemekde uly ähmiýete eýe. Häzirki wagtda biziñ halkymyz metjide bökdençsiz baryp bilýär we Allanyñ öñünde öz mukaddes borjuny ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bar. Yslam dini bilen bagly bolan Gurban baýramy hem-de Oraza baýramy ähli halk tarapyndan dabaraly bellenilýär. Oktýabr aýynyñ 6-sy Ỳatlama güni we ýanwar aýynyñ 12-si Hatyra günüdir. Bu günler ýurtda matam tutulýar. Duz dadylyp, aýat-töwür edilýär, gurban bolanlaryñ ýagty ýadygärligi hormatlanylýar. Ol günler gonamçylyklara baryp, degsin edilmegi halkyñ we yslamyñ ozal dowam eden däp-dessurlaryny has berkidýär.

Eger-de, baýramçylyklar her bir adamynyñ keýpini we ruhuny galdyrýan bolsa, ýatlama güni bilen baglanyşykly dini däpler, elbetde kalbyñy arassalaýar. Täzeden dikeldilýän milli däp-dessurlar garaşsyzlygyñ ajaýyp miweleridir. Öz milliligiñe düşünmezden, öz halkyñ dinine, taryhyna, diline akyl ýetirmezden, geljegi gurmak mümkin däl.

2003-nji ỳylyň oktýabr aỳynyň 21-ne **“Dine uỳmak erkinligi we dini guramalar hakynda”** Türkmenistanyň Kanunyny tassyklandy. Bu kanun Türkmenistanyň Konstitusiỳasyna laỳyklykda adamyň we raỳatyň diňe uỳmak erkinligi babatyndaky hukuk gatnaşyklaryny, şeỳle hem dini guramalaryň hukuk ỳagdaỳyny düzgünleşdirỳär.

Kanunyň 3-nji maddasy **“Diňe uỳmak erkinligine bolan hukuk”** diỳip atlandyrylỳar we onda bu barada şeỳle ỳazylỳar:

“Diňe uỳmak erkinligi – munuň özi raỳatlaryň islendik diňe uỳmaga ỳa-da hiç bir diňe uỳmazlyga, diňe bolan gatnaşyk bilen baglanyşykly garaỳşy beỳan etmäge we ỳaỳratmaga, dini ybadatlary, däp-dessurlary berjaỳ etmäge gatnaşmaga bolan kepillendirilen konstitusion hukugydyr”.

Raỳatyň diňe uỳmaga ỳa-da uỳmazlyga, ybarat etmäge gatnaşmaga ỳa-da gatnaşmazlygyna, dini bilim almaga bolan garaỳyşyny kesgitlän mahaly haỳsydyr bir mejbur etmeklige ỳol berilmeỳär.

Kämillik ỳaşyna ỳetmedikleri dini guramalara kabul etmäge, şeỳle hem olaryň erk-isleginiň, ata-eneleriniň we olaryň ornuny tutỳan adamlaryň erk-isleginiň garşysyna olary dini tarapdan okatmaga ỳol berilmeỳär.

Dine uỳmak erkinligine bolan hukugyň amala aşyrylmagy jemgyỳetçilik hukuk tertibine garşy gelip bilmez, ol milli howpsuzlygy we jemgyỳetçilik tertibini üpjün etmek, kadaly durmuş ỳagdaỳyny, saglygy, ahlagy, raỳatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak zerurlygy yuze cykan mahaly wagtlaỳyn çäklendirilip bilner.

Daşary ỳurtly raỳatlar we raỳatlygy ỳok adamlar, Türkmenistanda hemişelik ỳaşaỳan ỳa-da wagtlaỳyn bolỳan adamlar Türkmenistanyň raỳatlary bilen bir hatarda diňe uỳmak erkinligine bolan hukukdan peỳdalanỳar we Türkmenistanyň kanunçylygyna laỳyklykda jogapkärçilik çekỳärler.

“Diňe uỳmak erkinligi we dini guramalar hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň **“Döwlet we dini guramalar”** diỳip

atlandyrylỳan 5-nji maddasynda döwlet bilen dini guramalaryň arasyndaky gatnaşyk açylyp görkezilỳär: Kanunyň bu maddasynyň mazmuny şundan ybarat:

“Türkmenistan dünỳewi döwlet hasaplanylỳar. Dini guramalar Türkmenistanda döwletden bölünip aỳrylandyr.

Beỳleki dinlerine garanyňda belli bir din üçin ỳa-da beỳleki bir dinlere uỳmaklyga garanyňda belli bir dine uỳmaklyk üçin haỳsydyr bir artykmaçlygyň ỳa-da oňa çäklendirmäniň bellenilmegine ỳol berilmeỳär.

Döwlet diňe uỳỳan we uỳmaỳan raỳatlaryň we guramalaryň arasynda, dinlere uỳỳan dini guramalaryň we olaryň dürli dine uỳỳan agzalarynyň arasynda özara sabyrlylyk ỳagdaỳyny hemem sarpa goỳmagy ỳola goỳmaga ỳardam edỳär, dürli dini guramalaryň arasynda gapma-garşy durmaga, gatnaşyklary ỳitileşdirmäge, duşmançylygy öjükdirmäge gönükdirilen dini ỳa-da gaỳry köre-körlügiň we aşa birtaraplylygyň ỳüze çykmagyna ỳol bermeỳär.

Türkmenistan dini guramalaryň üstüne haỳsydyr bir döwlet wezipelerini ỳüklenmeỳär, dini birleşikleriň işine, eger munuň özi kanunçylyga garşy gelmeỳän bolsa gatyşmaỳar. Döwlet dini birleşikleriň işini we ateizmi wagyz etmek baradaky işi maliỳeleşdirmeỳär.

Türkmenistanda dini alamaty boỳunça syỳasy partiỳalary we jemgyỳetçiliik hereketlerini, şeỳle hem döwlete dahalsyz döredilỳän dini partiỳalaryň şahamçalaryny we bölümlerini döretmäge hemem olaryň işlemegine ỳol berilmeỳär.

Dini guramalaryň işi syỳasy wagyz işini alyp barmak bilen bir ỳere sygyşmaỳar.

Dini guramalar Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplaryny berjaỳ etmäge borçludyrlar. Dini döwlete, Konstitusiỳa garşy gelỳän ỳagdaỳda wagyz etmek, duşmançylygy, ỳigrenjiligi, milletara gapma-garşylygy oỳarmak, jemgyỳetde ahlak esaslaryny we raỳat ylalaşygyny bozmak, ỳagdayy durnuksyzlaşdyrỳan töhmetçilikli toslamalary ỳaỳratmak, ilat arasynda howsala

döretmek adamlaryň arasyndaky gatnaşdyrmak hemem döwlete, jemgyỳete, şahsyỳete garşy gönükdirilen beỳleki hereketleri amala aşyrmak maksady bilen peỳdalanmak ỳol berilmesizdir. Ỳykgynçylyga, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna we beỳleki jenaỳatlara ỳardam edỳän, şeỳle hem şolary wagyz edỳän dini guramalaryň, akymlaryň, toparlanşyklaryň we başga guramalaryň işi gadagan ediỳar.

Döwlet edaralaryna, wezipeli adamlara zor salmaga bolan her hili synanyşyk, şeỳle hem gizlinlikde dini işi alyp barmak, şol sanda ony öỳ şertlerinde geçirmek Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan yzarlanylỳar.”

# XIV B a p

# ZÄHMET MÜMKINÇILIKLERI (RESURSLARY) WE ZÄHMETIŇ BAZARY

## 14.1 . Zähmet mümkinçilikleri hakynda düşünje, olaryň hil we mukdar häsiýetnamalary

**Zähmet mümkinçilikleri** – munuň özi ýurduň halk hojalygynda işlemek üçin zerur fiziki ösüşe, akyl taýdan ukyplara we bilime eýe bolan ilatydyr. Zähmet mümkinçilikleriniň sany jemgyýetiň öz atalaplaryny kanagatlandyrmak üçin eýe bolan janly zähmetiň aňryçäk (potensial) köplügini ýa-da işçi güýjüniň "äýtiýaçlygyny" alamatlandyrýar.

Zähmet mümkinçilikleri ýa-da işe ukyply adamlar jemgyýetiň esasy öndüriji güýçleri bolmak bilen döwletiň, şol sanda Türkmenistanyň hem durmuş-ykdysady ösüşinde aýratyn möhüm ähmiýete eýedir.

Zähmet mümkinçilikleriniň köpelmegi ilatyň sanynyň köpelişine, onuň düzümindäki ýaş aýratynlyklaryna baglydyr. Türkmen halkynyň milli müçenamasyna laýyklykda, adamlar ýaş aýratynlyklary boýunça 9 topara bölünýärler: 1) Çagalyk müçesi – 13 ýaşa çenli; 2) Ýetginjeklik müçesi – 13 ýaşdan 25 ýaşa çenli; 3) Ýigitlik müçesi – 25 ýaşdan 37 ýaşa çenli; 4) Kämillik müçesi – 37 ýaşdan 49 ýaşa çenli; 5) Pygammer müçesi – 49 ýaşdan 61 ýaşa çenli; 6) Ruhubelentlik müçesi – 61 ýaşdan 73 ýaşa çenli; 7) Aksakgallyk müçesi – 73 ýaşdan 85 ýaşa çenli; 8) Gartaňlyk müçesi – 85 ýaşdan 97 ýaşa çenli; 9) Oguzhan müçesi – 97 ýaşdan 109 ýaşa çenli.

Zähmet mümkinçilikleri adamlaryň işlemäge, zähmet çekmäge ýaramlylygyna garap, ýuridiki taýdan kepillendirilen 3 topara bölünýär: 1) 16 ýaşa çenli çagalar (umumy ilatyň 35,6%-i); 2) Zähmete ýaramly topar – 16-63 ýaşly erkekler we 16-57 ýaşly zenanlar (umumy ilatyň 58,7%-i); 3) Pensiýa ýaşyndaky adamlar –

62 ýaşdan ýokary erkekler we 57 ýaşdan ýokary ýaşly aýallar (umumy ilatyň 5,7%-i).

Zähmet mümkinçilikleriniň gelejegi (rezerwi) hasaplanýan çagalar, ýetginjek ýaşlar Türkmenistanyň umumy ilatynyň 47%-ni tutýarlar. Şeýle hem Türkmenistan zähmet mümkinçilikleriniň barha köpelýän ýurtlaryň biri hasaplanýar. Ýurdumyzda geçirilen 2 sany ilat ýazuwlarynyň aralygyndaky döwürde (1989-1995) ilatyň sany 27% artdy. Döwletimiziň ilatynyň sanynyň durnukly köpelişi zähmet mümkinçiliklerini üznüksiz ösdürmek üçin amatly şertleri döredýär. Her ýylda pensiýa ýaşlylara garanyňda zähmete ukyply ýaşlar 3-4 esse köp artýar. Munuň özi bazar gatnaşyklarynyň şertlerinde işçi güýjüniň ep-esli artmagyna getirýär. Türkmenistanyň ykdysady işjeň ilatynyň 48,5%-i oba hojalygynda, 14,7%-i senagat pudaklarynda, 8,4%-i ylym-bilim, medeniýet we sungat edaralarynda, 6,6 %-i söwda,ilat üçin tagamlary taýýarlaýan, üpjün edýän we ýerlaşdirýän kärhanalarda, 5,3 %-i ulag we aragatnaşyk pudagynda işleýär.

Zähmet mümkinçilikleriniň iki görnüşini, ýagny **potensial** we **ulanylýan** zähmet mümkinçiliklerini tapawutlandyrýarlar. Ulanylýan zähmet mümkinçilikleri zähmete ukyply ilatyň zähmet potensialynyň iş ýüzünde (real) hereket etmegini häsiýetlendirýärdi. Zähmet mümkinçilikleri halk hojalygynyň dürli sektorlarynda we pudaklarynda iş bilen meşguldyrlar.

Zähmet mümkinçilikleri ykdysady kategoriýa hökmünde jemgyýetiň belli bir ösüş basgançagynda zähmete ukyply bolan ilaty ýurduň ykdysadyýetinde öndürmek, paýlamak, gaýtadan paýlamak we peýdalanmak sebäpli döreýän ykdysady gatnaşyklary aňladýar.

Bar bolan zähmet mümkinçilikleriniň möhüm meseleleriniň hataryna olaryň iş bilen üpjünçiligi we netijeli ulanylmasy degişli. Çünki bu möhüm meseleler ýurduň ykdysady ösüşini üpjün edýärler. Şunuň esasynda hem ilatyň ýaşaýyş-durmuşynyň derejesi we hili ýokarlanýar. Bularyň bary bolsa öz gezeginde jemgyýetiň

ekologik abadançylygyny üpjün etmäge, ilatyň ekologik medeniýetini ýokarlandyrmaga oňaýly täsir edýärler.

Zähmete ukyply ilatyň arasynda ykdysady taýdan işjeň (aktiw) hem-de işjeň däl (passiw) ilaty tapawutlandyrýarlar. Ykdysady taýdan işjeň ilat diýip, ilatyň zähmetiň ähli görnüşleri bilen meşgul bolan ýa-da önümçilige gatnaşmaga islegi bolan bölegine aýdylýar. Ilatyň bu toparynda işleýän adamlar hem, işsizler hem degişlidir. Ykdysady taýdan işjeň däl (passiw) ilata ilatyň işe ýerleşmek üçin ymtylmaýan bölegi degişli edilýär.

Ilatyň iş ýerleri bilen üpjünçiliginiň, zähmet bilen meşgul bolmagynyň gapma-garşysy hökmünde işsizlik ýüze çykýar. Işsizlik hem edil döredijilikli zamet işjeňliginiň peselmesi ýaly, jemgyýetde sosial dartgynlylygy çuňlaşdyrýan faktor hasaplanýar. Munuň özi bolsa ýurduň ykdysady howpsuzlygyny gowşadýar.

Türkmenistanda zähmete ukyply adamlary iş bilen üpjün etmek meseleleri döwlet tarapyndan üstünlikli amala aşyrylyar. Obalarda kärende, maşgala we hususy gatnaşyklaryny, hususy eýeçiligiň beýleki dürli görnüşlerini durmuşa ornaşdyrmak, telekeçilik hereketlerini ösdürmek, oba hojalyk çig mal önümlerini gaýtadan işlemek barada kiçi kärhanalary döretmek arkaly barha netijeli çözülýär.

Täze iş orunlaryny döretmegi höweslendirmek, okadylýan mahaly hünäre gönükdirmegiň ulgamyny emele getirmegi dowam etmek, işlemeýän ilaty we işden boşaýan işgärleri gaýtadan taýýarlamak şeýle-de zähmet bazarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak we ony ösdürmek, iş bilen üpjün etmek syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bolar. Munuň özi iş bilen üpjün edilen ilatyň artmagyna ýardam eder.

Umumy mukdarda zähmete ukyply ilatyň tutýan orny artýar (55%). Bu bolsa, zähmet mümkinçilikleriniň her ýylda 4%o köpelmegini üpjün edýär. Şonuň üçin ýurtda iş bilen üpjünçilik meselesine uly üns berilýär.Eýýäm döwlet garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda bu ugurda döwlet syýasatyny amala aşyrýan kanunçylyk we kadalaşdyryş esaslary döredildi.

Oba hojalygy- ilatyň, aýratyn hem ýaşlaryň zähmetiniň sarp edilmeginde iň ösen ugurlaryň biridir (işleýänleriň 29 ýaşa çenlisiniň 44%-i).

Ilatyň we zähmet mümkinçilikleriniň güýçli depginler bilen köpelmegi ýurduň mundanda beýläk ösmegini, ykdysadyýetiň çaltlandyrylan ösüşini, adamyň ýaşaýşa ukyplylygyny kesgitleýän ýagdaýlaryň biridir.

# XV Bap

# ILATYŇ ÝERLEŞIŞININ TIPLERI WE GÖRNÜŞLERI (FORMALARY)

## 15.1. Şäherleşmek (urbanizasiýa) hadysasy we ilatyň şäherdäki ýerleşişi

Dünýäde ilatyň deň derejede ýerleşen sebitleri-de, ýurtlary-da ýokdur. Munuň özi ilatyň ýerleşmesiniň dürli görnüşleriniň (tipleriniň) döremegine getiripdir.

Adatça ilatyň ýerleşişiniň üç sany esasy tipini tapawutlandyrýarlar: **şäher, oba** we **göçüp-gonup ýören ilatlar.** Olar düýbünden dürli ýaşaýyş obrazy, dürli psihologiýasy, zähmetinde ägirt uly tapawutlary, durmuş şertleri düýpden tapawutlanýan adamlardyr. Olaryň ilkinji ikisi ilatly ýerleriň (punktlaryň) aýratyn tipleri bilen alamatlandyrylýarlar. Göçüp-gonup ýören ilata bolsa adatça çarwalar ýa-da awçylar degişlidirler. Çarwalar ýylyň dürli möwsümlerinde bir öri meýdandan beýleki bir öri meýdana göçýärler. Ilatyň ýerleşişiniň bu tipi, esasan Afrikanyň we Aziýanyň sähra, ýarym çöl we çöl ýerleri üçin mahsusdyr. Amerikanyň we Ýewraziýanyň demirgazygynda ýaşaýan sugundarlar hem bar.

Ilatly ýerleriň ilkinji tipleri **oba ilatly ýerleri bolupdyrlar.** Olar öndüriji hojalygyň ösen ýerlerinde döräpdirler. Dünýäniň häzirki zaman ilatynyň ýarysy obalaryň ýaşaýyjylary hasaplanýarlar. Emma olaryň hemmesi agrar önümçilik bilen meşgullanýarlar diýip tassyklamak nädogry bolar. Şeýlelikde, “oba” ilaty hem-de gönüden-göni oba hojalyk önümçiligi bilen meşgullanýan “oba hojalykçy” ilat diýen düşünjeleri tapawutlandyrmak zerur. Bu tapawutlar ösen döwletlerde has-da ýokarydyr. Bu ýurtda obalaryň ýaşaýyjylary ähli ilatyň dörtden birini eýeleýärler, oba hojalykçy ilatyň paýyna bolsa umumy ilatyň

1\10 bölegi düşýär. Başgaça aýdylanda ilatyň takmynan 15%-i obada ýaşaýar, emma agrar sektordan daşarda zähmet çekýärler.

Dünýäniň dürli ýurtlarynda we künjeklerinde ilatyň ýerleşmesi, onuň görnüşleri we alamatlary köp babatlarda şäherleriň döremegi we ösmegi bilen baglanyşyklydyr.

Şäheriň döremegi ilkidurmuş obşinasy gurluşdan gul eýeşilik gurluşyna geçiş eýýämine degişlidir we ol zähmetiň jemgyýetçilik bölünişiginiň çuňlaşmagy, senetçiligiň ekerançylykdan bölünip aýrylmagy bilen aýrylmaz surtada baglanyşyklydyr. Dünýädäki ilkinji şäherler 4 müň ýyldan-da gowrak wagt mundan ozal Mesopotamiýada, Müsürde, Hindistanda, Hytaýda peýda bolupdyrlar. Şol döwürdäki gul eýeçilik döwletleriniň paýtagtlary bolan şäherlerde 100-250 müň ilat ýaşapdyr diýip çak edilýär.

Gadymy dünýäde şäherleriň ösmegi köp babatlarda grek-rim eýýamynyň gülläp ösen dowri (b.e. öňki VI – b.e. IV a.) bilen baglanyşyklydyr. Afinide b.e. öňki V asyrda, ýagny bu şäheriň gülläp ösen döwründe 150 müňden 200 müňe çenli adam ýaşapdyr. Grek-rim eýýamynyň iň iri şäheri bolan Rimde wagtal-wagtal ilatyň sany 500-700 müňe çenli ýetipdir.

Şäherler orta asyr jemgyýetiniň ösmegine güýçli täsir edipdir. Merkezleşdirilen döwletleriň döremegine, haryt-pul gatnaşyklarynyň ýardam edipdirler. 1400-nji ýylda Ỳewropada iň uly şäherler Pariž (275 müň ilatly), Milan we Brýugge (her biri 125 müň ilatly), Wenesiýa (110 müň ilatly) bolupdyr. XIX asyryň başlarynda çenli dünýäniň iň iri şäheri London bolýar. Onuň şol döwürdäki ýaşaýjylarynyň umumy sany 865 müňe barabar bolan.

Jemgyýetiň durmuşynda şäherleriň ähmiýetiniň ýokarlanmagy adamzat taryhynyň bütin dowamynda hemra bolup gelýär. Emma diňe XIX asyryň başlarynda şäherlerde ilatyň has köpçülikleýin toplanmasyna gözegçilik edýär. 1800-nji ýyldan 1950-nji ýyla çanli aralykda Ỳer ýüzüniň ilatynyň sanyny umumy 2,6 etse artmasynda şäher ilaty 24 esse artýar. 1800-nji ýylda ilatynyň sany 5 müňden gowrak 750 şäher hasaba alynypdyr. 1875-nji ýylda 100 müň ilatly şäherleriň sany eýýäm 200-e golaýlaýar.

Olardan 17 şäheriň 500 müňden gowrak ilaty bolan, 6 şäheriň bolsa ilaty 1 milliondan hem geçýär.

XIX asyrda şäherler Ỳewropada we Amerikada has hem ösýärler. Özüniň ösüşiniň ägirt uly depginleri bilen London tapawutlanyp başlaýar. XIX asyryň ikinji ýarymynda bolsa muňa Nýu-Ỳork we Çikago şäherleri-de goşulýarlar. 1910-njy ýyldan başlap dýäniň iň iri şäheri Nýu-Ỳork bolýar.

Şäherleriň güýçli depginler bilen ösmegi hem-de olaryň jemgyýetçilik durmuşynyň ähli taraplaryna edýän täsirleriniň çürt-kesik giňelmegi XX asyrda iň bir ajaýyp hadysalaryň biri hasaplanýar. Şäherleriň ösmek hadysasy, olaryň ulgamynyň kem-kemden kemala gelmegi şeýle hem şäher ýaşaýyş keşbiniň (obrazynyň) ýaýramagy **şäherleşmek (urbanizasiýa)** diýen ady aldy (latynça urbanus – şaherli, urbus - şäher).

**Şäherleşmek (urbanizasiỳa)** – jemgyýetiň ösüşinde şäherleriň rolunyň ýokarlanmasynyň taryhy hadysasydyr. Ol öz içine öndüriji güýçleriň ýerleşmesindäki, ilkinji nobatda hem ilatyň ýerleşişindäki, onuň sosial – professional, demografik gurluşyndaky, ýaşaýyş keşbindäki, medeniýetindäki we ş.m. özgermeleri alýar. Urbanizasiýa – jemgyýetiň taryhy taýdan kemala gelen formasynyň hem-de zähmetiň çäk (territorial) taýdan bölünmesiniň esasynda döreýän köp taraply durmuş-ykdysady, demografik we geografik hadysadyr. Has dar, demografik-statistik manyda düşünilende urbanizasiýa – munuň özi şäherleriň, ylaýta-da uly şäherleriň ösmegidir, ýurtda, sebitde, dünýäde şäher ilatynyň udel agramynyň artmagydyr.

Urbanizasiýa hadysasyny häsiýetlendirmek üçin köplenç ýagdaýlarda diňe ilkinji, ýagny şäher ilatynyň paýyny görkezýän görkezijini alýarlar. Emma şäher ilatynyň umumy sanyny hasaba almak möhümdir. Ýagny, diňe bir otnositel maglumatlary däl-de, eýsem absalýut maglumatlary hem ulanmak bilen, urbanizasiýanyň derejesini we masştablaryny görkezmek zerur. ABŞ-nyň we Hytaýyň mysalynda şu iki görkezijini hasaba almagyny zerurlygyny görkezmek mümkin. ABŞ-da şäher ilatynyň paýy ¾ -e

deň bolup, ol 232 million adama deňdir. Bu maglumatlar Hytaýda şunuň ýaly: ilatynyň sany 2007-nji ýylyň ilat ýazuwynyň berýän maglumatlaryna görä, 1 mlrd 336 mln bolup, onuň 370 milliondan gowragy şäherlerde ýaşaýarlar. Ýöne, Hytaý obalaryň sany boýunça hem dünýäde birijnjiligi eýeleýär (umumy sany 700 müň).Bu maglumatlardan şeýle netijäni çykarmak mümkin: ABŞ-da şäher ilatynyň derejesi ýokary, Hytaýda bolsa şäher ilatynyň masştaby uly.

Urbanizasiýa hakda gürrüň edilende ilkinji nobatda möhüm bir sowaly aýdyňlaşdyrmak zerur. Haýsy ilatly ýeri (punkty) şäher diýip hasap etmek mümkin? Şäheriň ähliumumy ykrar edilen ýeke-täk çelgisi (kriteriýasy) ýok. Dünýäniň dürli ýurtlarynda şäherleriň özüniň standartlary bolýarlar. şol standartlar hem şäher ilatynyň sanyny we onuň iş bilen üpjünçiliginiň strukturasyny hasaba alýarlar. Her bir ýurduň anyk aýratynlyklaryna baglylykda, şäher üçin aşaky mukdar derejesi birnäçe ýüzden (Daniýada) birnäçe onlarça müňläp (Ỳaponiýada) adam aralykda üýtgäp durýar. Dünýäniň ýurtlarynyň köpüsinde birnäçe müň adamsy bolan ilatly ýeri şäher diýip hasap edýärler (Russiýada – 12 müň adam). Ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň strukturasy üçin hojalyk işleriniň agrar däl görnüşleriniň agdyklyk etmegi mahsusdyr. Meselem, Russiýanyň şäherleri şäherleri üçin işe ukyply ilatyň azyndan 80%-i oba hojalygyndan beýleki pudaklarda işlemeli. Beýleki çelgileriň arasynda ilatyň gürlügi, jaýlaryň gurluşlarynyň özboluşlulygy, ilatly ýerlerdäki binalaryň gurluşy ýaly çelgiler hem duş gelýärler.

Dogry, şäher obadan diňe bir ýaşaýyjylaryň sany we zähmetiň alamaty bilen tapawutlanmaýar. Mundan başga-da **şäher ýaşaýyş keşbini** kesgitlenýän ençeme aýratynlyklar hem bar. Şol aýratynlyklaryň toplumyny şu aşakdaky ýaly görnüşde suratlandyrmak mümkin (6-njy surat) :

**Mukdar aýratynlyklaryna** ýaşaýyjylar köp sanlysy hem-de şäher ilatynyň ýokary derejedäki gürlügi degişlidir.

**Ykdysady aýratynlyklar** ilatyň iş bilen üpjünçiligini hem-de zähmetiň aýratynlyklaryny kesgitleýärler.




**6-njy surat.** Şäher ýaşaýyş keşbiniň aýratynlyklary.

**Binagärçilik aýratynlyklary** ýörite düşündirişleri talap etmeýärler. Ýagny, şäheriň daşyndan seredeniňde nähili keşbiniň bardygyny onuň obadan neneňsi tapawutlanýandygyny her bir adam magat bilýär. Dogry, munuň özi şäherde (aýratyn hem onuň gyrak-çetlerinde) oba ýerlerindäki ýaly jaýlaryň bolmazlygyny aňlatmaýar. Obada hem hakyky şäher binalary bolup biler.

**Demografik aýratynlyklar** dünýäniň ösen ýurtlarynda örän özboluşly. Ýagny, bu ýurtlarda ilatyň sanynyň tebigy artyşy, köpelişi örän az (minimal) derejede ýa-da ol otrisatel ýagdaýa eýe, ilatyň jynsy taýdan gurluşy (strukturasy) örän deformirlenen görnüşde (uly ýaşly adamlaryň sany örän ýokary we zenanlar çürt-kesik artykmaçlyk edýärler). Dünýäniň ösüp barýan ýurtlarynda bu tapawutlar onçakly bir uly däl.

Bularyň ählisi möhüm aýratynlyklar hasaplanýarlar. Emma olar şäher ýaşaýyş keşbiniň durmuşynyň alamatyny

kesgitlemeýärler. Onuň düýp manysy **sosial-psihologik aýratynlyklarda** jemlenendir.

Şäherleşmek hadysasy öz ösüşiniň dowamynda birnäçe basgançaklary başdan geçirýär. Şol basgançaklaryň atlaryny we olaryň tapawutly aýratynlyklary baradaky maglumatlary aşakdaky 9-njy tablisada beýan edýäris.

***9-njy tablisa***

**Şäherleşmek hadysasynyň basgançaklary**

| **Basgançaklaryň atlary** | **Şäherleşmegiň ösüşiniň jähtleri (aspektleri)** | | |
|---|---|---|---|
| | **mukdar jähtleri (şäher ilatynyň paýy)** | **Hil jähtleri** | **çäk (territoriýa) jähtleri** |
| III. Ýetişen (kämil) şäherleşmek | ¾ we köp | 7- häzirki zaman şäherleşmesi<br>6 – rurbanizasiýa | Şäher ilatly ýerleriniň kemala gelen ulgamy |
| II. Ösen şäherleşme | ½ - ¾ | 4 – şäher aglomerasiýasy we megalopolisler<br>3 – millioner şäherleriň tiz köpelmegi | Şäher ilatly ýerleriň kemala gelen toplumy |
| I. Kemala gelýän şäherleşme | ½-ä çenli | 2 – iri şäherleriň köpelmegi<br>1 – şäherleriň köp sanlysynyň peýda bolmagy we ösmegi | Aýry-aýry şäherleriň bolmagy we olardan has ulularynyň saýlanmagy |

**Kemala gelỳän şäherleşme** basgançagynda şäher ilatynyň paỳy, kada görä, onçakly ỳokary däldir. Bu basgançakda şäherleriň örän köp mukdary peỳda bolỳar we olar ösỳärler. Iri şäherleriň ösmegi başlanỳar. Üstesine-de, olaryň arasynda iň ulusy (düzgüne görä paỳtagt şäher), ähli görkezijileri boỳunça beỳlekileri ozup geçỳär.

**Ösen şäherleşme** basgançagy örän iri şäherleriň (esasan, paỳtagt şäherleriň) millioner şäherleriň möçberine çenli ösmekleri, ulalmaklary bilen häsiỳetlendirilỳär. "Millionerler" we beỳleki iri şäherler özleriniň golaỳynda ỳerleşỳän kiçi ilatly ỳerleri işjeňlik bilen özlerine birikdirip, **aglomerasiỳalary** (latynça "aglomero" – birleşdirỳärin, toplaỳaryn) emele getirỳärler. Ilatly ỳerleriň aglomerasiỳasy diỳip, intensiw önümçiligiň we medeni gatnaşyklaryň täsiri netijesinde birleşen ilatly ỳerleriň toplumlaỳyn toparyna aỳdylỳar. Töwereginde ilatly ỳerleriň aglomerasiỳalarynyň emele gelỳän şäherine **aglomerasiỳanyň ỳadrosy** diỳilỳär. Bir iri şäheriň - ỳadronyň töwereginde ilatly ỳerleriň aglomerasiỳalary emele gelỳän bolsalar, onda şeỳle aglomerasiỳalara bir ỳadroly aglomerasiỳalar diỳilỳär (meselem, Moskwa aglomerasiỳasy).

Bir-birlerine golaỳ ỳerleşen aglomerasiỳalaryň köpüsi kem-kemden ösỳärler, birleşỳärler hem-de **megalopolisleri** emele getirỳärler. Megalopolisleriň ady ilatly ỳerleriň 35-siniň bir-birleri bilen goşulmaklarynyň netijesinde dörän gadymy grek şäheri bolan Megalopolyň adyndan gelip çykypdyr. Megalopolisler – goňşy ỳerleşỳän ilatly ỳerleriň aglomerasiỳalarynyň köp mukdarynyň goşuluşmaklarynyň netijesinde döreỳän ilatyň ỳerleşişiniň has iri, uly görnüşidir. Megalopolisler tutuşlygyna bir giň meỳdany eỳeläp duran binalar däldirler. Olaryň umumy meỳdanynyň 9/10 bölegi açyk giňişliklerdir. Emma megalopolisleriň çäginde ỳerleỳşän ỳaşaỳyş jaỳlarynda ỳaşaỳan ilatyň gürlügi welin örän ỳokary derejede bolỳar. Megalopolisleriň ähli bölekleri bir-birleri bilen ykdysady taỳdan özara baglanyşyklydyrlar. Dünỳädäki has meşhur megalopolisleriň hataryna şu aşakdakylar degişlidirler: Tokaỳdo

(Tokio-Osaka, Ỳaponiỳa); Reỳn derỳasynyň aşaky we ortaky akymlary (Germaniỳa, Niderlandlar); London-Liwerpul (Beỳik Britaniỳa); Beỳik köller etraby (ABŞ, Kanada); Sansan (San-Fransiskodan San-Diego çenli, Günorta Koliforniỳa, ABŞ); Boswaş (Boston-Waşington, ABŞ).

Şäherleşmegiň şu basgançagynda şäher ilatly ỳerleriň ulgamy kemala gelip başlaỳar. Şol ilatly ỳerler üçin möçberi (masştaby) boỳunça dürli bolan, özi-de ỳurduň dürli künjeklerinde ỳerleşỳän şäherleriň bolmaklary mahsusdyr. Şäherler kesgitli bir yzygiderlilikde, ỳagny bir-birlerine baglylykda ỳerleşipdirler.

**Ỳetişen (kämil) şäherleşme** basgançagynda şäheriň wezipeleri hem-de şäher ỳaşaỳyş keşbi şäher eteklerine güỳçli depgin bilen ỳaỳraỳar. Bu hadysa **suburbanizasiỳa** (latynça sub – aşagynda, golaỳynda, urbanis - şäherli) diỳilỳär. Onuň netijesinde şäher aglomerasiỳaň kemala gelmekleri bolup geçỳär. Şäher eteklериniň we **hemra şäherleriň** ösüş depgini adatça esasy şäherleriň – **aglomerasiỳanyň ỳadrosynyň** ösüş depgininden has ỳokarydyr. Suburbanzasiỳa hadysasy kem-kemden aglomerasiỳalaryň çäginden daşarda ỳerleşen oba ỳerlerini hem öz içine alỳar. Muňa bolsa **rurbanizasiỳa** (iňlisçe rural – obaly we urbanzasiỳa sözlerinden gelip çykan) hadysasy diỳilỳär. Rurbanizasiỳa – munuň özi şäher formalarynyň we ỳaşaỳyş şertleriniň oba ỳerlerine ỳaỳramak hadysasydyr. Ol sözüň giň manysynda şäherleşmek hadysasynyň düzüm bölegi hasaplanỳar. Rurbanizasiỳa hadysasy şäher ilatynyň oba ilatly ỳerlerine göçmekleri (migrasiỳasy), şäherler üçin mahsus bolan hojalyk işleriniň görnüşleriniň (söwdasynyň, şäherdäki ỳaly ilata hyzmat etmegiň we ş.m.) oba ỳerlerine geçirilmegi bilen häsiỳetlendirilỳär. Suburbanizasiỳa hadysasy mahalynda ilatyň has ỳokary derejedäki üpjünçilikli, baỳ gatlagynyň şäherleriň merkezi böleklerinden şäher eteklerine güỳçli suratda göçmekleri bolup geçỳär. Şäherleriň gaỳtadan üỳtgedilip gurlan, modernizirlenen, senagatsyz we töwerekdäki gurşawy halamaỳan kärhanasyz merkezleri ỳene-de ilatyň ỳaşamagy üçin özüne çekiji bolỳar. Şäher ilatly ỳerleri

kemala geldi. Şäherlerde, aýratyn hem örän iri şäherlerde ilatyň sany azalýar, olaryň täzesi bolsa takmynan döremeýär diýen ýaly.

**Şäherleriň içki gurluşy (strukturasy)** ýa-da olaryň içerki geografiýasy dünýäniň aýry-aýry sebitlerinde we ýurtlarynda örän özboluşly.

Megerem, "Haýsy şäherde ýaşasaň gowy?" diýen sowal gyzyklandyrýan bolsa gerek. Ähli görkezijileri boýunça oňat ýagdaýda ilatynyň sany birnäçe ýüz müň bolan ortaça ululykdaky şäherler amatly hasaplanýarlar. Bu şäherlerde hem edil örän iri şäherlerdäki ýaly ähli zerur bolan ýokary şertler bar. Munuň üstesine-de, şol şäherlerdäki ekologik ýagdaý has oňat, ýaşaýyş ritmi has asuda, aralyklar gysga we ş.m.

## 15.2. Şäherleriň wajyp ekologik meseleleri (problemalary)

Urbanizasiýa hadysasynyň ýüze çykmasynyň aýdyň mysallarynyň biri-de tehnogen gurşawyň (sredanyň) has güýçli derejede ösmegidir. Onuň geografik gurşaw bilen özara täsirleşmesi, baglanyşygy has dürli-dürli formalarda ýüze çykýar. Munuň özi bolsa köplenç halatlarda tebigat bilen jemgyýetiň arasyndaky tebigy deňagramlylygyň bozulmasyna, tebigatda öwrülişiksiz hadysalaryň döremegine gteirýär. Bu bolsa ahyrky netijede adamda öz beýanyny tapýar.

Şäher ýaşaýyjysy özüniň köp wagtyny emeli ýagdaýda döredilen gurşawda geçirýär. Uly şäherlerde adamlaryň tebigat bilen gündelik ýüzbe-ýüz bolmaklary olaryň dynç günleri we zähmet rugsady döwründe tebigata gysga wagtlaýyn gezelenje çykmaklary bilen çäklenýär. Şäher ilatly ýerleriň çäklerinde zyýanly missiýalaryň iri çeşmeleriniň jemlenmegi köplenç ýagdaýlarda diňe bir daşky gurşawa amatsyz täsir etmän, eýsem ol şäherleriň saglygyna we kadaly ýaşaýyş işjeňligine hem oňaýsyz täsir edýär. Adam bedeniniň (organizminiň) dürli keselleriň täsirine garşy durmak ukybyny gowşadýar. "Siwilizasiýanyň keselleri"

diỳip atlandyrylỳan keseller iri we has iri şäherlerde örän giňden ỳaỳran. Ol kesellere nerw, ỳürek-damar, rak keselleri, ỳokary dem alyş ỳollarynyň keselleri, ular trawmatizmi we beỳlekiler degişlidirler. Iri şäherleriň ỳaşaỳyjylary stress ỳükleriň täsirine sezewar bolỳarlar.

Iri şäherleriň aglomerasiỳasynyň çäklerinde emeli magnit, elektrik we elektromagnit meỳdanlary ỳaỳran. Ol meỳdanlar radiogepleşikleriň, telewideniỳäniň, radiolokasiỳanyň, elektronikanyň hem-de ylmyň we tehnikanyň häzirki zaman ugurlarynyň ösmeginiň netijesinde döreỳärler.

Şäherleriň şäher şertlerine uỳgunlaşmalary (adaptasiỳasy) hem wajyp meseleleriň biri hasaplanỳar. Bu ỳagdaỳ şäherde dogulman, bu ỳere soňra göçüp gelen adamlarda has-da aỳdyň ỳüze çykỳar.

Ilatyň ỳokary derejede gürlügi tebigy gurşawa öz-özünden täsirini ỳetirỳär. Emma tebigy gurşawa şäher ilatynyň köpçüligi (massasy) has oňaỳsyz täsir etmän, eỳsem şäherdäki senagat, inžener-tehniki, ulaglar we beỳleki desgalar toplumlary örän oňaỳsyz täsir edyärler. Şäheriň daşky tebigy gurşawa edỳän täsiri onuň serhediniň onlarça we hat-da ỳüzlerçe kilometrligine ỳaỳrap bilỳär.

Şäher ilatly ỳerleriniň ösmegi diňe bir biogeosenozlaryň janly elementlerine täsirini ỳetirmeỳär. Meselem, jarlaryň gömülmegi gidrologik režimi üỳtgedip biler. Birnäçe ỳerlerde topragyň oỳlanyşyksyz ulanylmagynyň netijesinde antropogen opurulmalar döreỳärler. Şäherleriň çäklerinde topraklaryň mehaniki, himiki, mikrobiologik düzümleriniň düỳpli suratda üỳtgemesi, özgermesi bolup geçỳär. Üstesine-de, toprakda käbir mineral maddalaryň we mikroelementleriň mukdary çürt-kesik artỳar. Meselem, şäherleriň toprak tozanlaryndaky gurşunyň udel agramy oba ỳerlerindäkiden 15 esse ỳokary bolỳanlygy belli edildi.

Adamlaryň işjeňlikleriniň netijesinde şäherlerde howa (klimatik) görkezijileri hem düỳpli derejelerde üỳtgeỳär. Atmosferanyň hapalanmasy ultramelewşe şöhlesiniň ululygyny we

güneşiň intensiwligini çürt-kesik azaldýar. Bu görkezijiler iri şäherleriň merkezlerinde köplenç halatlarda oba ýerleri bilen deňeşdirilende 2 esse pesdir. Gyş paslynda gar örtüginiň hapalanmagynyň netijesinde şäherlerde klimatyň üýtgemesi bolup geçýär. Atmosferanyň hapalanmagy diňe bir tebigata we adama zyýanly täsir etmek bilen çäklenmän, eýsem ol şäherlerde elektrik yşyklaryny ulanmagyň döwrüni (periodyny) uzaldýar, metallaryň poslamak (korroziýa) hadysasyny tizleşdirýär hem-de başga-da birnäçe islenilmeýän ýagdaýlary döredýär.

Düzüminde awuly maddalary (gurşun, sink we ş.m.) saklaýan tozanlaryň zyňyndylary toprak örtüginiň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýar. Has takygy, munuň özi toprakda zyýanly komponentleriň toplanmagyna ýardam edýär. Bu bolsa öz gezeginde ösümlik örtügine we ösümlikleri iýmit hökmünde peýdalanýan haýwanlara ýaramaz täsir edýär. Mundan başga-da, topragyň ýerasty we ýeriň üstündäki suwlar bilen galtaşmasy (kontakty) netijesinde suwda zyýanly himiki elementleriň mukdary ýokarlanýar.

Şäherlerde howany hapalaýjy çeşmeleriň iň möhümi hem ulaglar hasaplanýarlar. Munuň özi esasan, iki sany sebäp bilen döredilýär: awtomobil dwigatellerindäki peýdalanylýan ýangyjyň birliginde daşky gurşawa zyňylýan tüsseleriň örän köp möçberde bolmagy hem-de awtomobilleriň sanynyň hemişe artyp durmagy. Ulaglaryň atmosfera edýän zyýanly täsirini düýpli derejede azaltmakda iri şäherlerde zäherli maddalary düzüminde saklaýan benzini gadagan etmek, onuň deregine bolsa awtomobilleri suwuklandyrylan gaza geçirmegiň uly ähmiýeti bar.

Şaherleriň howa giňişligini sagdynlaşdyrmakda ýaşyl daragtlaryň ähmiýeti diýseň uludyr. Şonuň üçin-de olaryň sanyny köpeltmäge aýratyn üns bermek zerur. Hormatly Prezidentimiziň 2010-njy ýylda Änew we Gökdepe şäherleriniň aralygynda 2 million düýp hem-de welaýatlaryň her birinde 200 müň düýp agaç nahallaryny oturtmak hakyndaky Kararynyň diňe şu gün üçin däl, eýsem uzak ýyllarda hyzmat etjekdigi buýsanç döredýär.Geçirilen

barlaglaryň netijeleriniň şaỳatlyk etmeklerine görä, tomusda şäheriň gür baglyga bürenen ỳerlerinde gün şöhlesiniň intensiwligi 75 göterim we ondan-da köp peselỳär. Howanyň çyglylygy bolsa beỳleki ỳerler bilen deňeşdireniňde 15-25 göterim ỳokarlanỳar we tomsuna howanyň gyzgynlygyny 8,5 gradusa çenli azaldyp, gyşyna 2,8 gradus gyzdyrýar. Ỳaşyl daragtlaryň ionizirleỳiji we dürli kesel dörediji mikroorganizmleri gyrmak (fitonsid) ähmiỳeti hem örän ỳokarydyr. Howadaky kislorodyň ionizasiỳa derejesi tokaỳda şäheriň binalarynyň köpçülikleỳin ỳerleşỳän ỳerleri bilen deňeşdireniňde 10 esse ỳokarydyr. Ỳaşyl daragtlar güỳçli ỳelleri saklamak ỳaly möhüm wezipäni hem ỳerine ỳetirỳärler.

Täze şäherler gurlanda ỳa-da şäherleriň ozalky çäkleri giňeldilende dürli ululykdaky ỳaşyl daragtly zolaklary, seỳilgähleri döretmäge aỳratyn ähmiỳet bermek zerur. Olaryň eỳeleỳän meỳdany 0,5 gektardan az bolmaly däldir. Ỳagny diňe şeỳle ỳagdaỳda ösümlikleriň ösmegi hem-de olaryň sanitariỳa-gigiỳena we mikroklimatik wezipelerini ỳerine ỳetirmekleri üçin amatly şertleri döretmek mümkin. Iri şäherlerde giň meỳdanlary eỳeleỳän ỳaşyl daragtlaryň bolmaklary hökmandyr. Çünki olar adamlaryň oňat dynç almaklary üçin iňňän ygtybarly şertler hasaplanỳarlar.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň paỳtagty Aşgabat şäherinde şäher ilatynyň we oňa gelỳän myhmanlaryň dynç almaklary, wagtlaryny hoş geçirmekleri üçin döredilỳän döwrebap seỳilgähler dünỳä derejesine laỳyk gurulỳarlar. Ol seỳilgählerde dünỳäniň dürli künjeklerinden getirilen bezeg agaçlary şäheriň gözelligine gözellik goşỳarlar.

Şäherleriň ösmegi suw baỳlyklaryny ulanmak meselesi bilen aỳrylmaz baglanyşyklydyr. Iri şäherlerde bir gije-gündiziň dowamynda peỳdalanylỳan suwuň umumy möçberi eỳỳäm her bir jan başyna 600-700 litr aralygynda düşỳär (suwuň senagat tarapyndan peỳdalanyşyny hem hasaba alanyňda). Bu görkeziji gelejekde her adam başyna 1000 litre ỳetmegi mümkin. Munuň özi köp şäherlerde ỳerli çeşmeleriň hasabyna suw üpjünçiligi meselesini çözüp bolmazlyga getirdi. Şeỳlelikde, şäherleri suw

bilen üpjün etmek üçin olardan onlarça we hat-da ỳüzlerçe kilometrlikdäki uzaklykda ỳerleşỳän suw çeşmelerini peỳdalanmak zerurlygy döredi. Bu bolsa örän çylşyrymly we ykdysady taỳdan gymmat düşỳän suw getiriji ulgamy gurmak bilen baglanyşyklydyr.

Häzirki wagtda suwy esasy ulanyjylaryň biri-de senagat hasaplanỳar. Meselem, iri metallurgiỳa kärhanasy bir gije-gündiziň dowamynda 1 mln $m^3$ golaỳ suwy peỳdalanỳar. Munuň özi Kiỳew şäheri ỳaly uly şäheriň hojalyk-içimlik maksatlary üçin ulanỳan suwunyň bir gije-gündizki möçberine deňdir. Kagyz önümçiliginde 1 t selluỳozany öndürmek üçin 1100-1500 $m^3$ suw, 1 t ammiak almak üçin bolsa 800-1000 $m^3$ suw harç edilỳär.

XX asyryň 80-nji ỳyllarynyň ortalaryndan başlap, Türkmenistanyň derỳalaryndaky (Amyderỳa, Murgap, Tejen, Etrek) suw baỳlyklarynyň çäkliligi sebäpli, suwuň ulanylyşynyň jan başyna düşỳän umumy möçberi ỳyl-ỳyldan kemelỳär. Suwaryş çeşmelerinden ỳylda hemişe 25-26 mlrd $m^3$ suw alnanda, 1996-njy ỳyldan 2000-nji ỳyla çenli suwuň sarp edilişi 19 % aşaklady we 2000-nji ỳylda her adam üçin 3246 $m^3$ barabar boldy.

Senagatyň mundan beỳläk-de ösmegi eỳỳäm suwy peỳdalanmagy azaltmagyň ỳoly boỳunça gidỳär. Ol tehnologik hadysalarda suwy köp gezek ulanmagyň we ony gaỳtadan ulanmagyň hasabyna amala aşyrylỳar. Suwy ulanmazdan geçirilỳän tehnologiỳalar has ỳokary netijeleri berỳärler.

Şäherlerde önümçilik, kommunal we hojalyk-içimlik maksatlary üçin ỳerüsti suwlar (ilkinji nobatda derỳalaryň we kölleriň suwlary) bilen birlikde ỳerasty suwlar hem peỳdalanylỳar. Dünỳäniň iri we örän iri şäherleriniň suw üpjünçilik ulgamlary grunt we artezian suwlarynyň ikisini-de ulanmaga niỳetlenen. Çünki şol suwlaryň ikisiniň utgaşdyrylyp ulanylmagy şäherleriň suwa bolan talaplaryny we zerurlyklaryny kanagatlandyryp biler.

Türkmenistanyň çäklerinde hem ỳerasty süỳji suwlaryň giňden ỳaỳrandyklaryny aỳytmak gerek. 2000-nji ỳylyň Türkmenbaşy aỳynyň 1-ne çenli ỳurtda çak edilỳän gorlary 9380,4 $m^3$/gije-gündiz bolan ỳerasty süỳji suw ỳataklarynyň 200-den hem

gowragy barlandy. Gorlar baradaky döwlet işçi topary şolaryň 81-si üçin 3475,7 müň $m^3$/gije-gündiziň mukdarda ulanyş goruny tassyklady.

Çykarylỳan ỳokary hilli ỳerasty süỳji suwlaryň ỳurt boỳunça ortaça diňe ỳarpysy agyz suw zerurlyklary üçin ulanylỳar (10-njy tablisa).

Şäherleriň çäklerinde ỳerasty suwlaryň derejesi köplenç ỳagdaỳlarda bozulan bolỳar. Anyk şertlere baglylykda, ỳerasty suwlaryň derejesi şol ỳer üçin suwuň tebigy derejesinden ỳokary ỳa-da pes bolỳar. Munuň özi bolsa islenilmeỳän hadysalaryň döremegine sebäp bolỳar. Meselem, ỳerasty suwlaryň derejesiniň çendenaşa ỳokarlanmagy gurluşyk işlerini geçirmegi kynlaşdyrỳar, topragyň göterijilik ukybyny bozỳar. Bu bolsa ozal gurlan binalaryň deformasiỳasyny döredỳär, opurulmalaryň bolmagyna ỳardam edỳär we bu hadysany tizleşdirỳär

Şäherleiň çäklerinde ýerasty suwlaryň derejesi köplenç ýagdaýda bozulan bolýar.Anyk şertlere baglylykda, ýerasty suwlaryň derejesi şol ýer üçin suwuň tebigy derejesinden ýokary ýa-da pes bolýar. Munuň özi bolsa islenilmeýän hadysalaryň döremegine sebäp bolýar. Meselem, ýerasty suwlaryň derejesiniň çendenaşa ýokarlanmagy gurluşyk işlerini geçirmegi kynlaşdyrýar, topragyň göterijilik ukybyny bozýar.Bu bolsa, ozal gurlan binalaryň deformasiýasyny döredýär, opurylmalaryň bolmagyna ýardam edýär we bu hadysany tizleşdirýär.

Beỳleki bir tarapdan bolsa, ỳerasty suwlaryň derejesiniň peselmegi suw bilen üpjünçiligi kynlaşdyrỳar, daşky tebigy gurşawyň elementleriniň ençemesine ỳaramaz täsir edỳär. Ỳerasty suwlaryň derejesini kadalaşdyrmak üçin örän çylşyrymly we ykdysady taỳdan gymmat düşỳän çäreleriň giň toplumyny amala aşyrmak zerurlygy ỳüze çykỳar.

*10-njy tablisa*

**Ýerasty süỳji suwlaryň sarp edijiler tarapyndan ulanylyşy, müň $m^3$/gije-gündiz**

| Welaỳatlar | Suwy ulanyjy | | | | | gaỳrylar | jemi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | hojalyk agyz suw üpjünçiligi | senagat-tehniki suw üpjünçiligi | suwarymly ekerançylyk | dikleỳin zeỳkeş | tebigaty goramak | | |
| Ahal | 550,2 | 49,0 | 263,9 | 66,7 | - | - | **929,7** |
| Balkan | 28,8 | 2,4 | 45,5 | - | - | - | **76,8** |
| Daşoguz | 52,6 | 19,5 | - | - | - | - | **72,1** |
| Lebap | 14,2 | 1,9 | - | - | - | - | **16,1** |
| Mary | 9,2 | 1,7 | 0,5 | 24,9 | 1,3 | 0,5 | **38,1** |
| **Türkme-nistan boỳunça hemmesi** | **655,0** | **74,5** | **309,9** | **91,6** | **1,3** | **0,5** | **1132,8** |

Dünýäniň iri şäherleriniň birnäçe ýuzüsi, kiçiräk şäherleriň birnäçe müňüsi daşky tebigy gurşawyň ýagdaýynyň ýerli (lokal), tegmilli ýaramazlaşmasyny döredýär. Olaryň ählisi bilelikde bolsa, mese-mälim suratda älem möçberli (global) ýagdaýda täsir edýärlere. Alymlar bu täsiri tropiki tokaýlaryň dargamak, tozdurylmak möçberi ýaly, älem möçberli wajyp mesele bilen deňeşdirýärler.Bu möhüm meseläni çözmekligiň iňňän möhümligi bilen baglanyşyklylykda, birnäçe halkara guramalaryň ekspertleri "goňur maksatnama"diýip atlandyrylýan ýörite maksatnamany öňe sürýärler.Onuň baş maksady şäherlerde ýaşaýşyň hilini gowlandyrmak bilen baglanyşykly amaly meseleleri çözmekden ybaratdyr.

Şeỳlelikde, “şäher – daşky tebigy gurşaw” ulgamyndaky ekologiỳa gatnaşyklary ỳeterlik derejede dartgynlydyr. Şol bir wagtyň özünde hem ylmy işläp düzmeleriň derejesi we ylmy-tehniki ösüş (progress) eỳỳäm häzirki wagtda bu dartgynlygy düỳpli derejede azaltmaga mümkinçilik berỳärler. Munuň özi bolsa jemgyỳetiň ruhy we ykdysady taỳdan has ỳokary derejede ösmegini üpjün edỳän abadan şäher sredasynyň kemala gelmegine ỳardam edỳär.

## XVI B a p

# OBA ILATY. TÜRKMENISTANDA OBA ILATYNYŇ HÄZIRKI ZAMAN ÝERLEŞIŞI WE ONUŇ MESELELERI

### 16.1. Oba ýeri hakynda düşünje, onuň funksiýalary

Bütin Ỳer ýüzünde ilat örän endigansyz ýerleşendir. Adamzat tarapyndan özleşdirilmedik ägirt giň meýdanlar bilen birlikde örän gür ilatly oba hojalyk etraplary hem-de iri şäher aglomerasiýalary bar.

Ilatyň aýratyn gür ýerleri Ỳewropanyň we Demirgazyk Amerikanyň senagat taýdan ösen ýerlerinde, Aziýanyň we Afrikanyň (emeli suwarymly gadymy welaýatlar) iri derýalarynyň jülgelerinde ýerleşýärler. Ilatyň örän gür ýerleşen etraplary Ỳer togalagynyň gury ýer böleginiň 100-den 7 bölegine deň bolup, onda biziň planetamyzyň umumy ilatynyň 100-den 70 bölegi ýaşaýar. Adamlaryň hemişelik ýaşaýan ilatly ýerleri demirgazyk giňişligiň $78^0$-na we günorta giňişligiň hem $54^0$-na çenli aralykda ýerleşendir. Aýry-aýry daglyk obalary 5 müň metre barabar bolan belentlikde ýerleşýärler (Tibet daglyklary, günortamerika Andlary). Adamzadyň 55%-i deňiz derejesinden 200 metr beýik bolmadyk ýerlerde ýaşaýar. Emma bu ýerler bütin guryýer böleginiň 25%-den sähelçe gowrak ýerini eýeleýärler. Adamzadyň 11,5%-e golaýy 500-1000 m belentlikde ýaşaýar. Bu guşaklygyň eýeleýän meýdany bütin guryýer böleginiň 23%-ne barabar.

Umuman, Ỳer ýüzünde ilatyň ýerleşişine häsiýetnama berlende **şäher we oba ilatlaryny** bölmek kabul edilendir. Ilatyň şu iki kategoriýasy bir-birlerinden durmuş-ykdysady taýdan däl-de, geografik taýdan hem tapawutlanýarlar.

Ilaty şäher we oba ilatlaryna bölmeklik diňe takmynan görnüşde bolup biler. Çünki dünýäniň dürli ýurtlarynda şäher we

oba ilatlary diýen düşünjeleri dürlüçe düşündirýärler.

Syýrgyn tutup, bir ýere çugdamlanan gurluşygy bolan, oturymly halkynyň sany 50-den az bolmadyk ilatly ýerler **oba** hasaplanylýar.

**Oba ýeri** – munuň özi ýurtlaryň we tebigy etraplaryň adamlar ýaşaýan, özü-de şäheriň çäginden daşarda ýerleşýän, lanşaftly, tebigy we adamzat tarapyndan özgerdilen ilatly ýerleridir. Oba ýerleriniň wezipeleri (funksiýalary) şäheriň wezipelerinden tapawutlanýarlar. Oba ýerleriniň wezipeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- oba hojalyk önümlerini öndürmek we şol önümleri kemkäsleýin (bölekleýin) ýagdaýynda gaýtadan işlemek;
- tokaý hojalygy we tokaý agaçlaryny taýýarlamak;
- aw-basaga (promysel) hojalygyny ýöretmek;
- gazyp almak we gaýtadan işlemek senagatynyň şeýle bir bölegini ýöretmek bolup, ol şäheri döredijі güýje eýe däldir (çig mala ýa-da obanyň zähmet mümkinçiliklerine we başarjaňlygyna ýöriteleşen uly bolmadyk kärhanalar);
- ilata (esasan hem şäher ilatyna) dynç alyş we saglygy dikeltmek babatynda (rekreasiýa) hyzmaty amal etmek;
- tebigaty goraýyş çärelerini amala aşyrmak (döwlet goraghanalary, gorag zolaklary we ş.m.)
- giňişlik – aragatnaşyk (kommunikasiýa) wezipesi –elektrik toguny, suwy, nebit, gaz geçirijilerini, demir we gara ýollaryny gurmak, döretmek üçin zerur bolan ýerleri (meýdany), zähmet mümkinçilikerini we beýleki zerur zatlary bölüp bermek.
- şäherlerde işleýänleriň bir bolegi üçin ýaşaýyş ýeri bolup hyzmat etmek.

## 16.2. Ilatyň umumy ýerleşişiniň ulgamynda oba ilaty ýerleri (punktlary)

Oba ýerleriniň ýokarda sanalyp geçilen wezipeleriniň haýsydyr bir görnüşiniň agdyklyk etmegi olaryň dürli görnüşleri (tipleri) we ösüşi bilen gysgaça tanyşyp geçeliň.

Oba ilaty ýerleriniň şu aşakdaky ýaly 3 sany esasy görnüşini (tipini) tapawutlandyrýarlar:

1) **Oba hojalygyna ýörüteleşen oba ilaty ýerleri.** Olaryň hataryna ozalky kolhozlaryň we sowhozlaryň (häzirki daýhan birleşikleriniň ilatly merkezleri we olaryň bölümleri), fermalar, şeýle hem az ilatly ýerler (punktlar), esasan-da guramaçylyk hojalyk wezipelerini ýerine ýetirmeýän we diňe oba hojalygy bilen meşgul bolýan ilatyň ýaşaýan ýeri bolup hyzmat edýän oba ilatly ýerler degişlidirler.
2) **Oba hojalygyna ýöriteleşmedik oba ilatly ýerleri.** Bu görnüşdäki oba ilatly ýerleriň ýaşaýyjylary senagatda, ulaglarda (transportda), tokaý hojalygynda, şäherleriň dynç alýan ýerlerinde hyzmatda zähmet bilen meşgul bolýarlar.
3) **Garyşyk görnüşli oba ilatly ýerleri.** Olaryň hataryna agrar-industrial; ýerli merkezleriň weziplerei bolan administratiw we medeni-durmuş; ýaşaýyjylary şähere maýatnik görnüşli iş saparlaryny amala aşyrýan şäher etegindäki ilatly ýerler degişlidirler.

Bütin Ỳer ýüzünde näçe oba ilatly ýerleriň bardygy belli däl. Çünki dünýäniň köp ýurtlarynda aýry-aýry oba ilatly ýerleri baradaky maglumatlar ýöredilmeýär.

## 16.3. Oba ilaty, onuň kemala gelmeginiň sebäpleri (faktorlary) hakynda düşünje

Jemgyýetçilik ekologiýada oba ilaty diýen düşünjä dürlüçe kesgitleme, düşündiriş berýärler. Oba ilaty – ýurduň, welaýatyň, etrabyň oba ilatly ýerleriniň ýaşaýyjylarynyň ählisiniň jemidir. Oba ilaty – oba ýerleriniň hemişelik ýaşaýan ilatydyr. Oba ilaty – ilat

ýazuwy mahalynda, şeýle hem gündelik hasaba alyş wagtynda şäher ilaty bilen bilelikde hasaba alynýan ilat kategoriýasydyr.

Oba ilaty bütin dünýä möçberinde yzygider suratda ýokarlanýar. 1980-nji ýylda, ýagny mundan 30 ýyl gowrak ozal dünýäniň oba ilatynyň umumy sany 2,6 milliarda golaýdy. Bu san barha artýar. Emma dünýä möçberinde oba ilatynyň tutýan orny azalýar.

### 16.4. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda oba ilatynyň ýerleşişiniň aýratynlyklary

Türkmenistanda oba ilaty şäher ilatyna (42,1 % ) garanyňda san taýdan has köplügi (57,9 %) bilen tapawutlanýar. Häzir ýurdumyzda 1928 sany oba ilatly ýerleri (punktlary) we 557 sany geňeşlik bar.

Möçberi we umumy keşbi boýunça ýurdumyzyň obalary dürli-dürlidirler. Iri şäherçeler Türkmenistanyň oba ilatly ýerleriniň deň ýarpysyny tutýarlar. Olar, esasan, daýhan birleşikleriniň merkezlerinden ybaratdyr.

Türkmenistanyň oba ýerlerinde ýerleşen we medeni-durmuş taýdan ösen iri ilatly ýerler esasan, geňeşlikleriň ýa-da daýhan birleşikleriň administratiw merkezleridir.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary bilen 2007-nji ýylda Daşoguz welaýatynyň Şasenem, Şähribossan, Diýarbekir düzlüklerinde Ruhubelent etraby, 2007-nji ýylda Lebap welaýatynyň Ýylanagyz we Tallymerjen boz ýer ýaýlasynda Döwletli etraby we soňra Mary welaýatynyň Jojukly düzlüginde Altyn sähra etraby döredildi. Bu etraplaryň merkezlerinde döwrebap mekdepler, çagalar baglary, saglyk öýleri,sport toplumlary, medeniýet öýleri we beýleki desgalar gurlup ulanmaga berilýär. Bu ỳerde döredilỳän daỳhan birleşikleriniň sany-da barha artỳar. Olaryň ỳaşaỳjylarynyň bagtyỳar, şadyỳan, erkana ỳaşamaklary, işlemekleri barada hem uly alada edilỳär. Düzlükde ỳerleri özleşdirmekde, suw üpjünçiligini gowulandyrmakda we

beỳleki amatly şertleri döretmekde netijeli işler alnyp barylỳar. Bularyň ählisi oba ýaşaýjylarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowylandyrmaga gönükdirilen giň möçberli gadamlardyr.

Biziň bilşimiz ýaly, Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynda Oba hojalygyny ösdürmegiň, oba ilarynyň ýaşaýyş durmuş-şertlerini gowylandyrmagyň esasy ugurlary kesgitlendi. Döwlet baştutany şondan soňky amala aşyrylan  çäreleri jemläp, oba hojalygyny ösdürmek boýunça  oňyn netijeleriň gazanylandygyny , bu wajyp pudagy ösdürmek üçin  kuwwatly binýadyň döredilendigini belläp, mundan beýläk oba reformasiýasynyň  ikinji tapgyrynyň  başlanýadygyny, şunda esasy wezipeleriň ýurdumyzyň her bir welaýatynyň  potensialyndan dolylygyna  we hemmetaraplaýyn peýdalanmak maksady bilen, ýurduň oba senagat toplumynyň strukturasyny düýpgöter täzeden gurnamakdan ybarat bolup durýandygyny belledi.

# E D E B I Ý A T

## E s a s y


1. **Berdimuhamedow Gurbanguly.** Türkmenistanda Saglygy Goraýyşy ösdürmegiň ylmy esaslary. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
2. **Berdimuhamedow Gurbanguly.** Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
3. **Parahatçylyk, döredijilik, progress syýasatynyň dabaralanmagy.** - Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
4. **Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň** ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
5. **Berdimuhamedow Gurbanguly.** Türkmenistan - Sagdynlygyň we runubelentligiň ýurdy.- Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
6. **Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň** daşary syýasaty wakalaryň hronikasy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.
7. **Berdimuhamedow Gurbanguly.** Döwlet adam üçindir. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.
8. **Türkmenistanyň Prezidentiniň** obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş – ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli Maksatnamasy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
9. **Berdimuhamedow Gurbanguly.** Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz.–Aşgabat: Türkmendöwlet-habarlary, 2009.

10. **Berdimuhamedow Gurbanguly.** Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. 1-nji tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.
11. “Türkmenistanyň durnukly ösüşi, Rio+10” Milli syn. - Aşgabat.2002.
12. **Баландин Р. К., Бондарев Л. Г.** Природа и цивилизация. - М.,1989.
13. **Durdyýew S. K., Mämmedow M.** Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy meýdanlary. 1. Döwlet goraghanalary. – Aşgabat: Ylham, 2000.
14. **Durdyýew S. K.** Jemgyýetçilik ekologiýasy. – Ýokary okuw mekdepleri-niň talyplary üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat, 2004.
15. **Демографический энциклопедический словарь. -** М.: Советская энциклопедия. 1985.
16. **Комаров В. Д.** Социалная экология. - М., 1990.
17. **Маркович Данило Ж.** Социальная экология. - М., 1991.
18. **Население мира:** Демографический справочник. - М.: Мысль, 1989.

**G o ş m a ç a**

19. **Введение в социальную экологию**: Учебное пособие: В 2ч. - М.: Луч, 1993; Ч.1. 1994. Ч.2.
20. **Брук С. И.** Население мира: Этнодемографический справочник. - М.,1986.
21. **Демография:** Современное состояние и перспективы развития /Под ред. Д.И.Валентея. - М.: Высшая школа, 1997.
22. **Иларионова Н. В.** Социальная – экологические аспекты ускорения общественного развития. - Кишинев, 1988.

23. **Марков Ю. Г.** Социальная экология. - Новосибирск: Наука, 1986.
24. **Моисеев Н. Н.** Человек и ноосфера. - М.:Молодая гвардия, 1990.
24. **Народы мира и религии:** Энциклопедия. М.:БРЭ, 1988.
25.**Петров К. М.** Экология: взаимодействие общества и природы. – Сантк-Петербург, 1999.
26. **Поктишевский В. В**. Население и география М 1978
27. **Рынок труда. Занятость населения и заработная плата в Туркменистане: информационно-аналитический обзор.** – Ашхабад: Трукменпрогнозстат, 1998.
28.**Слука А. Е.** География населения с основами демографии и этнографии. - М.: Изд-во Московского университета, 1985.
29.**Состояние окружающей среды Туркменистана.** Национальный доклад. - Ашхабад, 1999.
30.**Страны мира.** Энциклопедический справочник. - Смоленск: Русич, 2000.
31.**Петров К. М.** Экология: взаимодействие общества и природы. Сантк-Петербург, 1999.
32.**Tebigaty goramak baradaky halkara hukuk** resminamalarynyň we Türkmenistanyň kadalaşdyryjy namalarynyň ỳygyndysy. - Aşgabat.: Ylym, 2002.
33.**Türkmenistanda arheologiýa we etnologiýa:** täze barlaglar we actual problemalar. Wuzara ylmy konferensiýanyñ dokladlarynyñ gysgaça mazmuny. – Aşgabat, 1998.

## M A Z M U N Y

Sözbaşy…………………………………………………….....….. 7

**I Bap**

**EKOLOGIÝANY ÖWRENÝÄN MESELELERI (PREDMETI) WE ONUŇ WEZIPELERI**

1.1. Ekologiýanyň ylym hökmündäki kesgitlemesi, onuň gysgaça taryhy we wezipeleri……………….......….. 9
1.2. Ekosistema. Biogeosenoz. Biogeosenozyň gurluşy (strukturasy)……………………………………… 14
1.3. Ekologik täsirler (faktorlar) we olaryň görnüşleri………… 17

**II B a p**

**JEMGYÝETÇILIK EKOLOGIÝANYŇ ÖWRENÝÄN MESELELERI (PREDMETY) WE ONUŇ WEZIPELERI**

2.1. Jemgyýetçilik ekologiýasy nämäni öwrenýär?.................... 19
2.2. Jemgyýetçilik ekologiýanyň esasy kanynlary……………..... 22
2.3. Dünýäde we Türkmenistanda jemgyýetçilik ekologiýasynyň wajyp meseleleriniň öwrenilişi…………..... 27
2.4. Jemgyỳetçilik ekologiỳanyň barlag usullary (metodlary)…. 28
2.5. Jemgyỳetçilik ekologiỳanyň wezipeleri…………………… 29

**III B a p**

**ADAMZADYŇ ÖSÜŞINIŇ DÜRLI DÖWÜRLERDE JEMGYÝET BILEN TEBIGATYŇ ARASYNDAKY ÖZARA GATNAŞYKLAR**

3.1. Jemgyýetiň tebigat bilen özara gatnaşygynyň

ewolýusiýasy we onuň döwürleri…………………… 31
3.2. Adamzadyň ekologiỳa aragatnaşyklarynyň ösüş
taryhy.Gadymy gominidler…………………………. 33
3.3.Adamzadyň ekologiỳa aragatnaşyklarynyň ösüş
taryhy. Paỳhasly adam………………………………. 37
3.4.Adamzadyň ekologiỳa aragatnaşyklarynyň ösüş taryhy.
Häzirki döwür…………………………………….. 41
3.5. Adamzadyň ekologiỳa aragatnaşyklarynyň
Ösüş taryhy. Gelejek…………………………………. 44

## IV B a p

## HÄZIRKI ZAMAN DÜNÝÄNIŇ ÄLEM MÖÇBERLI (GLOBAL) WAJYP MESELELERI

4.1. Ekologiýa babatyndaky walyp meseleler………………. 47
4.2. Demografiỳa babatyndaky wajyp meseleler…………… 54
4.3. Azyk üpjünçiligi bilen baglanyşykly wajyp meseleler… 56
4.4. Energetika we çig mal serişdeleri bilen baglanyşykly
bolan wajyp meseleler…………………………………….. 61
4.5. Ỳaragsyzlanmak (demilitarizasiỳa) bilen
baglanyşykly wajyp meseleler………………………… 65

## V B a p

## DURNUKLY ÖSÜŞIŇ WAJYP MESELELERI

5.1. Durnukly ösüş näme? ………………………………… 68
5.2. “Türkmenistanyň durnukly ösüşi, Rio + 10”
Milli syn, onuň mazmuny we maksady………………... 70

## VI B a p

## EKOLOGIÝA MEDENIÝETININŇ WAJYP MESELELERI

6.1. Adamzat jemgyýetiniň dürli jemgyýetçilik döwürlerinde tebigata bolan garaýyş, gatnaşyk………………………….. 73
6.2. Medeniýet düşünjesi. Medeniýetiň töwerekdäki gurşawa, tebigata uýgunlaşmagyň, ýöriteleşmegiň usuly hökmünde…75

## VII B a p

## EKOLOGIÝÄ BILIMIŇ WE TERBIÝÄNIŇ WAJYP MESELELERI

7.1. Ekologiýa bilimiň mazmuny we maksady………………… 78
7.2. Ekologiýa bilimiň görnüşleri……………………………… 80

## VIII B a p

## ILATYŇ GEOGRAFIÝASYNYŇ ÖWRENÝÄN MESELELERI(PREDMETY) HEM-DE ONUŇ WEZIPELERI

8.1. Dünýäniň ilatynyň sany we onuň üýtgeýşi……………….. 85
8.2. ilatyň sanynyň artmagynyň tipleri………………………… 86
8.3. Demografik syýasat näme?................................................ 89
8.4. Adamzadyñ demografiýasynyñ durmuş-ekologik aýratynlyklary……………………………………………….. 90
8.5. Adamyñ demografiýasynyñ durmuş-geografik aýratynlyklary……………………………………………….. 98

## IX B a p

## ILATYŇ GÖÇÜP-GONMALARY (MIGRASIÝASY) WE OLARYŇ GEOGRAFIÝASY

9.1.Ýer ýüzünde ilatyň ýerleşişi we göçüp-gonmasy………103
9.2.Ýer ýüzünde ilatyň deň derejede
ýerleşmeýänliginiň sebäpleri…………………………… 106

## X B a p

## ETNOGRAFIÝANYŇ WE ETNOGEOGRAFIÝANYŇ ESASLARY

10.1. Etnografiýanyň öwrenýän meseleleri (predmeti),
onuň maksady we wezipeleri……………………….. 108
10.2. Adamzat jemgyýetiniň ösüşinde etnik hadysalary
ähmiýeti we olaryň düýp mazmuny………………… 109
10.3. Etnogenez we adamlaryň etniki umumylyklary
(taýpa, urug, uruglaşmak, halkyýet, millet)………… 110
10.4. Etnos we geografik (tebigy) gurşaw………………... 111

## XI B a p

## DÜNÝÄ HALKLARYNYŇ ETNOLINGWISTIK KLASSIFIKASIÝASYNYŇ PRINSIPLERI

11.1.Dilleriň möhüm maşgalalary we toparlary,
olaryň geogarfiýasy…………………………………. 113
11.2. Dürli tipdäki ýurtlarda etnik gurluşlar
(strukturalar) we etnik hadysalar…………………… 119
11.3. Türkmenistanyň ilatynyň milli düzümi…………….. 120

## XII B a p

## ADAM TÜÝSLERI (JYNSLARY)

12.1.Adam tüýsleriniň (jynslarynyň) gelip çykyşynyň (genezisiniň) hem-de adamlaryň jynslaryndaky tapawutlaryň düýp mazmuny................................ 123
12.2. Uly, kiçi we geçiji tüýsler (jynslar), olaryň alamatlary, sypatlary we geografik taýdan ýaýraýyşlary................. 125
12.3. Gadymy geçiş görnüşleri (formalary)....................... 129
12.4. Orta asyrlaryň we täze döwrüň garyşyk görnüşleri (formalary)........................................ 130
12.5. Adam biososial görnüş hökmünde......................... 131
12.6. Adamyň iýmit we informasion gatnaşyklarynyň aýratynlyklary............................. 133

## XIII B a p

## ILATYŇ DINI YNANÇLARA UÝMAK BABATYNDAKY DÜZÜMI

13.1.Dinleriň mazmuny, olaryň jemgyýetiň anyk durmuş-ykdysady ösüşi bilen şertlenenligi hem-de dinleri adamlaryň ýaşaýyş durmuşyna edýän täsiri......... 138
13.2. Dürli dinlerde tebigata bolan garaýyşlar, tebigat bilen gatnaşyk........................................ 144
13.3. Türkmenistanda din baradaky syýasat...................... 148

## XIV B a p

## ZÄHMET MÜMKINÇILIKLERI (RESURSLARY) WE ZÄHMETIŇ BAZARY

14.1. Zähmet mümkinçilikleri hakynda düşünje,

olaryň hil we mukdar häsiýetnamalary…………….. 153

## XV B a p

## ILATYŇ ÝERLEŞIŞINIŇ TIPLERI WE GÖRNÜŞLERI (FORMALARY)

15.1. Şäherleşmek (urbanizasiýa) hadysasy we
ilatyň şäherdäki ýerleşişi…………………………. 157
15.2. Şäherleriň wajyp ekologik meseleleri……………... 165

## XVI B a p

## OBA ILATY. TÜRKMENISTANDA OBA ILATYNYŇ HÄZIRKI ZAMAN ÝERLEŞIŞI WE ONUŇ MESELELERI

16.1. Oba ýeri hakynda düşünje, onuň funksiýalary……. 173
16.2. Ilatyň umumy ýerleşişiniň ulgamynda
oba ilaty ýerleri (punktlary)………………………... 174
16.3. Oba ilaty, onuň kemala gelmeginiň sebäpleri
(faktorlary) hakynda düşünjeler..…………………… 175
16.4. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda
oba ilatynyň ýerleşişiniň aýratynlyklary………….. 176

**E D E B I Ý A T** ……………………………………. 178